**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**Awtorlar topary: Diwanowa T.G.**
**Kiçikakaýew E.K**
**Durdyýew P.S.**

# JENAÝAT IŞ ÝÖREDIŞ
# OKUW KITABY
# (UMUMY BÖLÜM)

**Tom I**

**Ylmy redaktor: Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Şikaýatlar we arzalar bölüminiň başlygy T. Sopyýew**

**Aşgabat-2010**

Awtorlar topary: Diwanowa T.G.
Kiçikakaýew E.K
Durdyýew P.S.

# JENAÝAT IŞ ÝÖREDIŞ OKUW KITABY (UMUMY BÖLÜM)

**Tom I**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

Ylmy redaktor: Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Şikaýatlar we arzalar bölüminiň başlygy T. Sopyýew

Aşgabat-2010

# G I R I Ş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ägirt uly özgertmeleriň netijesinde beýik Galkynyş eýýamynyň belent maksatnamalary üstünlikli amala aşyrylýar. Döwletimiziň durnuklylygyny saklamak, jemgyýetiň jebisligini, asudalygyny we tertip-düzgüni üpjün etmek ýurt baştutanymyzyň ýöredýän içerki we daşarky syýasatlarynyň esasy ugurlary bolup durýar. Bu taryhy wezipeleriň durmuşa geçirilmegi watanymyzy mundan beýläk-de üstünlikli ösdürmekde, döwletiň demokratik we hukuk esaslaryny pugtalandyrmakda, jemgyýetimiziň raýat jemgyýeti derejesine ýetirmekde möhüm ähmiýetli ýagdaý bolup durýar. Täze Galkynyş eýamynda Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz tagallalary netijesinde döwlet we jemgyýet durmuşynda ylymyň we şol sanda hukuk ylymyň has-da ösmegine we berkemegine uly mümkinçilikler döredi.

Döwür häzirki hukuk ylymyndan öz işine ökde, giň gözýetimli, ýokary hukuk medeniýetli, işde we durmuşda ýüze çykýan dürli çylşyrymly meseleleri aňsatlyk bilen çözmäge, zähmet kollektiwinde guramaçylyk we ýolbaşçylyk wezipelerini ýerine ýetirmäge ukyply hünärmeni talap edýär. Bu hünärmeniň hukuk bilimleri düýpli nazarýet taglymatlaryna we durmuşy ösüşiň taryhy kanunylyklaryna içgin düşünmeklige esaslanmalydyr we hukuk döwletiniň syýasaty, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynyň ýörelgeleri ýaly umumy ulgamlarda, şeýle hem tejribede döreýän aýry-aýry hukuk ýagdaýlarda baş çykaryp bilmekde we dogry çözgüt kabul etmekde oňa ýardam bermelidir. Şeýle zerur hukuk

bilimleriň biri hem – jenaýat iş ýöredişidir. Jenaýat iş ýörediși jenaýat-hukuk dersleriniň toplumyna girmek bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň hukuk öwreniş fakultetlerinde we bölümlerinde okadylýan esasy okuw dersleriniň biridir. Ähli hukuk pudaklary maddy we iş ýörediş görnüşlerine bölünýärler. Mysal üçin, jenaýat hukugy- maddy hukuk pudagy bolup, ol haýsy hereketler jenaýat bolup durýandygyny, jenaýatyň alamatlaryny, onuň düzümini we maddalaşdyrylyşyny kesgitleýär hem-de öwrenýär. Jenaýat iş ýörediși bolsa, iş ýörediş hukuk pudagy bolup durýar we jenaýat edilen ýagdaýynda jenaýat işini gozgamagyň, aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmekligiň we jenaýat işi boýunça beýleki derňew hereketleriniň geçirilmeginiň, kazyýet tarapyndan adyl kazyýetlik işiniň amala aşyrmagynyň tertibini we şertlerini kadalaşdyrýar hem-de öwrenýär. Başgaça aýdanyňda, jenaýat iş ýörediși jenaýat hukugynyň kadalaryny nädip durmuşa geçirilmelidigini kesgitleýär. Şeýlelik bilen biz has ýönekeýräk aýdanymyzda, jenaýat hukugy - "näme?" diýen soraga jogap berýän bolsa, jenaýat iş ýörediși – "nähili ýol bilen?", "nädip?" diýen soraglara jogap berýär diýip kesgitläp bileris. Hukuk edebiýatlarda jenaýat iş ýörediși- "Jenaýat prosesi", "Jenaýat kazyýet önümçiligi" diýlip dürli-dürli atlandyrylýan pursatlary hem duş gelýär, muňa ýalňyşlyk hökmünde düşünmeli däldir, bu adalgalar bir-birine manydaş bolup şol bir zady aňladýandyrlar.

Umuman, bu okuw kitabynda beýan edilen maglumatlar, düşündirişler, çyzgylar hukukçy talyplaryň, aspirantlaryň, mugallymlaryň we galyberse-de okyjylaryň giň köpçüliginiň jenaýat iş ýörediş babatda bilimlerinininiň we hukuk taýýarlygynyň ýokarlanmagyna, gözýetiminiň giňemegine ýardam eder diýip ynanýarys.

# Bap I. Jenaýat iş ýöredişiň düşünjesi, düýp esasy we wezipeleri.

## §1. Jenaýat iş ýöredişiň düýp mazmuny, düşünjesi, wezipeleri we tapgyrlary.

Ýurdumyzda kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmek we berkitmek üçin döwlet tarapyndan dürli ykdysady, durmuş-syýasy, hukuk serişdeleri ulanylýar. Bu wajyp çäreleriň ulgamynda jenaýatçylyga garşy göreşmeklik işine aýratyn orun degişlidir. Bilşimiz ýaly jenaýatlar- şahsyýetiň hukuklaryna we azatlyklaryna, döwletiň we jemgyýetiň kanuny bähbitlerine, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadaly ösmegine düýpli zyýan ýetirýän we zyýan ýetirmek howpuny döredýän günäli etmişlerdir.

Şunuň bilen baglylykda köp ýyllaryň taryhy tejribesiniň esasynda jenaýatlary ýüze çykarmak, olaryň üstüni açmak, günäli etmişiň hakykat ýüzündäki ähli ýagdaýlaryny jikme-jik we doly aýdyňlaşdyrmak üçin hemmetaraplaýyn derňemek we jenaýaty amala aşyran adamy adalatly jeza çäresine sezewar etmek boýunça ýörite döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýan çylşyrymly iş ýöretmeler ulgamy emele gelipdir. Gysgaça aýdanyňda bu iş ýöretme– jenaýat iş ýörediş bolup durýar.

Jenaýat iş ýöredişini şeýle kesgitläp bolar:

**Jenaýat iş ýörediş- bu jenaýat işleri gozgamak, derňemek, kazyýetde seretmek we çözmek, şonuň ýaly-da (bölekleýin) hökümleri ýerine ýetirmek mazmunly bolan, kanunlar arkaly sazlanylan we hukuk gatnaşyklary görnüşine getirilen, beýleki döwlet**

**edaralarynyň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň gatnaşmaklarynda anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň, prokuraturanyň hem-de kazyýetiň alyp barýan işidir.**

Jenaýatçylyga garşy göreşmek boýunça alyp barýan işlerinde bu edaralaryň dürli görnüşlerdäki çylşyrymly işlerini öňlerinde duran umumy wezipeler birikdirýär, ýagny;

- *Kanunylygy we hukuk tertibi pugtalandyrmak;*
- *Jemgyýetiň bähbitlerini, şahsyýetiň hukuklarynyň we azatlyklarynyň bikanun çäklendirilmeginiň öňüni almak;*
- *Jenaýatlaryň öňüni almak we olaryň ýok edilmegini gazanmak;*
- *Adamlary hukuk kadalaryny hormatlamak ruhunda terbiýelemek;*

Mundan başga-da JIÝK-nyň 7-nji maddasyna laýyklykda jenaýat iş ýöredişiň öňünde aşakdaky wezipeler hem durandyr:

-*Jenaýatlaryň üstüni tiz we doly açmak;*

-*Günäkärleri paş etmek;*

-*Jenaýat eden her bir adamyň adalatly jeza çäresine sezewar edilmegi, ýekeje-de bigünä adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmezligi we oňa iş kesilmezligi üçin jenaýat kanunynyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek;*


Jenaýat iş ýöredişiň wezipeleri
Umumy wezipeleri
Ýörite wezipeleri
Kanunylygy we hukuk tertibi pugtalandyrmak
Jemgyýetiň bähbitlerini, şahsyýetiň hukuklarynyň we azatlyklarynyň bikanun klendirilmeginiň öňüni almak
Jenaýatlaryň öňüni almak we olaryň ýok edilmegini gazanmak
Adamlary hukuk kadalaryny hormatlamak ruhunda terbiýelemek
Jenaýatlaryň üstüni tiz we doly açmak
Günäkärleri paş etmek
Jenaýat eden her bir adamyň adalatly jeza çäresine sezewar edilmegi, ýekeje-de bigünä adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmezligi we oňa iş kesilmezligi üçi n jenaýat kanunynyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek

**1-nji çyzgy**

Şu ýerde jenaýat iş ýöredişi diýen düşünjesi bilen jenaýat kazyýet önümçiligi diýen düşünjesiniň birmeňzeşdigini bellemek gerekdir. Jenaýat kazyýet önümçiliginiň adalgasy kazyýetiniň, prokuraturanyň, deslapky derňew we anyklaýyş edaralarynyň edýän işlerini öz içine alyp, jenaýat işiniň tutuş önümçiligini aňladýar.

Emma jenaýat iş ýöredişi (jenaýat kazyýet önümçiligi) hukuk goraýjy edaralaryň jenaýat kanunyny ulanmaklyk bilen baglanyşykda ýönekeý bir tertipde alyp barýan işi däldir. Jenaýat iş ýorediş- kanun tarapyndan berk kesgitlenen çylşyrymly düzgün-tertipde amala aşyrylýan birnäçe hereketlerden, başgaça aýdanyňda - tapgyrlardan durýar. *Jenaýat iş ýöredişiň tapgyrlary* – bu jenaýat işini ýöretmegiň aýratyn döwürleri (basgançaklary) bolup durýandyr, olaryň her biri şu aşakdaky aýratynlyklar bilen hem häsiýetlendirilýär:

- özleriniň öňünde goýulan aýratyn wezipeleri bilen;
- gatnaşyjylaryň aýratyn düzümi bilen;
- gatnaşyjylaryň özboluşly iş ýörediş hereketleri we olaryň arasynda döreýän özboluşly gatnaşyklary bilen;
- iş ýöredişiň özboluşly jemleýji resminamalary bilen.

Her bir tapgyryň berk kesgitlenen başlangyç we tamamlanyş pursatlary bar. Her bir jenaýat işi ýöredilende, düzgün boluşy ýaly, ol yzygiderli şu aşakdaky tapgyrlardan geçýär:

1) jenaýat işini gozgamak (JIÝK-nyň 206-221-nji mad.);
2) deslapky derňew işi (JIÝK-nyň 222-243-nji mad.);

3) jenaýat işini kazyýete bermek (JIÝK-nyň 330-349-njy mad.);
4) kazyýet seljerişi (JIÝK-nyň 350-435-nji mad.);
5) ikinji basgançakly kazyýet önümçiligi (JIÝK-nyň 436-470-nji mad.);
6) hökümi ýerine ýetirmek (JIÝK-nyň 471-484-nji mad.).

Bulara *esasy tapgyrlar* diýilýär. Şulardan başga-da iki sany *aýratyn* diýilip atlandyrylýan *tapgyrlar* hem bar, ýagny:

7) gözegçilik basgançakly kazyýet önümçiligi (JIÝK-nyň 485-497-nji mad.);
8) täze ýuze çykan ýagdaýlar boýunça işleri täzeden gozgamak (JIÝK-nyň 498-506-njy mad.).

Soňky ikisiniň aýratyn tapgyrlara bölünip aýyrylmagyny jenaýat işleriň ählisiniň şol tapgyrlardan geçmeýänligi bilen bir hatarda aşakdaky ýagdaýlar bilen düşündirip bolar:

- kazyýetiň kanuny güýje giren hököminiň kanunylygynyň hem-de esaslylygynyň barlanmagy bilen;
- olaryň sökülmeginiň ýa-da üýtgedilmeginiň mümkinçiligi bilen;
- bu tapgyrlarda önümçiligi gozgamagyň kesgitlenen tertibi we şoňa ygtyýary bolan wezipeli adamlaryň çäklendirlen sany bilen.


JENAÝAT IŞ ÝÖREDIŞIŇ TAPGYRLARY
E s a s y
A ý r a t y n
Jenaýat işini gozgamak
(JIÝK-nyň 206-221
mad.)
Deslapky derňew işi
(JIÝK-nyň 222-243 mad.)
Jenaýat işini kazyýete
bermek
(JIÝK-nyň 330-349 mad.)
Kazyýet seljerişi
(JIÝK-nyň 350-435 mad.)
Ikinji basgançakly kazyýet
önümçiligi
(JIÝK-nyň 436-470 mad.)
Gözegçilik
basgançakly kazyýet
önümçiligi
(JIÝK-nyň
485-497 mad.)
Täze ýüze çykan
ýagdaýlar boýunça
işleri täzeden
gozgamak
(JIÝK-nyň
498-506 mad.)

2-nji çyzgy

Indi her bir tapgyryň üstünde aýratyn durup geçeliň.

Jenaýat iş ýöredişiniň birinji tapgyry ***jenaýat işini gozgamak***. Bu tapgyrda jenaýat işini gozgamak hem-de ony derňew degişliligi boýunça ibermek ýa-da jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek baradaky kararlar kabul edilýär.

Eger-de jenaýat işini gozgamak barada karar kabul edilen bolsa, onda ol ***deslapky derňew işi*** diýen ikinji tapgyryna geçýär. Bu tapgyryň düýp esasy amala aşyrylan jenaýatyň üstüni açmakdan, günäkärleri paş etmekden hem-de olary günäleýän we aklaýan işiň ähli ýagdaýlaryny ýüze çykarmakdan, şeýle hem jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmakdan we olary aradan aýyrmakdan ybarat bolup durýar. Derňewiň dowamynda günäliligi barada ýeterlikli subutnamalar ýygnalyp, jenaýatkär aýyplanýan hatarynda jenaýat jogapkarçiligine çekilip, derňew hereketleri tamamlanandan soňra, jenaýat işi prokuror tarapyndan kazyýete iberilýär, ol ýerde bolsa iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky mesele çözülýär.

***Jenaýat işi boýunça kazyýet seljerşini bellemek*** diýen indiki tapgyrda kazy ýa-da kazyýet kazyýete gelip gowşan jenaýat işiniň kazyýetiň önümçiligine alnyp, kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni çözýär. Şunlukda kazy işi kazyýet mejlisinde seretmäge ýeterlik esaslar bar diýip hasaplan mahalynda, günäkärlik hakyndaky meseläni öňünden çözmezden, aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda karar çykarýar.

Ondan soňky ***kazyýet seljerişi*** diýen tapgyry jenaýat iş ýöredişiniň merkezi tapgyry hasaplanylýar, sebäbi onda adyl kazyýetlik işi amala aşyrylýar. Umumy düzgün boýunça ol garalaýyş ýa-da aklaýyş hökümi çykarmak bilen tamamlanýar.

Eger-de hökümiň yglan edilen gününden başlap, on gije-gündiziň dowamynda iş ýöredişiň gatnaşyjylary tarapyndan şikaýat ýa-da döwlet aýyplaýjysy, prokuror tarapyndan teklipnama berlen bolsa, iş ***ikinji basgançakly kazyýet (kassasion) önümçilik*** tapgyryna geçýär. Bu tapgyrda kanuny güýjüne girmedik hökümiň we işiň tutuş önümçiligiň kanunylygy, esaslylygy we adalatlylygy barlanylýar.

Eger-de höküm kanunyň talaplaryny kanagatlandyrmaýan bolsa, onda ol höküm sökülýär we iş öňki tapgyrlaryň haýsy bolsa-da birine ýagny, deslapky derňew işi, kazyýete bermek ýa-da kazyýet seljerişi tapgyryna gaýtarylýar.

Ikinji basgançakly kazyýet önümçiliginde höküm üýtgedilmän, öňküligine galdyrylan halatynda, ol kanuny güýjüne girýär we jenaýat iş ýöredişiniň indiki tapgyry bolan ***hökümiň ýerine ýetirilişine*** geçýär.

Käbir halatlarda höküm kanuny güýjüne girenden soň jenaýat işi aýratyn tapgyrlar bolan ***gözegçilik basgançakly kazyýet önümçiliginden*** we ***täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işleri täzeden gozgamak*** ýaly tapgyrlaryndan hem geçip bilýär.

Ikinji basgançakly kazyýet (kassasion) önümçiligi tapgyryndan tapawutlylykda gözegçilik basgançakly kazyýet önümçiliginde eýýäm kanuny güýjüne giren

hökümleriň kanunylygy, esaslylygy we adalatlylygy barlanylýar. Täze ýuze çykan ýagdaýlar boýunça işleri täzeden gozgamak tapgyrynyň düýp manysy bolsa ozal derňew işi ýa-da kazyýet seljerişi döwründe mälim bolmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagy hem-de olaryň iş üçin ähmiýetiniň bardygy sebäpli iş ýöretmegi täzeden başlamakdan ybarat bolup durýar.

Her tapgyryň öňünde duran meseleleriň amala aşyrylyşy iş ýörediş resminama bilen berkidilýär, şonuň bilen birlikde iş ýörediş tapgyryny düzýän ähli hereketleriň kanunylygy we esaslylygy barlanylýar.

## §2. Jenaýat iş ýörediş hukugynyň düşünjesi we onuň çeşmeleri.

***Jenaýat iş ýörediş hukugy*** – hukugyň aýratyn bir pudagy bolup, jenaýat iş ýöredişiň wezipelerini, ýörelgelerini kesgitleýän, jenaýat işleri gozgamagyň, derňemegiň, işleri kazyýetde seljermegiň we kazyýet çözgütlerini ýerine ýetirmegiň tertibini hem-de şol işleriň dowamynda hukuk goraýjy edaralaryň we jenaýat iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylarynyň arasynda döreýän gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk kadalaryň jemidir.

Şu ýerde jenaýat iş ýörediş hukugy – jenaýat iş ýöredişinden tapawutlandyrmak zerurdyr. Ýokarda belleýşimiz ýaly jenaýat iş ýöredişi- *bu jenaýat işleri gozgamak, derňemek, kazyýetde seretmek we çözmek, şonuň ýaly-da (bölekleýin) hökümleri ýerine ýetirmek boýunça anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň, prokuraturanyň hem-de kazyýetiň beýleki döwlet*

*edaralarynyň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň gatnaşmaklarynda alyp barýan işidir.* Jenaýat iş ýörediş hukugy bolsa, gysgaça aýtsak – *şol işiň tertibini we onuň dowamynda döreýän dürli gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalary jemleýän hukuk pudagydyr.*




**3-nji cyzgy**

Jenaýat iş ýörediş hukugynyň kadalary döwlet häkimiýet edaralaryň çykarýan kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy namalarynda, başgaça aýdanymyzda – ***jenaýat iş ýörediş hukugynyň çeşmelerinde*** saklanýar. Olara şu aşakdakylar degişli bolup durýar.

1. *Türkmenistanyň Konstitusiýasy*. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda kabul edilen Konstitusiýamyzda jenaýat iş ýörediş hukugynyň esasy demokratik ýörelgeleri:

ýagny, kanunyň we kazyýetiň öňünde raýatlaryň deňligi; adamy tussag etmekligiň diňe kazyýetiň karary ýa-da prokuroryň sanksiýa bermegi esasynda rugsat edilmegi; kazyýet önümçiliginiň döwlet dilinde alynyp barylmagy, şol dili bilmeýän adamlaryň terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga hem-de kazyýetde öz ene dilinde çykyp geplemäge hukugynyň kepillendirilmegi berkidilen. Ondan başga-da, Esasy kanunda jenaýat iş ýöredişi üçin uly ähmiýeti bolan kazyýet häkimiýetiniň we prokuraturanyň gurluşy hem-de işleýşi baradaky binýatlaýyn kadalar berkidilen[1].

2. *Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi (JIÝK).* 2009-njy ýylyň 1-nji iýulynda güýjüne giren Türkmenistanyň JIÝK-i 11 bölümden, 52 bapdan we 562 sany maddadan ybaratdyr. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi Türkmenistanyň çäklerinde jenaýat kazyýet önümçiligiň ýeke-täk we ähli jenaýat işleri boýunça hem-de jenaýat iş ýöredişe degişli ähli gatnaşyjylar üçin hökmany bolan tertibi kesgitleýändir. Bu kodeks halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna, dünýäniň ösen döwletleriniň kanunçykaryjylyk işindäki baý tejribesine we şol bir wagtda hem halkymyzyň däp-dessurlaryna we milli aýratynlyklaryna esaslanyp düzülendir.

3. *Türkmenistanyň beýleki kanunlary*. Jenaýat iş ýöredişi çygrynda ulanylýan beýleki kanunlaryň arasynda ilki bilen 1997-nji ýylyň 12-nji iýunyndaky Türkmenistanyň

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşabat, 2008.

Jenaýat kodeksini belläp geçmeli. Şeýle-de 2001-nji ýylyň 7-nji iýulyndaky “Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda”; 2001-nji ýylyň 7-nji iýulyndaky “Türkmenistanyň polisiýasy hakynda”; 2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky “Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy hakynda”; 2009-njy ýylyň 15-nji awgystyndaky “Kazyýet hakynda”; 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda güýjüne giren “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” we başga-da birentek Kanunlary bu hatara girizip bolar.

4. *Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary, kararlary*. Olaryň mysaly hökmünde Mukaddes Gadyr gijesiniň hormatyna azatlykdan mahrum edilmäge iş keslenleriň günäsini geçmek hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň kabul edýän Permanlaryny getirip bolar. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň Baştutany tarapyndan hukuk goraýjy edaralarynyň işini, şol sanda-da jenaýat kazyýet önümçiligini kämilleşdirmek, olary ynsanperwerleşdirmek we demokratiýalaşdyrmak boýunça uly işleri geçirilýär. Şonuň üçin Prezidentiň çykarýan kadalaşdyryjy namalary kanunyň güýjünde bolup, jenaýat iş ýörediş hukugynyň aýratyn meselelerini açyp görkezýär.

5. *Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlary*. Bu kararlaryň jenaýat iş ýörediş kanunlaryny dogry ulanmakda uly ähmiýeti bardyr. Olarda jenaýat iş ýörediş kanunyň aýratyn ýagdaýlary giňişleýin düşündirilýär, kanunyň berjaý edilşiniň

kemçilikleri agzalýar we olary ýok etmek üçin amala aşyrylmaly çäreler görkezilýär. Şolar ýaly kararlardan 2001-nji ýylyň 3-nji awgustyndaky № 4-nji "Azatlyklan mahrum edilenlere, düzediş edarasynyň görnüşini bellemegiň kazyýet iş ýörelgeleri hakynda" ýa-da 2003-nji ýylyň 1-nji sentýabryndaky № 3-nji "Ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy baradaky işler boýunça kazyýet iş ýörelgeleri hakynda" we beýleki kararlary mysal getirip bolar.

6. *Türkmenistanyň Baş prokurorynyň we Içeri işler ministriniň buýruklary, görkezmeleri, gözükdirijileri*. Baş prokuror Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky kanunyň 22-nji maddasynda berkidilen ygtyýarlyklarynyň çäginde buýruklary, görkezmeleri we gözükdirijileri çykarýar. Mysal hökmünde 2005-nji ýylyň 18-nji fewralyndaky №52-nji "Derňewiň we aýyplanýanlary tussag astynda saklamagyň möhletleri, olary uzaltmagyň we hasaplamagyň tertibi baradaky kanunlaryň gyşarnyksyz berjaý edilmegi hakynda" Türkmenistanyň Baş prokurorynyň buýrugyny we ş.m. belläp geçip bolar.

7. *Halkara şertnamalary.* Konstitusiýamyzyň 6-njy maddasynda beýan edilşi ýaly, Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň

ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar. Şeýlelikde, halkara şertnamalary jenaýat iş ýörediş häsiýetindäki kadalaryny hem öz içine alyp bilýär. Şolar ýaly şertnamalaryň arasynda 1993-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda Minsk şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) agzalarynyň arasynda baglanyşylan "Raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegi we hukuk gatnaşyklary hakynda" Konwensiýany; 1994-nji ýylyň 17-nji fewralynda GDA-nyň agzalarynyň Içeri işler ministrlikleriniň ýolbaşçylary tarapyndan baglanyşylan "Tussag astyna alynan adamlary tabşyrmagyň we tranzit daşamagyň tertibi hakynda" Ylalaşygyny; 1996-njy ýylyň 27-nji noýabryndaky "Türkmenistan we Özbegistan respublikasynyň arasynda Raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegi we hukuk gatnaşyklary hakynda" Şertnamasyny; 2007-nji ýylyň iýul aýynda Türkmenistan, Azerbeýjan, Gazagystan, Gyrgyzstan, Russiýa Federasiýasy, Täjigistan we Özbegistan döwletleriniň arasynda Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalarynyň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça Merkezi aziýa sebit maglumat

utgaşdyryş merkezini döretmeklik barasyndaky ylalaşygy we beýlekileri agzap geçip bolar.




**4-nji cyzgy**

## §3. Jenaýat iş ýörediş – ylym we okuw dersi hökmünde.

Bilşimiz ýaly, jenaýat iş ýörediş kadalary hemişe üýtgeýärler, ösýärler. Olary jenaýat iş ýöredişi atly ylym öwrenýär. Bu ylymyň kesgitlemesini iki taraplaýyn berip bolýar.

Birinji manyda, jenaýat iş ýörediş atly ylym- umumy hukuk ylmynyň jenaýat iş ýörediş kadalaryny we olary ulanmak boýunça anyklaýyş, deslapky derňew edaralarynyň, prokuraturanyň we kazyýetiň iş tejribesini, jenaýatçylyga garşy göreşýän wezipeli adamlardyr edaralaryň, raýatlardyr jemgyýetçilik guramalaryň aralarynda döreýän özara gatnaşyklaryny öwrenýän aýratyn pudagy bolup durýar.

Ikinji manyda, bu ylym- özünde jenaýat kazyýet önümçiligiň döreýişi we taryhy baradaky bilimleri, jenaýat iş ýörediş hukugyň düýp esasyny we iş ýöredişiň ýörelgelerini, oňa gatnaşýanlaryň hukuk ýagdaýyny, dürli jenaýat iş ýörediş hereketleri amala aşyrmagyň esaslaryny we tertibini şeýle hem olaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagyny kesgitleýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ösüşi baradaky bilimleri jemleýän ulgamdyr.

Şu agzalan zatlar jenaýat iş ýörediş hukugy diýen ylymyň öwrenýän predmeti bolup durýar.

Jenaýat iş ýöredişi ylmyň wezipeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

- Jenaýat iş ýöredişiň nazaryýetini kämilleşdirmek.

- Tejribedäki ýalňyşlyklary we kemçilikleri aradan aýyrmak.
- Kanunçylykdaky ýetmezçilikleriň üstüni ýetirmek.

Jenaýat iş ýörediş ulgamynda has düýpli öwrenilip, ylmy taýdan derňelip tassyklanan nazarýet bilimleri-jenaýat iş ýörediş atly okuw dersiniň esasy mazmunyny düzýärler.

Jenaýat iş ýörediş - ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde (hukuk öwreniş fakultetlerinde we bölümlerinde) okadylýan esasy okuw dersleriň hatarayna girýändir.

Bu dersi okatmagyň maksady- hukuk ulgamynda dürli hünär boýunça işlejek ýokary derejeli, ökde hünärmenleri taýýarlamak bolup durýar.

Beýleki hukuk ylymlary bilen ýakyn gatnaşygy bolmasa, onda jenaýat iş ýörediş ylymyň üstünlikli ösüşini gazanmak mümkin bolmaz. Bu gatnaşyklaryň üstünde has takyk durup geçsek maksadalaýyk bolar.

*Jenaýat iş ýörediş hukugy we jenaýat hukugy* öz aralarynda ýakyn baglanyşykda durýarlar. Jenaýat hukugynyň kadalary jenaýat iş ýörediş hukugyndan üzňelikde amala aşyrylyp bilinmez. Jenaýat iş ýörediş hukugynyň kadalary hem jenaýat hukugynyň kadalarynyň bolmasa öz ähmiýetini ýitirýär. Mysal üçin, jenaýat hukugynda jenaýatyň alamatlary, onuň düzümi we maddalaşdyrylyşy anyklanylýar, jenaýat iş ýörediş hukugy tarapyndan bolsa jenaýat kanunyň şol maddasy boýunça jenaýat işini gozgamak, aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek tertibi kesgitlenýär.

*Jenaýat iş ýörediş we kriminalistika.* Jenaýat iş ýöredişiň öňünde duran jenaýatlaryň üstüni tiz we doly açmak, günäkärleri paş etmek ýaly wezipeleri kriminalistika ylymynyň üstünlikleriniň derňew we kazyýet işinde ýöriteleşdirilen ylmy-tehniki serişdelerini ulanmagyň, derňew hereketlerini geçirmegiň hem-de jenaýatlaryň aýratyn görnüşlerini derňemegiň usullarynyň giňden ulanylmagyny hem göz öňünde tutýandyr. Bu ulanylyş bolsa jenaýat iş ýörediş hukugynyň kadalaryna esaslanyp, şol kadalaryň talaplaryna laýyk gelmelidir. Jenaýat iş ýörediş kadalaryndan tapawutlylykda kriminalistiki teklipler we usullar hökmany häsiýete eýe däldirler, olaryň saýlanylmagy we ulanylmagy belli bir ýagdaýdan we jenaýat işini alyp barýan wezipeli adamyň ýa-da edaranyň garaýyşlaryna bagly bolup durýar.

*Jenaýat iş ýöredişi hem-de kazyýet lukmançylyk, kazyýet psihiatriýa we kazyýet psihologiýa ylymlary.* Jenaýat işler ýöredilende kazyýet lukmançylyk, kazyýet psihiatriýa we kazyýet psihologiýa ylymlarynyň üstünlikleri hem ulanylyp bilinýär. Bu ylymlar jenaýat işi boýunça kanuny we adalatly çözgüdiň kabul edilmegine uly ýardam berýärler.

Kazyýet lukmançylygyň bilimleri jenaýat iş ýöredişinde bilermen tarapyndan -ölümiň sebäplerini, tene ýetirilen şikesleriň agyrlygyny, ýetirilen wagtyny, aýyplanýanyň keseliniň häsiýetini we agyrlygyny hem-de

beýleki iş üçin wajyp ýagdaýlary kesgitlemek üçin ulanylýar.

Kazyýet psihiatriýa adamyň ruhy taýdan bozulmalary hakyndaky ylym bolup, ondaky bilimler etmişiň amala aşyrylan wagtynda ýa-da degişli derňew hereketi geçirilen wagtynda iş ýöredişe gatnaşýanyň ruhy ýagdaýyny kesgitlemek üçin ulanylýar. Kazyýet-psihiatriýa seljermeleriň beren netijeleri bilen baglanyşykda möhüm jenaýat iş ýörediş çözgütler kabul edilýär.

Kazyýet psihologiýasynyň üstünlikleri sagdyn adamlaryň ruhunyň tebigatyny öwrenip, anyklaýja, sülçä, kazyýete jenaýat işi boýunça ilki bilen görkezmeleri almak bilen bagly bolan derňew we kazyýet hereketlerini has netijeli geçirmage ýardam berýär. Adamyň psihologiýasyny bilmek hem jenaýat kazyýet önümçiliginiň terbiýeçilik meselelerini amala aşyrmakda aýratyn ähmiýetlidir.

*Jenaýat iş ýöredişi we kriminologiýa.* Jenaýat iş ýörediş jenaýatçylygyň sebäplerini we şertlerini hem-de olary ýok etmeginiň ýollaryny öwrenýän kriminologiýa ylymy bilen hem bagly bolup durýar. Takyk jenaýat işi alynyp barylanda jenaýatyň edilmegine ýol açýan sebäpler we şertler, jenaýatçynyň şahsyýeti jenaýat iş ýörediş serişdeleri arkaly anyklanylýar. Şol jemleşdirilen maglumatlar kriminologiýanyň maksatlaryny amala aşyrmakda ulanylýar, ýagny jenaýatçylygyň sebäpleri we şertleri aýratyn sebitde ýa-da tutuş ýurduň çaginde öwrenilýär. Gelejekde şolaryň esasynda jemgyýetçilik

taýdan jenaýatçylygyň öňüni alyş çäreleri işläp taýýarlanylýar.

*Jenaýat iş ýöredişi bilen jezany ýerine ýetiriş hukugy* hem öz aralarynda bagly bolup durýandyr. Olary jenaýatçylyga garşy göreşmek diýen umumy wezipe birleşdirýär. Mysal üçin, jezany çekmegini yza süýşürmek, bir jeza çäresini beýleki jeza çäresi bilen çalşyrmak we jenaýat-ýerine ýetiriş hukugynyň başga meseleleri jenaýat iş ýörediş hukugy bilen düzgünleşdirilýär.

*Jenaýat iş ýöredişi we operatiw-agtaryş işi.* Şu ylymlar jenaýatlaryň üstlerini tiz we doly açmak, jenaýatçylyga garşy üstünlikli göreşmek ýaly umumy wezipeleri bilen öz aralarynda baglanyşýarlar. Emma olar öňlerinde duran wezipelerini amala aşyrmagyň usullary bilen bir-birinden tapawutlanýandyrlar. Sülçileriň, anyklaýyş edaralaryň işleri JIÝK-i, operatiw işgärleriň işi bolsa "Operatiw-agtaryş işi hakyndaky" Kanun we beýleki kanunlar arkaly kadalaşdyrylýar. Ondan başga-da, sülçiniň, operatiw işgärleriniň ulanýan serişdelerini we usullaryny peýdalanmaga hukugy ýokdur, emma operatiw işgäri anyklaýjy hökmünde çykyş edip, ençeme derňew hereketlerini ýerine ýetirip bilýändir. Emma jenaýat iş ýörediş hereketleriniň (subutnamalary toplamak boýunça dürli derňew hereketleri) önümçiliginiň netijesinde ýüze çykarlan maglumatlary, iş boýunça subutnamalar bolup bilýärler. Operatiw işiniň netijeleri bolsa, iş boýunça subutnama bolman, diňe ugrukdyryjy häsiýete eýedir.

Jenaýat iş ýörediş anyklaýyş, derňew edaralary, prokuror we kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar, operatiw-agtaryş işi bolsa diňe anyklaýyş edarasy tarapyndan amala aşyrylýar. Jenaýat iş ýöredişiň başlangyç we tamamlanyş pursatlary takyk möhletler bilen berk kesgitlenen, operatiw-agtaryş işi şolar ýaly möhletler bilen çäklendirilmeýär.

## §4. Esasy jenaýat iş ýörediş düşünjeler.

### *Jenaýat iş ýörediş wezipeler.*

Ýerine ýetirýän wezipeleri we öňlerinde goýulan maksatlary bilen baglylylykda jenaýat iş ýöredişiň gatnaşyjylarynyň amala aşyrýan işleri aýry-aýry ugurlara bölünýär. Şol ugurlar *jenaýat iş ýörediş wezipeleri* diýlip atlandyrylýar. Agzalan wezipeler şu aşakdakylara bölünýar:

- jenaýatlary derňemek (anyklaýyş we deslapky derňew edaralary hem-de prokuror tarapyndan amala aşyrylýar);
- jenaýat etmekde aýyplamak (kazyýetde döwlet aýyplaýjysy – prokuror tarapyndan, käbir işler boýunça jebir çeken tarapyndan amala aşyrylýar);
- jenaýat edenligi barada bildirilen günäden goranmak (aýyplanýan, adwokat, aýyplanýanyň ýakyn garyndaşlary, jemgyýetçilik guramalaryň wekilleri tarapyndan amala aşyrylýar);
- jenaýat işini çözmek (kazynyň ýekeliginde ýa-da kazyýetiň bileleşiginde, käbir halatlarda anyklaýyş

geçirýän adam, sülçi, prokuror tarapyndan amala aşyrylýar).

| Jenaýat iş ýörediş wezipeleri | |
| --- | --- |
| Bildirilen günäden goranmak *(aýyplanýan, adwokat, aýyplanýanyň ýakyn garyndaşlary, jemgyýetçilik guramalaryň wekilleri tarapyndan amala* | Jenaýat etmekde aýyplamak *(kazyýetde döwlet aýyplaýjysy – prokuror tarapyndan, käbir işler boýunça jebir çeken tarapyndan amala aşyrylýar)* |
| Jenaýatlary derňemek (anyklaýyş we deslapky derňew edaralary *hem-de prokuror tarapyndan amala aşyrylýar)* | Jenaýat işini çözmek (kazynyň ýekeliginde ýa-da kazyýetiň bileleşiginde, käbir halatlarda anyklaýyş geçirýän adam, sülçi, prokuror tarapyndan amala aşyrylýar) |

**5-nji çyzgy**

Jenaýat iş ýöredişi barada has çuňňur düşünje almak üçin her bir jenaýat iş ýörediş wezipäniň üstünde aýratyn durup geçeliň:

**1.** Jenaýatlary derňemek wezipesini jenaýat işini öz önümçiligine alan anyklaýjy, sülçi, prokuror ýerine ýetirýär. Onuň wezipeleri jenaýat işiniň ähli

ýagdaýlaryny doly, obýektiw we hemmetaraplaýyn anyklamakdan, jenaýaty eden adamy, jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýanyň häsiyetini we möçberini, aýyplanýanyň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryny, jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmakdan ybarat bolup durýar.

2. Aýyplamak wezipesini prokuror amala aşyrýar. Birinji basgançakly kazyýet mejlisinde prokuror döwlet aýyplaýjysy hökmünde gatnaşyp, kazyýet edilýäniň üstüne ýüklenýän aýyby goldaýar, ýagny ol özüniň tassyklan aýyplaw netijenamasynyň jemlerini esaslandyrýar, kazyýet edilýäni paş edýär, kazyýetiň öňünde onuň günäsini hem-de jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaýlarynyň bardygyny subut edýär. Hususy aýyplamakdaky we hususy-köpçülikleýin aýyplamakdaky işler boýunça, prokurordan başga jebir çeken hem aýyplamak wezipesini ýerine ýetirip bilýär.

3. Aýyplamak wezipesine garşy -goranmak wezipesi çykyp durýar, ony hem ilki bilen, aýyplanýanyň özi ýa-da onuň adwokaty amala aşyrýarlar. Aýyplanýanyň (güman edilýäniň) özüni goramak wezipesi kanunda göz öňünde tutulan bir topar dürli hukuklary bilen kepillendirilen. Kanunyň talap edişi ýaly, adwokat aýyplanýany aklaýan ýa-da onuň jogapkarçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryny aýdyňlaşdyrmak maksady bilen kanunda görkezilen aklamagyň ähli serişdelerini we usullaryny peýdalanmaga hem-de aýyplanýana zerur hukuk kömegini bermäge borçludyr. Aýyplanýanyň ýakyn garyndaşlary, jemgyýetçilik

guramalaryň wekilleri we beýleki adamlar jenaýat iş ýöredişinde adwokatyň wezipesini amala aşyran ýagdaýlarynda hem şu wezipäni ýerine ýetirip bilýärler.

**4.** Jenaýat işini çözmek wezipesi – umumy düzgün boýunça kazyýetiň wezipesidir. Ol kazyýetiň jemleýji çözgüdini kabul etmegi aňladýar (höküm, jenaýat işini ýatyrmak barada kesgitnama). Kazyýet, iş boýunça döwletiň adyndan çykaran çözgüdinde ahyrky netijeleri açyk kesgitleýär. Bu ýerde kazyýet edilýäniň günäliligi ýa-da günäsizligi hem-de oňa jeza çäresini bermek baradaky netijeler düýp orun tutýar. Jenaýat işini çözmek wezipesi aýratyn ýagdaýlarynda derňew edaralaryna-da, şeýle hem jenaýat işini öz önümçiligine alan prokurora-da degişli bolup durýar. Mysal üçin, deslapky derňew işi tapgyrynda aýyplanýanyň günäsi ýok diýen netijesi bilen jenaýat işi ýatyrylanda, ol hem kazyýetiň çykaran aklaýyş hökümi bilen deň ähmiýetli bolýar[2].

### *Jenaýat iş ýörediş gatnaşyklary.*

***Jenaýat iş ýörediş gatnaşyklary*** – bu jenaýat iş ýörediş hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän jenaýat kazyýet önümçiliginiň gatnaşyjylarynyň arasynda döreýän hukuk gatnaşyklarydyr. Jenaýat iş ýörediş gatnaşyklarynda şärik bolýan edaralar we adamlar *jenaýat iş ýöredişiň gatnaşyjylary ( subýektleri)* diýlip atlandyrylýarlar.

Jenaýat kazyýet önümçiliginde döwlet edaralar we adamlar öz jenaýat iş ýörediş wezipelerini yerine

[2] B.Taganow Jenaýat iş ýöredişi. Aşgabat, 2002.

ýetirenlerinde ençeme hukuklaryndan peýdalanyp, ençeme borçlaryny öz üstüne alýarlar. Bu gatnaşyklar hemişe iki taraplaýyn bolýar, ýagny bir subýektiň hukugyna beýleki subýektiň borjy gabat gelýär we tersine – onuň borjuna beýlekiniň hukugy gabat gelýär.

Jenaýat iş ýörediş gatnaşyklar jenaýat işler derňelende we seljerlende anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň, prokuraturanyň, kazyýetiň hem-de raýatlaryň (aýyplanýan, jebir çeken, şaýat we ş.m.) arasynda döreýär. Mysal üçin, bir raýat şaýat hökmünde sülçi tarapyndan soraga çagyrylanda olaryň arasynda jenaýat iş ýörediş gatnaşyklar döreýär. Şaýat soraga gelmäge, sowallary diňlemäge, dogry jogaplary bermäge borçludyr. Şaýatdan öz borçlaryny ýerine ýetirilmegini talap etmek sülçiniň hukugydyr. Şonuň bilen birlikde şaýadyň beren görkezmelerini öz eli bilen ýazmaga, teswirnamanyň mazmuny bilen tanyşmaga hukugy bar. Şaýadyň hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek sülçiniň borjudyr.

Jenaýat iş ýörediş gatnaşyklar jenaýat işiniň gozgamak pursadyndan başlanýar we umumy düzgün boýunça hökümiň kanuny güýjüne girmegi bilen tamamlanýar.

### *Jenaýat iş ýörediş görnüşi.*

***Jenaýat iş ýörediş görnüşi*** – bu aýratyn iş ýörediş hereketlerini hem-de olaryň jemlerini amala aşyrylmagyň tertibi, şertleri we yzygiderliligi. Anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň, prokuraturanyň hem-de kazyýetiň

ähli edýän işleri iş ýörediş görnüşinde ýerine ýetirilýär. Mysal üçin:

- jenaýat işiniň gozgalmagy bu barada ýörite kararyň çykarmaklygy bilen amala aşyrylýar;
- sejljermäniň bellenendigi baradaky karar bilan aýyplanýany tanyşdyrylyp ýa-da öý dökmeklige prokurordan sanksiýa alynyp sülçi tarapyndan iş ýörediş görnüşi berjaý edilýär;

Başgaça aýdanyňda, jenaýat kazyýet önümçiligi tutuşlygyna ähli döwlet edaralar, jemgyýet we aýratyn raýatlar üçin deň derejede hökmany bolan berk iş ýörediş görnüşinde amala aşyrylýar. Iş ýörediş görnüşi subutnamalary ýygnamagyň we jenaýat eden adamlary paş etmegi has netijeli ýollar bilen üpjün etmegine, şonuň bilen birlikde günäsizleri jenaýat jogapkarçiligine çekilmezligini kepillendirilmegine gönükdirilendir.

### *Jenaýat iş ýörediş kepillendirilmeler.*

***Jenaýat iş ýörediş kepillendirilmeler*** – bu umuman hukuk häsiýetindäki kepillendirmeleriň görnüşleriniň biri bolup, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, JIÝK-iň jenaýat iş ýörediş işiniň gatnaşyjylarynyň hukuklarynyň we borçlarynyň amala aşyrylmagyny üpjün edýän kadalar tarapyndan berkidilen serişdeler we usullardyr. Dowlet edaralary jenaýat iş ýörediş kepillendirilmelerini amala aşyrmakda uly wezipäni ýerine ýetirip, iş ýöredişiň ähli gatnaşyjylarynyň hukuklarynyň berjaý edilmegini we borçlarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler. Konstitusiýamyzda, hiç bir adamyň kazyýetiň çözgüdinden ýa-da prokuroryň sanksiýa bermeginden başga halatlarda

tussag edilip bilinmezligi; hiç bir adamyň kazyýetiň höküminden we kanuna laýyklygyndan başga halatlarda jenaýat etmekde günäli diýip hasaplanyp bilinmezligi ýa-da ol jenaýat jezasyna sezewar edilip bilinmezligi ýaly şahsyýetiň hukuklarynyň wajyp kepillendirilmeleri kesgitlenendir. Adamyň şahsy durmuşy, ýaşaýyş jaýyň eldegrilmesizligi, hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriň, telegraf habarlaryň syry we şoňa meňzeş jenaýat iş ýörediş işiniň çygryndaky konstitusion hukuklary we azatlyklary aýratyn kepillendirilýär. Ýagny, poçta-telegraf hat-habarlary tussag etmek we olary almak, telefon gepleşikleri diňlemek we ses ýazgysyna geçirmek ýaly derňew hereketleriniň geçirilmegi diňe prokuroryň sanksiýa bermegi bilen rugsat edilýär.

Aýyplanýanyň, jebir çekeniň we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylarynyň kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegi, olaryň jenaýat işiniň maglumatlary bilen tanyşmak, haýyşnamalary aýtmak, hut özleriniň kazyýet seljerişine gatnaşmak, adwokatlaryň we beýleki adamlaryň berýän hukuk kömeginden peýdalanmak ýaly hukuklary bilen kepillendirilýär.

Jenaýat iş ýörediş görnüş we kepillendirilmeler kanunçylygyň pugtalandyrylmagyna, deslapky derňewiň we anyklaýyşyň hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw geçirilmegine, kazyýetler tarapyndan kanuny we esaslandyrylan hökümleriň çykarylmagyna, raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini berjaý edilmegine, jenaýat kazyýet önümçiliginde medeniýetligiň ýokarlandyrylmagyna, onda terbiýeçilik ähmiyetiniň üpjün edilmegine hyzmat edýärler.

# Bap II. Jenaýat iş ýöredişiň ýörelgeleri

## §1. Jenaýat iş ýöredişiniň ýörelegeleri barada düşünje we onuň ulgamy.

**Jenaýat iş ýöredişiniň ýörelgeleri**– diýlip, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinde, hem-de beýleki kanunlarda berkidilen, jenaýat iş ýöredişiniň tutuş gurluşyny, onuň düýp esasyny we demokratiýalylygyny kesgitleýän, şeýle hem öňünde duran wezipeleriň amala aşyrmagyny üpjün edýän esasgoýujy taglymatlaryna aýdylýar.

Iş ýörediş hukugyň ulgamynda ýörelgeler esasgoýujy orny eýeläp, özlerinden gelip çykýan birentek beýleki ýörelgeleýin kadalary gurşap alýan başlangyç (binýatlaýyn) kadalar bolup durýarlar. Binýatlyk (ýokary umumylyk) häsiýetleri sebäpli dürli ýörite kadalarda öz beýanyny tapyp, bu ýörelgeler iş ýörediş kadalaryň tutuş ulgamyny bir kaddy-kamata getirýär. Hut şu umumy we takyk kadalaryň özarabaglanyşygy ähli jenaýat işler boýunça iş ýörediş tertibiniň birligini we jenaýat kazyýet önümçiliginde kanunylygyň berjaý edilmegini üpjün edýär we tutuş jenaýat iş ýöredişiň düýp esasyny düşünmäge mümkinçilik berýärler.

Jenaýat iş ýöredişiň ýörelgelerine aşakadaky alamatlar mahsusdyr:

- Jenaýat iş ýöredişiň ýörelgeleri jenaýat iş ýörediş işiň aýry-aýry tapgyrlaryna däl-de, eýsem tutuş jenaýat iş ýörediş işine mahsus bolup dyrýarlar;

- Olar jemgyýetiň ösüşiniň anyk sosial-ykdysady şertlerine gabat gelýärler;
- Ýörelgeleriň üsti bilen jenaýat iş ýöredişiň wezipeleri amala aşyrylýar;
- Jenaýat iş ýöredişiň ýörelgeleri hökmünde- hukuk kadalarynda berkidilen taglymatlar çykyş eýär;
- Jenaýat iş ýöredişiň ýörelgeleri içki gapma-garşylyksyz, sazlaşykly ulgamy emele getirýär.

JIÝK-niň 8-nji mad. jenaýat iş ýöredişiniň ýörelgeleriniň ýuridiki *ähmiýeti* şeýle kesgitlenilýär. Ýörelgeleriň bozulmagy, olaryň häsiýetine we düýpliligine baglylykda, aşakdaky yz galdyrmalaryň emele gelmegine getirýär:

- iş boýunça geçirilen önümçilik hakyky däl diýilip ykrar edilýär;
- şol önümçiligiň dowamynda çykarylan çözgütler sökülýär;
- toplanan materiallaryň subutnama hökmünde güýji ýok diýilip ykrar edilýär.

Jenaýat iş ýöredişiniň ýörelgeleri *konstitusion* we *ýörite* ýörelgelerine bölünýär.

Esasy ýörelgeler Türkmenistanyň gözbaşy kanuny bolan Konstitusiýadan gelip çykyp, tutuş jenaýat kazyýet önümçiliginde hereket edýändigi sebäpli ***konstitusion ýörelgeleri*** diýilip atlandyrylýar. Bu ýörelgeleriniň many-mazmunyna esaslanyp, diňe bir jenaýat iş ýörediş kanunyň kadalary gurulman, beýleki pudaklaryň kanunlary hem şolardan ugur alyp çykýarlar.

Beýleki birnäçe ýörelgeler Konstitusiýadan gelip çyksa-da, olar esasan jenaýat kazyýet önümçiliginde

ulanylýandygy sebäpli ***ýörite ýörelgeler*** diýlip atlandyrylýar.

*Konstitusion ýörelgelerine* şu aşakdakylar degişli bolup durýar:

1. Kanunylyk;
2. Köpçülikli;
3. Şahsyýetiň, ýaşaýyş jaýyň we eýeçiligiň eldegrilmesizligi; adamlaryň şahsy durmuşynyň goralmagy; hat alyşmaklygyň, telefon gepleşikleriniň we beýleki aragatnaşyklarynyň syry;
4. Adyl kazyýetlik işleriniň diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylmagy;
5. Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda jenaýat işleriniň kollegial seredilmegi hem-de kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň deň hukuklylygy;
6. Kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň garaşsyzlygy hem-de olaryň kanuna tabynlygy;
7. Raýatlaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi esasynda adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagy;
8. Kazyýet seljerişiniň açyklygy;
9. Kazyýet önümçiliginiň milli dili;
10. Aýyplanýanyň özüni aklamak hukugyny üpjün etmek;
11. Bigünälik prezumpsiýasy;
12. Jenaýat kazyýet önümçiligine jemgyýetçiligiň gatnaşmagy.

*Ýörite ýörelgeleriň* hataryna şu aşadakylar girýär:

1. Işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw derňemek;
2. Kazyýet seljerişine gatnaşýanlaryň deň hukuklylygy;
3. Subutnamalara içki ynam-ygtykady boýunça baha berilmegi;
4. Kazyýet seljerişiniň dogrudan-dogry, dilden we üznüksiz geçirilmegi.

## §2. Jenaýat iş ýöredişiniň konstitusion ýörelgeleri.

Kanunçylyk ýörelgesi.

Kanunylyk ýörelgesiniň yzygiderli berjaý edilmegi- döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda kanunyň, hukugyň hökmürowanlygyny gazanmaklygyň esasy şerti bolup durýandyr. Bu ýörelge- kanunylygy we hukuk tertibini pugtalandyrylmak baş wezipesi bolan jenaýat iş ýöredişiň esasy ýörelgesi bolup durýandyr. Jenaýatlaryň üstüni açmagy, günäkärleri paş etmegi hem-de jenaýatkäri adalatly jeza çäresine sezewar etmegi, bigünä adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmegine we iş kesilmegine ýol bermezligi diňe kanunylygy berk berjaý etmegiň üsti bilen gazanyp bolýandyr.

Kanunylyk ýörelgesiniň esaslary Konstitusiýanyň 3-nji we 5-nji maddalarynda berkidilendir. Bu konstitusion ýörelge Jenaýat iş ýörediş Kodeksinde we beýleki kanunlarda öz beýanyny tapyp ösdürilýär. Bu ýörelgäniň düýp mazmuny- deslapky derňew we anyklaýyş edaralary, prokuratura,

kazyýet, şeýle hem kazyýet önümçiliginiň beýleki gatnaşyjylary tarapyndan kanunlaryň talaplaryny takyk we birkemsiz berjaý etmeklerinden ybaratdyr. Kanun jenaýat iş ýöredişiň ähli gatnaşyjylary üçin hökmandyr. Kanunlary berjaý etmeklik- jenaýat kazyýet önümçiligini(iş ýöredişini) amala aşyrýan döwlet edaralarynyň döwletiň we şahsyýetiň öňündäki borçlary bolup durýandyr, elbetde, şol borçlaryň ýerine ýetirilmän ýagdaýynda olar babatda dürli täsir ediş çäreleri ulanylýar.
Kanunylyk ýörelgesi kazyny, prokurory, sülçini, anyklaýjyny iş ýöredişiň ähli tapgyrlarynda kanunda berkidilen tertibine laýyklykda hereket etmäge, iş ýörediş hereketleri kanuny esaslarda we kanunda berkidilen iş ýörediş görnüşlerde amala aşyrmaga, öz kararlaryny we çözgütlerini material we iş ýörediş kanunlaryna esaslandyryp çykarmaga, subutnamalar toplananda we berkidilnde, şeýle hem adamlar babatda mejbur ediş çäreleriulanylan mahaly kanunlaryň talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmäge borçly edýär. Döwlet edaralary özleri üçin kanun tarapyndan kesgitlenen ygtyýarlyklaryň çäginde hereket etmeldiri, adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramalydyr.
*Kanunylyk* dar manyda resmi düzgünleriň ýerine ýetirilmegini we berjaý edilmegini aňladýar, ol “tertip”, “forma”, “prosedura” diýen düşünjeleri öz içine alýar. *Esaslylyk* belli bir hereketi amala aşyrmak ýa-da çözgüdi kabul etmek baradaky netijä gelinmegine ýeterlikli maglumatlaryň bolmagyny talap edýär. *Delillik* – bu esaslardan başga, çözgüdi kabul etmek üçin itergi berýän goşmaça sebäpleriň bolmagydyr. Çözgüdi kabul etmegiň

esaslary degişli iş ýöredişresminamada beýan edilýär, delilleriň beýan edilmegi bolsa diňe kanunda görkezilen halatlarda hökmanydyr.
Iş ýöredişçözgütleriň kanunylygy, esaslylygy we delilligi baradaky talaplaryň bozulmagy olaryň kanunda göz öňünde tutulan tertipde sökülmegine getirýär.

Kanunylyk ýörelgesi özüniň ähmiýet boýunça beýleki iş ýörediş ýörelgelerinden ýokardadyr, ol iş ýörediş başlangyçlaryň hemmesini özi bilen gurşap alýar, jenaýat iş ýöredişiň beýleki ýörelgeleriniň ähli̇si bilelikde we aýratynlykda her biri kanunylyk ýörelgesiniň aňlatmasy bolup durýar, olaryň içinden islendiginiň bozulmagy- ilki bilen kanunylygyň bozulmagy bolup durýandyr.

Aýdylanlaryň netijesinde beýleki ýörelgeleriň kanunylyk ýörelgesiniň üstüni doldurýan hökmünde görülýändigi barada pikir döremegi mümkin, emma beýle bolman olar kanunylyk ýörelgesini has-da çuňlaşdyrýarlar, takyklaşdyrýarlar, onuň mazmunyny emele getirýärler. Bu ýörelge diňe bir ýörite ýörelgeleriň üsti bilen däl-de, gönümel berjaý edilýär.
Kanunylyk-jenaýat iş ýöredişiň ähli ýörelgelerinde we kadalarda öz beýanyny tapýan unwersal, ählumumy ýörelge bolup, jenaýat kazyýet önümçiliginiň ähli taraplaryny häsiýetlerndirýär. Bu ýörelge jenaýat kazyýet önümçiliginde hereket edýän deň derejedäki umumyhukuk ýörelgeleriniň arasynda aýratyn orny tutýandyr.

Kanunylyk - jenaýat iş ýöredişiniň ýörelgeleriniň ýörelgesidir. Umuman iş ýörediş (ýörite) ýörelgeler- bu jenaýat iş ýöredişde kanunylyk ýörelgesini durmuşa geçirilmeginň ýörelgeleridir.

Köpçüliklik ýörelgesi.

Köpçüliklik ýörelgesi Konstitusiýanyň 1 we 3-nji mad. gelip çykýar. Şol maddalarda bellenilşi ýaly, dowlet kanunyň berjaý edilmegini hem-de hukuk tertibiniň üpjün edilmegini, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goralmagyny kepillendirýär.

***Köpçüliklik*** ýörelgesiniň düýp esasy kazyýetiň, prokuroryň, sülçiniň we anyklaýyş edarasynyň, öz ygtyýarlyklarynyň çäginden çykman, jenaýat işine dogry seretmeginden hem-de ony dogry çözmeginden ybaratdyr.

Köpçüliklik ýörelgesiniň mazmuny JIÝK-niň 206-njy maddasynda has aýdyň beýan edilen, ýagny onda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazyýet jenaýatyň alamatlary ýüze çykan her bir halatynda jenaýat işini gozgamaga, jenaýatyň wakalaryny, jenaýat etmekde günäkär adamlary anyklamak üçin we olary jezalandyrmak üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çareleri görmäge borçludyrlar diýip aýdylýar.

Köpçüliklik ýörelgesi jenaýat iş ýöredişiň ähli tapgyrlarynda hereket edýär, emma onuň dürli tapgyrlarda hereket edişiniň öz aýratynlyklary bar.

Mysal üçin:

- *jenaýat işini gozgamak tapgyrynda* ygtyýarly bolan döwlet edaralary, işde bähbidi bar adamlaryň isleglerine garamazdan, öz borçlaryna laýyklykda jenaýatyň alamatlary ýüze çykan halatynda jenaýat işini gozgamaga borçludyr;
- *deslapky derňew işi tapgyrynda* sülçi jenaýatlary doly we hemmetaraplaýyn derňemek üçin hem-de jenaýaty

eden adamlary anyklamak üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge borçludyr;

- *kazyýet seljerişi tapgyrynda* kazyýet öz mejlisinde seredilen subutnamalar esasynda adyl hökümi çykarmaga borçludyr.

Kanunda görkezilen halatlarda köpçüliklik ýörelgesi çäklendirilen görnüşinde hem amala aşyrylýar. Muňa şu aşakdaky ýagdaýlar degişli bolup durýar.

*Birinjiden,* JIÝK-niň 31-nji mad. 1-nji böl. 3 we 4-nji bentleri boýunça, eger-de aýyplanýan jenaýat jogapkärçiligine çekmekligiň wagt möhletleriniň geçmegi esasynda hem-de günä geçmek namasy esasynda jenaýat işiniň ýatyrylmagyna garşy bolsa, onda şol esaslar boýunça işiň ýatyrylmagyna ýol berilmeýär. Şeýle ýagdaýlar ýüze çykan mahalynda jenaýat işiniň ýöredilmegi adatdaky tertipde dowam etdirilýär. Görkezilen esaslar kanunda adamyň at-abraýyny dikeltmeýän (reabilitasiýa etmeýän) esaslar diýlip atlandyrylýar.

*Ikinjiden,* JIÝK-niň 213-nji maddasynda jebir çekeniň şikaýaty boýunça gozgalýan jenaýat işler göz öňünde tutulan. Bu işler başgaça hususy aýyplamakdaky hem-de hususy-köpçülikleýin aýyplamakdaky işler diýlip atlandyrylýar.

*Hususy aýyplamakdaky işlere* şu aşakdaky jenayatlar hakyndaky işler degişli bolup durýar:

1) JK-niň 111-nji mad. "Saglyga bilkastdan ýeňil şikes ýetirmek";
2) JK-niň 112-nji mad. "Urmak";

3) JK-niň 115-nji mad. “Saglyga seresapsyzlyk bilen agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirmek”;
4) JK-niň 132-nji mad. 1-nji we 2-nji böl. “Töhmet”;
5) JK-niň 133-nji mad. “Masgaralamak”.

*Hususy-köpçülikleýin aýyplamakdaky işlere* şu aşakdaky jenaýatlar hakyndaky işler girýär:

1) JK-niň 134-nji mad. 1-nji böl. “Zorlamak”;
2) JK-niň 137-nji mad. “Adamy zyna ýakynlaşmasyna mejbur etmek”;
3) JK-niň 153-nji mad. “Awtorlyk we garyşyk hukuklarynyň, patent eýeleriniň hukuklarynyň bozulmagy”.

Hususy aýyplamakdaky hem-de hususy-köpçülikleýin aýyplamakdaky işler umumy düzgün boýunça diňe jebir çekeniň (ýa-da onuň wekiliniň) şikaýaty boýunça gozgalýar.

Hususy aýyplamakdaky işler gozgalandan soň jebir çeken bilen aýyplanýan ýaraşsa, onda jenaýat işi ýatyrylmaga degişlidir. Hususy-köpçülikleýin aýyplamakdaky işlerde bolsa jebir çekeniň aýyplanýan bilen ýaraşmagy jenaýat işini ýatyrmak üçin esas bolup durmaýar.

Eger işiň aýratyn jemgyýetçilik ähmiýeti bar bolsa ýa-da jebir çekeniň fiziki, psihiki ýetmezçilikleri, biçäreligi, aýyplanýana tabynlygy we beýleki ýagdaýlar sebäpli onuň öz hukuklaryny we bähbitlerini gorap bilmeýän aýratyn halatlary ýüze çykan mahalynda, jebir çekeniň şikaýady bolmasa-da, prokuroryň hut özi jenaýat işini gozgamaga haklydyr. Şeýle halatlarda jenaýat işiniň

ýatyrylmagyna ýol berilmeýär, ol adatdaky tertipde dowam etdirilmäge degişlidir.

Şahsyýetiň, aşaýyş jaýyň we eýeçiligiň eldegirmesizligi; Adamlaryň şahsy durmuşynyň goralmagy; hat alyşmaklygyň, telefon gepleşikleriniň we beýleki aragatnaşyklaryň syry.

Jenaýat iş ýöredişiň bu ýörelgesi öz başlangyjyny Konstitusiýanyň 9, 18, 22-26-njy maddalaryndan alyp gaýdýar.

Bu ýörelge ähli döwlet edaralary we wezipeli adamlar tarapyndan berjaý edilmäge degişlidir, emma jenaýat kazyýet önümçiligi çygrynda onuň ýerine ýetirilmegi has-da wajyp bolup durýar. Sebäbi amala aşyrylan jenaýatyň üstüni açmak we günäkärleri paş etmek üçin kazyýet, prokuratura, deslapky derňew we anyklaýyş edaralary, köp halatlarda, aýry-aýry şahsyýetleriň erkinligine we isleglerine garamazdan, iş ýörediş taýdan mejbur ediş çärelerini ulanmak arkaly jenaýat iş ýörediş işini amala aşyrýarlar. Mejbur ediş çärelerine guman edilýän hökmünde saklamak, tussag astyna almak, döküş geçirmek, mejbury ýagdaýda getirmek we beýlekiler degişli bolup durýar.

Şonuň üçin bu ýörelgäniň esasy ähmiýeti kazyýet, prokuratura, deslapky derňew we anyklaýyş edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan, jenaýat iş ýörediş kanunynda göz öňünde tutulan, mejbur ediş çärelerini diňe hakykatdan zerurlygyň ýüze çykan mahalynda, kanunda

takyk bellenilen esaslarda we tertipde ulanylmagyndan ybarat.

*Şahsyýetiň eldegrilmesizligi.* Konstitusiýanyň 22, 23-nji maddalaryna hem-de JIÝK-niň 13-nji maddasyna laýyklykda kanunda görkezilen esaslar bolmasa, hiç kim tutulyp saklanyp, tussag edilip ýa-da başga ýol bilen özüniň azatlyga bolan hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Şu ýörelgäniň kepillendirmesi hökmünde Türkmenistanyň JK-niň 193-nji ("Görnetin bigünä adamy jenaýat jogapkärçiligine çekmek") we 195-nji ("Bikanun tutup saklamak, tussag astyna almak ýa-da tussag astynda saklamak") maddalarynda bellenilen jenaýat jogapkärçiligi çykyş edýär.

*Ýaşaýyş jaýyň eldegrilmesizligi.* Konstitusiýanyň 24-nji maddasynda hem-de JIÝK-niň 16-njy maddasynda berkidilişi ýaly, raýatlaryň ýaşaýyş jaýlary eldegrilmesizdir. Jaýda ýaşaýanlaryň razylygy ýa-da başga kanuny esaslar bolmasa, hiç kimiň ýaşaýyş jaýyna girmäge ýa-da onuň eldegrilmesizligini başga bir ýol bilen bozmaga haky ýokdur. Şu ýörelgäniň bozulandygy üçin JK-niň 148-nji maddasynda ("Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizliginiň bozulmagy") jogapkärçilik bellenilen.

*Eýeçiligiň eldegrilmesizligi.* Konstitusiýanyň 9-njy maddasynda hem-de JIÝK-niň 17-nji maddasynda-eýeçiligiň eldegrilmesizligi kanun tarapyndan kepillendirilýär diýlip görkezilen. Kazyýetiň çözgüdi ýa-da başga kanuny esaslar bolmasa, hiç kim öz eýeçiligine bolan hukugyndan mahrum edilip bilinmez. JK-niň 206-njy maddasynda ("Ýazga geçirilen ýa-da gozgamasyz edilen

ýa-da konfiskasiýa degişli emläk babatynda bikanun hereketler") göz öňünde tutulan jogapkärçilik şu ýorelgäniň bozulmazlygynyň kepillendirmesi hökmünde çykyş edýär.

*Adamlaryň şahsy durmuşynyň goralmagy.* Konstitusiýanyň 23, 25-nji maddalarynda hem-de JIÝK-niň 12, 15, 274, 285, 286-njy we käbir beýleki maddalarynda-adamlaryň şahsy durmuşynyň döwlet tarapyndan goralýandygy barada aýdylýar. Bu ýörelgäniň amala aşyrylmagy üçin jenaýat iş ýöredişi alyp barýan wezipeli adamlar kanunda görkezilen ýörite düzgünleri berjaý etmäge borçludyr.

Şu ýörelgäni bozan adamlar üçin JK-niň 146-njy maddasy ("Şahsy durmuşyň eldegrilmesizliginiň bozulmagy") boýunça jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulan.

*Hat alyşmaklygyň, telefon gepleşikleriniň we beýleki aragatnaşyklarynyň syry.* Konstitusiýanyň 25-nji maddasynda hem-de JIÝK-niň 15-nji maddasynda görkezilişi ýaly, adamlaryň hat alyşmaklygynyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf, elektron poçta we beýleki aragatnaşyklarynyň syry kanun tarapyndan goralýar. Bu kadadan çykmak diňe kanunda görkezilen esaslar boýunça ýol berilýär. JK-niň 147-nji maddasynda ("Hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf ýa-da başga habarlaryň syrynyň bozulmagy") göz öňünde tutulan jenaýat jogapkärçiligi şu ýörelgäniň bozulmazlygynyň kepillendirmesi bolup durýar.

Adyl kazyýetligiň diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylmagy.

Şu ýörelgäniň düýp manysy Konstitusiýanyň 99, 100-nji mad. beýan edilen: "Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti diňe kazyýetlere degişlidir. Kazyýet häkimiýeti raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramaga niýetlenendir. Kazyýet häkimiýeti Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we kanunda göz öňünde tutulan beýleki kazyýetler tarapyndan amala aşyrylýar. Adatdan daşary kazyýetleriň we kazyýetiň ygtyýarlyklary berlen gaýry düzümleriň döredilmegine ýol berilmeýär."

JIÝK-niň 10-njy mad. bolsa bu ýörelgäni şeýle kesgitleýär: "Türkmenistanda jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetlik diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Kazyýetiň hökümi bolmasa we kanuna takyk laýyk bolmasa, hiç kim jenaýat etmekde günäkär hasap edilip, şeýle hem jenaýat jezasyna sezewar edilip bilinmez."

Adyl kazyýetlik- bu kanunyň ähli talaplaryny doly we gyşarnyksyz berjaý etmek bilen, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýüze çykan dürli hukuk bozulmalaryny kanunlarda bellenilen kadalary we iş ýörediş tertibini berjaý etmek bilen adalatly we esaslandyrylan çözgütleri çykarmak boýunça diňe kazyýet edaralary tarapyndan amala aşyrylýan hukuk goraýjylyk işidir.

Kazyýet jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýüze çykýan dürli hukuk bozulmalary seljermäge we olaryň has howplulary boýunça döwletiň adyndan jeza çärelerini ulanmaga ýa-da bigünäleri aklamaga hukugy bolan ýeke-

täk döwlet edarasy bolup, ýurtda hukuk tertibini berjaý etmekde döwletiň esasy serişdesi bolup durýandyr. Döwlet edaralarynyň we guramalaryň hiç birinde kazyýetiňki ýaly ygtyýarlary ýokdur. Belli bir adamy jenaýat etmekde günäli diýip ykrar etmek hem-de oňa jenaýat jezasyny bellemek baradaky meseleleri çözmek diňe kazyýete berlen ygtyýarlykdyr. Bu möhüm meseleler kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň adyndan çykarylýan hökümde çözülýär.

Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti şu aşakdaky *kazyýetler* tarapyndan amala aşyrylýar (JIÝK-niň 52-nji maddasy hem-de 15.08.2009 ýyldaky "Kazyýet hakyndaky" Kanunyň 14-nji maddasy):

- Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti;
- Welaýat, welaýat hukukly şäher kazyýetleri;
- Etrap, etrap hukukly şäher kazyýetleri.

Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda jenaýat işleriniň kollegial seredilmegi hem-de kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň deňhukuklylygy.

Kazyýetlerde jenaýat işlerine kollegial (bileleşip) seredilmegi baradaky ýörelgesi Konstitusiýanyň 104-nji maddasynda göz öňünde tutulan.

JIÝK-niň 53-nji maddasynda hem-de "Kazyýet hakyndaky" Kanunyň 8-nji maddasynda görkezilşi ýaly, jenaýat işleri kollegial tertipde şu aşakdaky kazyýetiň düzüminde seredilýär:

- birinji basgançakly kazyýetde *kazydan* we *iki sany kazyýet oturdaşyndan* ybarat bolan düzümde;
- Işe nägilelik tertibinde, gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet çözgütlerine gaýtadan seretmek *azyndan üç kazydan* ybarat düzümde;
- Ýokary kazyýetiň Giňişleýin mejlisinde onuň *düzüminiň azyndan 2/3 böleginiň* gatnaşmagynda.

Şu umumy düzgüniň ýeke bir aýratyn ýagdaýy bar. Ýagny, birinji basgançakly kazyýetlerinde uly bolmadyk agyr we orta agyr jenaýatlar hakyndaky işler (kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýatlaryndan başgasy) kazynyň ýekeliginde seredilýär (JIÝK-niň 53-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda kazyýet oturdaşlary kazynyň ähli hukuklaryndan peýdalanýarlar. Aýratyn-da, kazyýet mejlisinde işler seredilende we hökümler çykarylanda ýüze çykýan ähli soraglary çözmekde kazyýet oturdaşlarynyň başlyklyk ediji bilen hukuklary deňdir.

Kazyýetiň maslahat etmegi onuň düzümine girýän agzalaryň ses bermegi bilen amala aşyrylýar. Belli bir çözgüt kazylaryň sesleriniň köplügi esasynda kabul edilýär.


Birinji basgançakly kazyýetde jenaýat işler
kollegial tertipde seredilýär
kazynyň ýekeliginde seredilýär
kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýatlary boýunça işler we uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlardan başga işleriň ählisi
uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça işleriň ählisi (kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýatlaryndan başgasy)

6-njy çyzgy


Işlere kollegial tertipde seredýän kazyýetleriň düzümi
*kazy* we *iki sany kazyýet oturdaşy*
(birinji basgançakly kazyýet)
*azyndan üç kazy*
(Işe nägilelik tertibinde, gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet çözgütlerine gaýtadan seredilende)
*düzüminiň azyndan 2/3 bölegi*
Ýokary kazyýetiň Giňişleýin mejlisinde seredilende

7-nji çyzgy

Çözgüdiň kollegial tertipde kabul edilmeginiň kepillikleri

Kazyýet oturdaşlarynyň başlyklyk ediji kazy bilen hukuklarynyň deňligi

Çözgüdiň sesleriniň köplügi esasynda kabul edilmegi.

Kazyýet maslahatynda azlyk bolup galan kazy ýa-da oturdaş öz aýratyn pikirini maslahat otagynda ýazmaça beýan etmäge haklydyr.

8-nji çyzgy

## Kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň garaşsyzlygy hem-de olaryň kanuna tabynlygy.

Konstitusiýanyň 101, 102-nji maddasyna hem-de JIÝK-niň 21-nji maddasyna laýyklykda kazylar garaşsyzdyr we olar diňe kanuna hem-de özleriniň içki ynam-ygtykadyna tabyndyr.

Şu ýörelgäniň düýp esasy adyl kazyýetlik amala aşyrylanda kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň hakyky garaşsyzlygynyň üpjün edilmeginden, olaryň jenaýat işlerini diňe kanun esasynda we özleriniň hukuk düşünjeliligine laýyklykda çözmek mümkinçiliginiň döredilmeginden ybaratdyr.

"Kazyýet hakyndaky" Kanunyň 4, 51-nji maddasynda kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň garaşsyzlygyny üpjün etmegiň esasy *kepillendirmeleri* görkezilen. Olaryň garaşsyzlygy şu aşakdakylar bilen üpjün edilýär;

**kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň garaşsyzlygyny üpjün etmegiň esasy kepillendirmeleri**

- kazylary bellemegiň, kazyýet oturdaşlaryny saýlamagyň we bellemegiň, olary bosatmagyň kanunda bellenen tertibi bilen;
- kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň eldegrilmesizligi bilen;
- adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň berk ýuridiki tertibi bilen;
- kazyýet çözgütleri çykarylanda kazylaryň maslahatynyň gizlinligi hem-de ony jar etmegiň gadaganlygy bilen;
- kazyýete hormat goýmazlyk ýa-da anyk işleriň çözülmegine gatyşylmagy üçin jogapkärçilik
- kazyýetleriň işlemegi üçin zerur bolan guramaçylyk-tehniki şertleriň döredilmegi
- kazylaryň maddy we durmuş taýdan üpjün edilmegi bilen.

9-njy çyzgy

*Kazylary bellemegiň, kazyýet oturdaşlaryny saýlamagyň we bellemegiň, olary boşatmagyň kanunda bellenen tertibi.* “Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 59-njy maddasyna laýyklykda kazylyga we kazyýet oturdaşlygyna teklip edilýän dalaşgärlere birnäçe talaplar bildirilýär (mysal üçin, Türkmenistanyň raýaty, 25 ýaşy dolan we ş.m.).




10-njy çyzgy




11-nji çyzgy

Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriň oturdaşlary işleýän ýa-da ýaşaýan ýeriniň jemgyýetçiligi tarapyndan saýlanýar, welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriň oturdaşlary degişli häkimler tarapyndan, Ýokary kazyýetiň oturdaşlary bolsa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan 5 ýyl möhlet bilen bellenilýär (şol kanunyň 62-nji maddasy).

Kazylar 5 ýyl möhlet bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär. Eger kazynyň ygtyýarlyk möhleti onuň işe seredýän döwründe gutarýan bolsa, onda onuň ygtyýarlygy şol işe seredilip gutarylýança saklanýar (şol kanunyň 54-nji maddasy).

“Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 73-nji maddasynda bellenilşi ýaly, kazylary we kazyýet oturdaşlaryny ygtyýarlyklaryndan mahrum etmek hem-de möhletinden öň boşatmak diňe kanunda görkezilen esaslarda mümkin bolýar (mysal üçin, kanunylygy bozanlygy, öz belent ady bilen bir ýere sygyşmaýan biabraýçylykly etmişi edenligi üçin we ş.m.).

Kazylar diňe Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ygtyýarlyklaryndan mahrum edilip ýa-da möhletinden öň boşadylyp bilner.

Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriň oturdaşlary olaryň saýlanan ýerindäki raýatlaryň ýygnaklary tarapyndan, welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriň oturdaşlary olary bellän häkimler tarapyndan, Ýokary kazyýetiň oturdaşlary bolsa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ygtyýarlyklaryndan mahrum edilip ýa-da möhletinden öň boşadylyp bilner[3].

*Kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň eldegrilmesizligi.* “Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 57, 58, 74-nji maddalarynda kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň eldegrilmesizliginiň şu aşakdaky kepillendirmeleri kesgitlenen:

- Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmasa, kazynyň garşysyna hem-de kazyýetde özüniň oturdaşlyk borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda kazyýet

[3] B.Taganow Jenaýat iş ýöredişi. Aşgabat, 2002.

oturdaşynyň garşysyna jenaýat işi gozgalyp bilinmez hem-de ol tussag edilip bilinmez;

- kazynyň ýa-da kazyýet oturdaşynyň garşysyna jenaýat işi diňe Baş prokuror tarapyndan gozgalyp bilner. Şonuň bilen bir wagtda kazynyň ygtyýarlyklaryny togtatmak meselesi çözülýär;
- kazylar we kazyýet oturdaşlary barasyndaky jenaýat işi Ýokary kazyýetiň seljermegine degişlidir;
- kazynyň hem-de kazyýetde özüniň oturdaşlyk borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda kazyýet oturdaşynyň tutulyp saklanylmagyna, mejbury getirilmegine ýa-da olar barada administratiw temmi çäreleriniň ulanylmagyna ýol berilmeýär;
- kazylary düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek diňe kanunda görkezilen esaslarda (mysal üçin, işlere seredende kanunylygy bozandygy, beýleki gulluk etmişini edendigi üçin we ş.m.) we tertipde (mysal üçin, kazy babatda barlagyň geçirilmegi, temmi çäresiniň kwalifikasion kollegiýasy tarapyndan berilmegi we ş.m.) mümkin bolýar;
- kazyýet oturdaşlarynyň ygtyýarlylyk döwründe olaryň iş ýeriniň ýolbaşçylary tarapyndan işden çykarylmagyna ýa-da düzgün-nyzam temmisi tertibinde pes hak tölenýän işe geçirilmegine, umumy tertibiniň berjaý edilmeginden başga-da, diňe kazyýet oturdaşyny saýlan degişli zähmetkeşler kollektiwiniň ýa-da kazyýet oturdaşyny bellän edaranyň razylygy bilen ýol berilýär.

*Adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň berk ýuridiki tertibi.* Kazyýetler jenaýat işlerine seredenlerinde doly ygtyýarly we özbaşdak bolsalar-da, olar ähli edýän

işlerini JIÝK-niň we beýleki kanunlaryň talaplaryny berk berjaý etmek bilen ýerine ýetirýärler.

Şu ýerde ýokardaky duran kazyýetler aşakdaky duran kazyýetleriň çykaran hökümlerini, kesgitnamalaryny we kararlaryny kanunda kesgitlenen tertipde barlap, bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk bolan halatlarda, olary söküp bilýändiklerini belläp geçmelidiris. Emma olaryň aşakdaky duran kazyýetlere işe täzeden seredenlerinde ony nädip çözmelidigi hakynda görkezme bermäge haky ýokdur.

*Kazyýet çözgütleri çykarylanda kazylaryň maslahatynyň gizlinligi hem-de ony jar etmegiň gadaganlygy.* Kazyýet seljerişinde çözülýän ähli meseleler boýunça kazyýetiň düzümine girýän agzalary özara maslahatlaşyp, delillendirilen kesgitnama çykarýarlar.

Şeýle kesgitnamalar kazyýet mejlisiniň zalynda ýa-da maslahat otagynda çykarylýar. Birinji ýagdaýda kabul edilýän kesgitnamalar kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda beýan edilýär, ikinji ýagdaýda çykarylýan kesgitnamalar aýratyn resminama hökmünde kabul edilýär.

Höküm diňe maslahat otagynda çykarylýar. Maslahat edilýän wagtynda şol otagda diňe kazyýetiň düzümine girýän kazylaryň bolmagyna rugsat berilýär, başga adamlaryň gatnaşmagyna ýol berilmeýär. Höküm çykarylan wagtynda aýdylan pikirleri aýan etmäge kazylaryň haky ýokdur (JIÝK-niň 413-nji maddasy).

*Kazyýete hormat goýmazlyk ýa-da anyk işleriň çözülmegine gatyşylmagy üçin jogapkärçilik.* Konstitusiýanyň 101-nji maddasynda hem-de JIÝK-niň 21-nji maddasynda göz öňünde tutulan kepillendirmeler kazylaryň we halk oturdaşlarynyň öz hukuklaryny we borçlaryny päsgelçiliksiz, netijeli amala aşyrmaklygyny üpjün edýändir. Olaryň işlerine kimdir biri tarapyndan gatyşylmagy ýa-da olara hormat goýmazlyk gadagandyr. Bu düzgüniň bozulmagy kanun boýunça jogapkärçilige eltýär.

Şu ýörelgäni bozan adamlar barada kanunda aşakdaky çäreleriň hem-de jogapkärçiligiň ulanylmagy göz öňünde tutulýar:

1) kazyýet mejlisiniň zalyndan çykarmak: JIÝK-niň 370-nji maddasy esasynda kazyýet mejlisiniň düzgün-tertibiniň bozulandygy ýa-da başlyklyk edijiniň buýurmalaryna boýun bolmandygy üçin;
2) administratiw jogapkärçilik: AHTBHK-niň $177^2$-nji maddasy esasynda kazyýete hormat goýmazlyk üçin;
3) jenaýat jogapkärçilik:
- JK-niň 189-njy maddasy esasynda adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna päsgel bermekligi üçin;
- JK-niň 190-njy maddasy esasynda adyl kazyýetligi amala aşyrýan adam babatynda haýbat atmak ýa-da zorlukly hereketleri ulanmak üçin;
- JK-niň 191-nji maddasy esasynda kazyýeti äsgermezlik etmek üçin we beýlekiler.

*Kazyýetleriň işlemegi üçin zerur guramaçylyk*-*tehniki şertleriň döredilmegi.* Türkmenistanyň ähli kazyýetleriniň işini guramaçylyk taýdan üpjün edilmegi Ýokary kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar, ýagny kazylyga teklip edilýän dalaşgärleri seçip almak we taýýarlamak, kazyýet işgärleriniň hünär derejelerini ýokarlandyrmak, kazyýetleri maddy-tehniki taýdan üpjün etmek we olaryň işi üçin zerur bolan şertleri döretmek boýunça çäreleri geçirýär.

*Kazylaryň maddy we durmuş taýdan üpjün edilmegi.* Kazylaryň maddy taýdan garaşsyz bolmaklary olaryň öz borçlaryny üstünlikli ýerine ýetirmeginiň zerur şertleriniň biri bolup durýar. Kazylara hünär synagy göz öňünde tutmak esasynda iş haky berilýär. Olara hünär derejesi üçin wezipe aýlyklaryna goşmaça hak bellemegiň tertibi we onuň möçberi Türkmenistanyň kanunlary arkaly bellenilýär. Kazylaryň iş derejesini we iş tejribesini nazara almak esasynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan olara hünär derejeleri dakylýar. Kazylar abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edilýär. Kazylara öz esasy işinden daşary mugallymçylyk we ylmy-barlag işi bilen meşgullanmaga rugsat berilýär.

Kazyýet oturdaşlarynyň kazyýetde öz borçlaryny ýerine ýetiren wagtynyň dowamynda olaryň öz hemişelik işleýän ýerinde alýan ortaça iş haky saklanyp galýar.

Tölenýän beýleki haklar we ýeňillikler barasynda kazyýet oturdaşlarynyň öz borçlaryny kazyýetde ýerine ýetiren wagty olaryň öz esasy işini ýerine ýetiren wagty bilen deňleşdirilýär.

## Raýatlaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi esasynda adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagy

Konstitusiýanyň 19-njy maddasynda hem-de JIÝK-niň 20-nji maddasynda bellenilşi ýaly, raýatlaryň gelip çykyşyna, jemgyýetçilik, wezipe we emläk ýagdaýyna, reňkine we milletine, jynsyna, bilimine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine, käriniň görnüşine we häsiýetine, ýaşaýan ýerine hem-de beýleki ýagdaýlara garamazdan, adyl kazyýetlik olaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde *deňligi* esasynda amala aşyrylýar.

Hemme raýatlar eden jenaýatlary üçin hereket edýän şol bir jenaýat kanuny boýunça jogapkärçilige çekilýärler, jenaýat işleriniň gozgalmagy, olaryň derňelmegi, seredilmegi we çözülmegi jenaýat iş ýörediş kanuny tarapyndan bellenilen ýeke-täk we hemmeler üçin hökmany bolan tertipde hem-de şol bir kazyýet ulgamy tarapyndan amala aşyrylýar.

Raýatlaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deň bolmagy bilen birlikde, olar hem öz gezeginde, Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmäge we milli däp-dessurlaryny hormatlamaga borçludyr. Raýatlara berlen deň hukuklylygy hiç kim bozup ýa-da çäklendirip bilmez.

Şu ýörelgäniň bozulandygy üçin JK-niň 145-nji maddasynda (“Raýatlaryň deň hukuklylygynyň bozulmagy”) jenaýat jogapkärçiligi bellenilen.

12-nji çyzgy


Raýatlaryň
Açyklyk ýörelgesiniň esasy düzgünleri
jemgyýetçilik, wezipe we emläk ýagdaýyna
reňkine we milletine
jynsyna
bilimine
diline
dine garaýşyna
syýasy ygtykadyna
haýsy partiýa degişlidigine
käriniň görnüşine we häsiýetine
ýaşaýan ýerine
beýleki ýagdaýlara
garamazdan
adyl kazyýetlik *raýatlaryň* kanunyň we kazyýetiň öňünde *deňligi* esasynda amala aşyrylýar

## Kazyýet seljerişiniň açyklygy

Bu ýörelge Konstitusiýanyň 105-nji maddasydan gelip çykýar. Şoňa laýyklykda ähli kazyýetlerde işler açyk seljerilýär.

Açyklyk halkyň durmuşynda wajyp orun tutýar, ol demokratiýany amala aşyrmagynyň aýyrylmaz bölegidir. Şonuň üçin kazyýetde işi seredilýäniň ýaşaýan we işleýän ýerlerindäki zähmetkeşleri kazyýet seljerişiniň geçiriljek wagty we ýeri barada tiz-tizden habarly edilmeli. Kazyýetler kazyýet seljerişini gönüden-göni kärhanalarda, gurluşyklarda, daýhan birleşiklerde, okuw jaýlarynda giňden geçirilmeli. Kazyýet seljerişiniň ***açyklygy*** – bu jenaýat işleriniň seredilýän kazyýet zalyna 16 ýaşa ýeten islendik raýatlaryň, şol sanda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň, erkin girip gatnaşmaklaryny aňladýar. Eger belli bir adam iş boýunça aýyplanýan, jebir çeken ýa-da şaýat bolup durýan bolsa, onda ol 16 ýaşa ýetmedik bolsa-da, kazyýet mejlisiniň jaýyna goýberilmäge degişlidir (JIÝK-niň 369-njy maddasy).

Şu umumy ýagdaýyň aýratyn halatlary hem bar. Ýagny, JIÝK-niň 27-nji maddasynda sanalyp geçilen halatlarda iş *ýapyk kazyýet mejlisinde* seljerilýär:

1) döwletiň syryny goramak bähbitlerine ters gelýän işler boýunça;
2) kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça;

3) jyns bilen baglanşykly jenaýatlar hakyndaky işler boýunça;
4) işe gatnaşýan adamlaryň durmuşynyň pynhan taraplary hakyndaky maglumatlaryň aýan bolmagynyň öňüni almak maksady bilen beýleki işler boýunça.

Ýokardaky görkezilen 1-nji halatda iş *hökmany ýagdaýda* ýapyk kazyýet mejlisinde seredilýär, 2, 3, 4-nji halatlarda bolsa iş kazyýetiň delillendirilen *kesgitnamasy* boýunça ýapyk ýagdaýda seredilip bilner.

Ýapyk kazyýet mejlisi kazyýet önümçiliginiň ähli kadalaryny berjaý etmek bilen geçirilýär.

Kazyýet mejlisiniň açyk ýa-da ýapyk geçirilendigine garamazdan, höküm ähli halatlarda *aç-açan* yglan edilýär.

13-nji çyzgy

**Açyklyk ýörelgesiniň esasy düzgünleri**

- Ähli kazyýetlerde işleriň açyk kazyýet mejlisinde seredilmegi
- Işlere ýapyk kazyýet mejlisinde seredilmegine diňe kanunda göz öňüne tutulan ýagdaýlarda ýol berilmegi

14-nji çyzgy

Işlere ýapyk kazyýet mejlisinde seredilmegine

döwletiň syryny goramak bähbitleri bilen

Kazyýetiň delillendirilen kesgitnamasy esasynda

Ýol berilýär

15-nji çyzgy

**Kazyýet ýapyk kazyýet mejlisini geçirmek barada kesgitnamany şu aşakdaky işler boýunça çykaryp bilýär:**

- kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça
- jyns bilen baglanşykly jenaýatlar hakyndaky işler boýunça
- işe gatnaşýan adamlaryň durmuşynyň pynhan taraplary hakyndaky maglumatlaryň aýan bolmagynyň öňüni almak maksady bilen

## Kazyýet önümçiliginiň milli dili

Konstitusiýanyň 106-njy maddasynda hem-de JIÝK-niň 28-nji maddasynda kazyýet önümçiligi döwlet dilinde alnyp barylýar diýip görkezilen.

Bu ýörelge ähli derňew we kazyýet hereketleriniň, iş ýörediş resminamalaryň Türkmenistanyň *döwlet dilinde* alnyp barylýandygyny aňladýar. Eger-de işe gatnaşýan adamlar kazyýet işiniň alnyp barylýan dilini bilmeýän bolsalar, onda olar terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga hem-de öz ene dilinde (ýa-da başga bilýän dilinde) görkezme we düşündiriş bermäge, arzalary we haýyşnamalary aýtmaga, deslapky derňew we kazyýet edaralarynyň hereketlerini şikaýat etmäge, işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga, kazyýetde çykyş etmäge haklydyr.

Derňew we kazyýet resminamalary aýyplanýana onuň ene diline ýa-da bilýän başga diline terjime edilen görnüşinde gowşurylmalydyr.

Şu ýörelgäniň amala aşyrylmagyny üpjün etmek gönüden-göni anyklaýyş, deslapky derňew, prokuratura we kazyýet edaralarynyň üstüne ýüklenen.

JIÝK-niň 28-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalaryň bozulmagy jenaýat iş ýörediş kanunyň düýpli bozulmasy diýip hasap edilýär we hökümiň sökülmegi üçin esas bolup durýar. Ondan başga-da, terjimeçiniň görnetin nädogry terjime edendigi üçin JK-niň 201-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat jogapkärçiligi şu ýörelgäniň doly we dogry ýerine ýetirilmeginiň kepillendirmesi bolup hyzmat edýär. Kazyýet önümçiliginiň milli dili ýörelgesiniň ähmieti biziň döwletimiziň demokratiýalygyny, onuň milli syýasatyny görkezip, ilat üçin eminligiň düsnükliligini we el ýeterliligini, jenaýat iş ýöredişiniň gatnaşyjylary üçin bolsa wagtynda we doly ýagdaýda hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmekden, kazyýet seljerişleriniň terbiýeçilik we jenaýatlaryň öňüni almak ähmiýetiniň ýokarlandyrmagyna ýardam bermekden hem-de anyklaýyş, deslapky derňew, prokuratura we eminlik

edaralarynyň işlerini halkyň gözegçiligi astyna goýmakdan ybarat bolup durýar.

16-njy çyzgy



## Aýyplanýanyň özüni aklamak hukugyny üpjün etmek

Bu ýörelgäniň düýp mazmuny Konstitusiýanyň 43-45, 107, 108-nji maddalarynda berkidilen, JIÝK-niň 24-nji maddasynda bolsa onuň takyk kesgitlemesi berlen. Şoňa laýyklykda aýyplanýan özüni aklamak hukugy bilen üpjün edilen. Anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet aýyplanýana kanunda bellenilen serişdeler we usullar arkaly özüni aklamak mümkinçiligini üpjün etmäge hem-de onuň şahsy we emläk hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmäge borçludyr.

Aýyplanýanyň özüni aklamaga hukugynyň bardygy barada gürrüň edilende diňe bir aýyplanýana düşünmeli däl-de, eýsem güman edilýäniň, kazyýetde işi seredilýäniň, iş kesileniň, aklananyň hem şolar ýaly hukuklarynyň bardygyna düşünmelidir.

***Aýyplanýanyň özüni aklamak hukugyny üpjün etmek*** ýörelgesi şu aşakdaky ýagdaýlary öz içine alýar:

1) aýyplanýana özüni aklamak hukugyny bermek;
2) anyklaýyş, deslapky derňew, prokuratura we kazyýet edaralarynyň aýyplanýana şol hukugyny amala aşyrmagyň mümkinçiligini üpjün etmek baradaky borjy;
3) görkezilen edaralaryň aýyplanýanyň şahsy we emläk hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmek baradaky borjy.

*Aýyplanýanyň özüni aklamak hukugy* şu aşakdakylardan ybarat:

- aýyplanýanyň özüni goramagy üçin kanun tarapyndan birnäçe hukuklar berlen;
- aýyplanýanyň aklawçy tutunmaga hukygy bar;
- kanunda göz öňünde halatlarda aýyplanýanyň kanuny wekili işe gatnaşýar.

*Jenaýat kazyýet önümçiligini amala aşyrýan edaralaryň aýyplanýana özüni aklamak hukugyny üpjün etmekde borjy* diýlip aşakdakylara düşünilýär:

- şol edaralar adama onuň nämede aýyplanýandygyny takyk mälim etmeli;
- aýyplanýany aklawçy bilen üpjün etmeli;
- özleriniň subut etmek borjuny aýyplanýanyň üstüne ýüklemeli däl;
- zorluk, haýbat we başga bikanun çäreler arkaly aýyplanýandan görkezme almaly däl;
- işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw derňemeli we beýlekiler.

Wezipeli adamlaryň şu ýagdaýlary bozandyklary üçin JK-niň 182-nji (“Wezipe ygtyýarlarynyň çäginden çykmak”), 197-nji (“Görkezme bermäge mejbur etmek”) we beýleki maddalarda jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulan.

*Jenaýat kazyýet önümçiligini amala aşyrýan edaralaryň aýyplanýanyň şahsy we emläk hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmekde borjy* şu düzgünlerden ybarat:

- şol edaralar tussag edilen adamyň gözegçiliksiz galan çagalaryna howandarlyk etmek hem-de emlägini gorap saklamak üçin çäreleri görmeli;

- adam güman edilýän hökmünde saklananda, tussag astyna alnanda onuň ýakyn garyndaşlaryna habar bermeli;
- jenaýat iş ýöredişini amala aşyrýan edaralaryň bikanun hereketleri netijesinde raýata zyýan ýetirilen bolsa, şol zyýanyň öwezini doldurmak üçin degişli çäreleri görmeli.

17-nji çyzgy

**Aýyplanýanyň özüni aklamak hukugyny üpjün etmek ýörelgesiniň düzüm bölekleri:**

↓

aýyplanýana özüni aklamak hukugyny bermek;

↓

anyklaýyş, deslapky derňew, prokuratura we kazyýet edaralarynyň aýyplanýana şol hukugyny amala aşyrmagyň mümkinçiligini üpjün etmek baradaky borjy

↓

görkezilen edaralaryň aýyplanýanyň şahsy we emläk hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmek baradaky

## Bigünälik prezumpsiýasy

Bu ýörelge öz gözbaşyny Konstitusiýanyň 18, 23-nji maddalaryndan alyp gaýdýar. Şol maddalarda aýdylyşy ýaly, raýatyň hukuklaryny çäklendirmek, ony hukuklaryndan mahrum etmek, oňa iş kesmek ýa-da jeza bermek bolmaz, beýle ýagdaýlara diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda ýol berilýär.

*“Prezumpsiýa”* diýen sözi latyn dilinden gelip çykyp, “çaklama” diýmekligi aňladýar.

***Günäsizligiň prezumpsiýasynyň*** düýp esasy raýatyň günäsi kanunda göz öňünde tutulan tertipde subut edilýänçä we kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen belli edilýänçä, ol günäsiz diýip hasap edilýändiginden ybaratdyr ( JIÝK-niň 18-nji maddasy, “Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 11-nji maddasy).

Aýyplanýan (güman edilýän, kazyýetde işi seredilýän) günäsiz diýlip jenaýat işini alyp barýan wezipeli adam tarapyndan däl-de, kanun tarapyndan hasap edilýändir.

Bigünälik prezumpsiýasy hakyndaky ýörelgesi şu aşakdaky ýagdaýlara täsir edýär:

- aýyplanýanyň (güman edilýäniň, kazyýetde işi seredilýäniň) hukuk ýagdaýyna;
- subut etmek işine;
- jenaýat kazyýet önümçilik edaralarynyň özara gatnaşyklaryna.

Seredilýän ýörelge *aýyplanýanyň hukuk ýagdaýyna* nädip täsir edýändigi barada aýdanymyzda anyklaýjy, sülçi,

prokuror jenaýatyň üstüni açmak we günäkäri paş etmek maksady bilen deslapky derňew ýa-da anyklaýyş döwründe aýyplanýanyň günäsini anyklamalydygy we subut etmelidigi barada belläp geçmeli. Emma aýyplanýanyň günäsi deslapky derňew we anyklaýyş döwründe hakykatdan hem subut ediläýende-de, bu ýagdaý bigünäligiň ýokary tutulmagy ýörelgesiniň hereket etmegini ýatyrmaýar, çünki aýyplanýanyň günäsi tä kanuny güýjüne giren kazyýetiň höküminde anyklanmasa, ol jenaýat-hukuk manysynda günäsiz diýlip hasap edilýändir. Başgaça aýdanymyzda, bigünälik prezumpsiýasy kazyýet tapgyrlarynda-da doly suratda hereket edýär. Şeýlelik-de aýyplanýanyň günäsiniň deslapky derňew we anyklaýyş tapgyrlarynda subut edilmegi onuň üçin diňe jenaýat iş ýörediş yz galdyrmalaryny döredýärler (jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi, ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň seçilip alynmagy, wezipesinden çetleşdirilmegi we ş.m). Emma welin aýyplanýany jenaýat etmekde günäli bilinmegi we şonuň bilen birlikde jenaýat-hukuk yz galdyrmalaryň emele gelmegi diňe kazyýetiň kanuny güýjüne giren aýyplaýyş hökümi boýunça mümkin bolup durýandyr.

Şu zatlary nazara tutmak bilen aşakdaky ýaly netijeler çykarylýar: jenaýat kazyýet önümçilik edaralary aýyplanýanyň goranmak hukugyny üpjün etmeli, özleriniň subut etmek borjuny aýyplanýanyň üstüne atmaly däl, aýyplanýanyň kazyýete berilmegi onuň günäligini öňünden çözýän däldir we ş.m.

Bigünälik prezumpsiýasy ýene-de bir wajyp soraglaryň birine takyk jogap berýär. Eger-de

aýyplanýanyň günäsini doly möçberde subut edip bolmadyk bolsa, ýöne onuň garşysyna azda-kände belli bir subutnamalar bar bolsa, onda sülçi, anyklaýyşy geçirýän adam, prokuror, kazyýet nähili karara gelmeli? Bigünälik prezumpsiýasy ýörelgesi şeýle jogap berýär: eger-de adamyň günäligi hakykat ýüzünde anyklanmadyk bolsa, onda ol adam günäsiz diýilip ykrar edilmeli we onuň at-abraýy doly dikeldilmeli.

Şeýlelik bilen, bigünälik prezumpsiýasy diňe bir aýyplanýanyň günäligini hakykatdan we şek-şübhesiz anyklamagyny talap etmän, şeýle-de aýyplananyň günäsi subut edilmese ony jenaýat jogapkärçiligine çekmegini, aýratyn-da iş kesilmegini gadagan edýändir.

*Subut etmek işinde* bigünälik prezumpsiýasynyň hereket edişi işiň ýagdaýlaryny hemme taraplaýyn, doly we obýektiw derňelmeginde ýüze çykýar. Bu ýörelge jenaýat işini derňeýän ýa-da çözýän adamy hakykatyň ýüze çykarmagyna gönükdirýär, aýyplanýan üçin bolsa has oňaýly şertlerini döredip, onuň öz günäsizligini subut etmek borjy däl-de, onuň hukugy bolup durýandygyna esaslanýar. Subut etmek işi hemme taraplaýyn alynyp barylmasa hakykatyň ýüze çykarylmagy mümkin bolmaz, sebäbi bir taraplaýyn aýyplaýyş ugur aýybyň subut edilmegini üpjün edip bilmez. Aýyplaýyş höküm çaklamalara esaslanyp bilmez, ol diňe işiň materiallary tarapyndan doly aýan edilen hakykat maglumatlaryna esaslanyp biler. Aýyby subut etmekde her bir şübheler, näsazlyklar, eger-de olary aradan aýyrmak mümkin bolmaýan bolsa, aýyplananyň haýryna düşündirilýändir.

Bigünälik prezumpsiýasy deslapky derňew we kazyýet *edaralarynyň özara gatnaşyklaryna* hem täsir edýär.

Kazyýet özüniň seretmegine diňe bildirilen günäsi toplanan materiallar bilen esaslandyrylyp, subut edilen bolsa, şol jenaýat işlerini kabul edip bilýär. Ýagny, kazyýet jenaýat işini eminlik seljerişine geçirmän, göni kazyýete bermek tapgyryndan goşmaça derňewe ugradyp bilýär.

Bigünälik prezumpsiýasy jenaýat işleriň bir taraplaýyn, ynamsyzlyk derňemeginiň we seljermeginiň öňüni almagyna, jenaýat kazyýet önümçilik edaralaryndan jenaýaty amala aşyran adamy paş etmekde işeňňir işlemeklerini talap etmegine, adamy esassyz jenaýat jogapkärçiligine çekilmezliginiň, kazyýete berilmezliginiň we iş kesilmezliginiň kepillendirmesi bolup çykyş etmegine gönükdirilendir[4].

[4] К.Ф.Гуценко, Л.В.Головко, Б.А.Филимонов. Уголовный процесс западных государств. Учебное пособие. Москва 2002. с.20

18-nji çyzgy

## Bigünälik prezumpsiýasy

- raýaty kazyýet etmek we oňa jeza bermek diňe kanuna laýyklykda we kazyýetiň karary esasynda ýol berilýär
- raýatyň günäsi kanunda göz öňünde tutulan tertipde subut edilýänçä we kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen belli edilýänçä ol günäsiz hasaplanýar
- Aýyplanýan öz bigünäligini subut etmäge borçly däldir.
- Aýyby subut etmekde her bir şübheler, näsazlyklar, eger-de olary aradan aýyrmak mümkin bolmaýan bolsa, aýyplanýanyň haýryna düşündirilýändir.
- Hiç bir adam özüniň garşysyna görkezme bermäge borçly däldir.

## Jenaýat kazyýet önümçiligine jemgyýetçiligiň gatnaşmagy.

Anyklaýyş, deslapky derňew we kazyýet edaralarynyň alyp barýan işlerine jemgyýetçiligi giňden çekmek, onuň bilen ýakyndan aragatnaşyk saklamak – bu jenaýat ýöredişiň onuň demokratiýalylygyny, açyklygyny görkezýän ýörelgesidir.

JIÝK-niň 229-njy maddasynda aýdylyp geçilşi ýaly, derňew geçirilinde jenaýatyň üstüni açmak, jenaýaty eden adamlary gözläp tapmak, jenaýatlaryň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak hem-de olary aradan aýyrmak üçin jemgyýetçiligiň kömeginden giňden peýdalanylýar.

Kanunda jenaýat kazyýet önümçiligine jemgyýetçiligi gatnaşdyrmagyň dürli ýollary bellenen. Mysal üçin:

*jenaýat işini gozgamak tapgyrynda:*

- raýatlaryň arzalary, edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň we beýleki jemgyýetçilik birleşmeleriniň jenaýat hakynda beren habarlary jenaýat işini gozgamak üçin delil bolup durýar;
- gelip gowşan habarda jenaýatyň alamatlary bolman, onda düzgün-nyzam ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň başga bozulmalary hakyndaky maglumatlar bar bolsa, onda solar ýaly habar jemgyýetçilik birleşiginiň,

zähmetkeşler kollektiwiniň seredilmegine iberilip bilner;

*deslapky derňew işi tapgyrynda:*

- edaralar, kärhanalar, guramalar hut özleri ýa-da sülçiniň talaby boýunça subutnamalary getirip bilýärler;
- jemgyýetçilik guramasynyň zamunlygy ýa-da şahsy zamunlyk ýaly ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň ulanylmagy mümkin;
- derňew hereketleri geçirilende güwäler, terjimeçiler, hünärmenler, statistler we jemgyýetiň beýleki wekilleri giňden gatnaşdyrylýar;

*kazyýet seljerişi tapgyrynda:*

- birinji instansiýaly kazyýetiň düzümine iki sany kazyýet oturdaşy gatnaşýar;
- kazyýet mejlisine edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň wekilleriniň hem-de aýry-aýry adamlaryň gatnaşmagyna giňden ýol berilýär.

## §3. Jenaýat iş ýöredişiň ýörite ýörelgeleri. Işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw derňemek.

JIÝK-niň 23-nji maddasynyň talap edişi ýaly, kazyýet, prokuror, sülçi we anyklaýjy işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw derňemek (seljermek) üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge, aýyplanýany paş edýän we aklaýan ýagdaýlary-da, onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary-da ýüze çykarmaga borçludyrlar.

Işiň ýagdaýlaryny *hemmetaraplaýyn* derňemek diýen talap şu aşakdakylary aýdyňlaşdyrmagyndan ybaratdyr:

- iş boýunça ähli ýagdaýlary;
- aýyplanýany paş edýän we aklaýan ýagdaýlary;
- onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary.

Işiň ýagdaýlaryny *doly* derňemek talaby şu aşakdakylary öz içine alýar:

- her bir iş boýunça subut edilmeli ýagdaýlaryň hemmesini aýdyňlaşdyrmak; şol ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalary ýygnamak.

Işiň ýagdaýlaryny *obýektiw* derňemek baradaky talap aşakdakylary aňladýar:

- kazyýet, prokuror, sülçi, anyklaýjy öňden dörän ters pikirlilige, birtaraplylyga, aýyplaýyş ýa-da aklaýyş ugurlaryna ýol bermeli däldir, gaýtam diňe adalatlylygy görkezmelidir;
- eger-de görkezilen wezipeli adamlaryň hem-de käbir beýleki gatnaşyjylaryň işde şahsy, göni ýa-da gytaklaýyn bähbitleri bar bolsa, onda olar işiň ýöredilmegine gatnaşdyrylman, ret edilmäge degişlidir.

19-njy çyzgy


Işiň ýagdaýlaryny *hemmetaraplaýyn* derňemeklik
**Iş boýunça ähli**
aýyplanýany paş edýän we aklaýan ýagdaýlary anyklamak
aýyplanýanyň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary anyklamak

20-nji çyzgy

**Işiň ýagdaýlaryny *doly* derňemeklik iş boýunça aşakdaky subut edilmeli ýagdaýlaryň hemmesini aýdyňlaşdyrmaklygy aňladýar**

Jenaýatyň wakasy (wagty, ýeri, usuly we beýleki ýagdaýlary)

etmişi kimiň edendigi, jenaýaty etmekde şol adamyň günäkärligi

edilen jenaýatyň yz galdyrmalary, jenaýat zerarly ýetirilen zyýanyň häsiýeti we möçberi

jenaýatyň edilmegine ýol açýan sebäpler we şertler

jenaýat jogapkärçiliginden we jezadan boşadýan ýagdaýlar

etmişiň jenaýatçylykdygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar

aýyplanýanyň jogapkärçiliginiň derejesine we häsiýetine täsir edýän ýagdaýlar

21-nji çyzgy

Işiň ýagdaýlaryny *obýektiw* derňemekligiň kepillikleri

kazyýet, prokuror, sülçi, anyklaýjy tarapyndan öňden dörän ters pikirlilige, birtaraplylyga, aýyplaýyş ýa-da aklaýyş ugurlaryna ýol berilmezligi

Hiç-bir adam zorluga, gynamalara we başga adamyň mertebesini peseldýän herekete sezewar edilmeli däldir

***işde şahsy, göni ýa-da gytaklaýyn bähbitleri bolan wezipeli adamlaryň we käbir beýleki gatnaşyjylaryň ret edilmegi***

### Kazyýet seljerişine gatnaşýanlaryň deňhukuklygy

JIÝK-niň 351-nji maddasyna laýyklykda kazyýetde işi seredilýän, adwokat, döwlet aýyplaýjysy, şeýle hem jebir çeken, raýat talapçy, raýat jogap berijii we olaryň wekilleri kazyýet seljerişinde *subutnamalary getirip görkezmek, subutnamalary barlamaga gatnaşmak, haýyşnamalary aýtmak we beýleki meseleler* boýunça deň hukuklydyr. Kazyýet seljerişiniň gatnaşyjylarynyň hiç biri beýlekileriň öňünde artykmaç hukuk ýagdaýyna goýlan däldir.

Konstitusiýanyň 107-nji maddasynda hem-de JIÝK-niň 22-nji maddasynda adyl kazyýetlik taraplaryň deň hukuklylygy we bäsleşigi esasynda amala aşyrylýar diýip görkezilen. Kazyýet seljerişiniň gatnaşyjylary aýyplaýyş hem-de aklaýyş taraplara (toparlara) bölünýär. Taraplaryň bäsleşigi diýlende sözüň göni manysyna düşünmeli däl-de, gatnaşyjylaryň her biriniň öz bähbitlerini gorap, kazyýetiň öňünde öz nukdaýnazaryny subut edýändigine we esaslandyrýandygyna düşünmelidir. Taraplar kazyýetleriň çykaran hökümleri, kararlary we beýleki çözgütleri barada şikaýat etmäge haklydyr (JIÝK-niň 29-njy maddasy).

Şeýlelik bilen, ***gatnaşyjylaryň deň hukuklylygy*** ýörelgesiniň düýp manysy kazyýet iş ýöredişiniň gatnaşyjylarynyň her biri öz kanuny bähbitlerini gorap biler ýaly, olara deň iş ýörediş hukuklarynyň berilmegi hem-de şol hukuklar bilen üpjün edilmegi bolup durýar.

22-nji çyzgy



kazyýetde işi seredilýän, adwokat, döwlet aýyplaýjysy, şeýle hem jebir çeken, raýat talapçy, raýat jogapkäri we olaryň wekilleri kazyýet seljerişinde
subutnamalary getirip görkezmekde
subutnamalary barlamaga gatnaşmakda
haýyşnamalary aýtmak we beýleki meseleler boýunça
deňhukuklydyrlar

**Subutnamalary içki ynam-ygtykady boýunça baha berilmegi.**

Şu ýörelgäniň jenaýat kazyýet önümçiligini amala aşyrýan edaralar tarapyndan iş boýunça dogry çözgütleri kabul etmekde wajyp ähmiýeti bar. JIÝK-niň 21, 23-nji maddalarynyň mazmunyna laýyklykda kazyýet, prokuror, sülçi we anyklaýjy subutnamalara kanuna we özleriniň hukuk düşünjeliligine gollanyp, işiň ähli ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw seredilmegine esaslanyp, öz içki ynam-ygtykady boýunça baha berýärler. Kazyýet, prokuror, sülçi we anyklaýjy üçin hiç hili subutnamalaryň öňünden bellenen güýji ýokdur.

Subutnamalara *içki ynam-ygtykady* boýunça baha bermek jenaýat işini ýöredýän wezipeli adamyň iş ýörediş taýdan özbaşdaklygyny hem-de subutnamalara baha bermek meselesinde onuň doly ygtyýarlydygyny aňladýar. Anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet başga biri tarapyndan berilýän bahalara gollanmaly däldir, şeýle hem baha bermek borjuny beýleki adamlaryň (şol sanda aýyplanýanyň) üstüne ýüklemeli däldir.

*Hukuk düşünjeliligine* gollanmagy diýlip anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet subutnamalara baha berenlerinde hukuk barada, onuň ýuridiki, durmuş we ahlak taraplary barada özleriniň professional düşünjeliligine esaslanýandyklaryny aňladýar.

**Kazyýet seljerişiniň dogrudan-dogry, dilden we üznüksiz geçirilmegi.**

Şu ýörelgäniň düşünjesi JIÝK-niň 350-nji maddasynda berilýär.

Kazyýet seljerişiniň *dogrudan-dogry* geçirilmegi ýörelgesi deslapky derňew işi we kazyýet seljerişi döwründe ýygnalan subutnamalary kazylaryň gös-göni özleri barlap, jenaýat işi boýunça hut özleriniň degişli netije çykarmaklaryndan ybaratdyr. Birinji instansiýaly kazyýet işe sereden mahaly subutnamalary dogrudan-dogry barlamaga borçludyr, ýagny kazyýet edilýänleri, jebir çekenleri, şaýatlary sorag etmäge, bilermenleriň netijelerini diňlemäge we ş.m. Kazyýetiň hökümi diňe kazyýet mejlisinde dogrudan-dogry seredilip barlanan subutnamalara esaslandyrylmalydyr. (Seret çyzgy №18)
Kazyýet seljerişiniň *dilden* geçirilmegi ýörelgesi kazyýet seljerişinde ähli hereketleriň, ýagny görkezme bermek, soraglary goýmak, ýazmaça materiallary yglan etmek we ş.m. dil üsti bilen geçirilýändigini aňladýar.

Kazyýet seljerişiniň *üznüksiz* geçirilmegi ýörelgesi şu aşakdaky ýagdaýlardan ybarat:

- kazyýet mejlisiniň üznüksizligi. Dynç almak üçin bellenen wagtdan başga, her bir iş boýunça kazyýet mejlisi üznüksiz geçirilmelidir. Şunuň bilen birlikde kazylaryň şol bir düzümi tarapyndan başlanan belli bir işiň seljerilmegini gutarmadyk bolsalar, başga işlere seretmeli däldir;
- kazyýetiň düzüminiň üýtgewsizligi. Her bir işe kazylar şol bir düzümde seretmelidir. Eger kazylaryň biri

mejlise gatnaşmagyny dowam edip bilmeýän bolsa, onda ol başga bir kazy bilen çalşyrylýar we işiň seljerilmegi başdan başlanylýar.

-

23-nji çyzgy



24-nji çyzgy


Kazyýet seljerişiniň *dilden* geçirilmegi:
Kazyýet seljerişinde kazyýetde işi seredilýänler, şaýatlar, jebir çekenler tarapyndan görkezmelerini dil üsti berilmegini we olaryň dowamynda, soraglaryň goýulmagyny, jogaplaryň berilmegini;
Kazyýet seljerişiniň dowamynda derňew hereketleriniň teswirnamalarynyň, rewiziýa namalarynyň, bilermenler netijenamasynyň we beýleki ýazmaça materiallaryň yglan edilmegini;
A Ň L A D Ý A R

# Bap III. Jenaýat iş ýöredişiň gatnaşyjylary

## §1. Jenaýat iş ýöredişiň gatnaşyjylary barada düşünje we olaryň toparlara bölünişi.

**Jenaýat iş ýöredişiň gatnaşyjylary (ýa-da subýektleri)** diýlip – bu iş ýörediş hukuklaryna we borçlaryna eýe bolan hem-de olary amala aşyrmak maksady bilen jenaýat kazyýet önümçiliginiň beýleki subýektleri bilen iş ýörediş gatnaşyklaryna girişen adamlara we edaralara aýdylýar.

Jenaýat iş ýöredişiň gatnaşyjylaryny, olaryň ýerine ýetirýän iş ýörediş wezipelerine laýyklykda, şu aşakdaky ***toparlara*** bölüp bolar.

**I.** Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaralar we wezipeli adamlar:

1) kazyýet, kazy;

2) jenaýat yzarlaýşyny amala aşyrýan edaralar we wezipeli adamlar:

- prokuror;
- sülçi;
- derňew bölüminiň başlygy;
- anyklaýyş edarasy;
- anyklaýjy.

**II.** Öz hukuklaryny we bähbitlerini gorýan jenaýat iş ýöredişiniň gatnaşyjylary:

- güman edilýän;
- aýyplanýan;
- jebir çeken;
- raýat talapçy;

- raýat jogap berijii.

**III.** Wekilçilik edilýänleriň hukuklaryny we bähbitlerini goraýan jenaýat iş ýöredişiniň gatnaşyjylary:

- adwokat;
- wekil;
- kanuny wekil.

**IV.** Jenaýat iş ýöredişine gatnaşýan beýleki adamlar:

- şaýat;
- güwä;
- bilermen;
- hünärmen;
- terjimeçi;
- kazyýet mejlisiniň kätibi;
- statist we beýlekiler.

**25-nji çyzgy**



**26-njy çyzgy**


Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaralar we wezipeli adamlar
prokuror
sülçi
anyklaýjy
anyklaýyş edarasy
derňew bölüminiň başlygy

**27-nji çyzgy**


Öz hukuklaryny we bähbitlerini gorýan jenaýat iş ýöredişiniň gatnaşyjylar
güman edilýän
aýyplanýan
jebir çeken
raýat talapçy
raýat jogapkäri

**28-nji çyzgy**




**29-njy çyzgy**



## §2.Jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaralar we wezipeli adamlar.

### S Ü L Ç I

**Sülçi** – bu deslapky derňewi geçirmek işlerini amala aşyrýan wezipeli adamdyr (JIÝK-niň 73-nji maddasy).

JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 53-nji bendinde bellenilşi ýaly, deslapky derňew şu aşakdaky edaralaryň *sülçüleri* tarapyndan geçirilýär:

1) içeri işler edaralarynyň sülçüleri;
2) prokuratura edaralarynyň sülçüleri;
3) milli howpsuzlyk edaralarynyň sülçüleri;
4) neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň sülçüleri.

Sülçiniň ygtyýarlyklarynyň düýp esasy onuň iş ýörediş taýdan özbaşdaklygy bolup durýar. JIÝK-niň 74-nji mad. laýyklykda ***sülçiniň iş ýörediş taýdan özbaşdaklygy*** şu aşakdakylary aňladýar.

**I.** 1) Sülçi deslapky derňew geçirilen mahalynda derňewiň ugry hakynda we derňew hereketlerini geçirmek hakynda ähli çözgütleri özbaşdak kabul edýär hem-de olaryň kanuny we öz wagtynda geçirilmegine doly jogapkär bolup durýar;
2) emma kanunda görkezilen halatlarda sülçi prokurordan sanksiýa, ygtyýar, tassyklama we razyçylyk almaly.

**II.** 1) Sülçi alyp barýan işlerinde diňe kanuna we öz hukuk düşünjeliligine gollanmalydyr. Sülçiniň işine

goşulyşmaga we oňa görkezme bermäge hiç kimiň haky ýökdyr;
2) emma şu aşakdaky wezipeli adamlar sülçä görkezme bermäge haklydyr:
a) prokuror;
b) derňew bölüminiň başlygy;
3) prokuror we derňew bölüminiň başlygy tarapyndan jenaýat işi boýunça hat üsti bilen berlen görkezmeler sülçiniň ýerine ýetirilmegi üçin hökmanydyr. Berlen görkezmeleriň şikaýat edilmegi olaryň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar (JIÝK-niň 75-nji maddasy.);
4) eger sülçi prokuroryň ýa-da derňew bölüminiň başlygynyň beren görkezmeleri bilen närazy bolsa, onda ol ilki bilen şol görkezmeleri ýerine ýetirýär, soňra bolsa olary şu aşakdaky wezipeli adamlara şikaýat edip bilýär:

a) gözegçilik edýän prokuroryň görkezmelerini ýokardaky duran prokurora şikaýat edip bilýär;
b) derňew bölüminiň başlygynyň görkezmelerini gözegçilik edýän prokurora şikaýat edip bilýär;
5) emma JIÝK-niň 74-nji maddasynyň 3-nji boleginde göz öňünde tutulan meseleler boýunça sülçi prokuroryň ýa-da derňew bölüminiň başlygynyň beren görkezmeleri bilen razylaşmasa, onda ol şol görkezmeleri ýerine ýetirmän hem degişli prokurora şikaýat edip bilýär, yagny:

a) aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda;

b) jenaýaty maddalaşdyrmak hakynda;
c) ýüklenýän aýbyň möçberi hakynda;
d) kazyýet seljerişini bellemek üçin jenaýat işini kazyýete ibermek hakynda;
e) işi ýatyrmak hakynda;

6) sülçi prokuroryň ýa-da derňew bölüminiň başlygynyň beren görkezmelerini şikaýat etmek üçin şu aşakdaky materiallary degişli prokurora ibermelidir:

a) jenaýat işiniň materiallaryny;
b) özüniň nägilelik hatyny;

7) sülçiniň şikaýadyna garaýan prokuror, özüne iberilen materiallary öwrenip, şu aşakdaky çözgütleriň birini kabul edýär:

a) eger degişli prokuror aşakdaky duran prokuroryň ýa-da derňew bölüminiň başlygynyň beren görkezmesini nädogry hasap etse, onda ol şol görkezmäni söküp, deslapky derňewiň dowam etdirilmegini ýene-de şol sülçä tabşyrýar;
b) eger degişli prokuror aşakdaky duran prokuroryň ýa-da derňew bölüminiň başlygynyň beren görkezmesini dogry hasap etse, onda ol şol görkezmäni güýçde galdyryp, deslapky derňewiň dowam etdirilmegini başga sülçä tabşyrýar.

Prokuror tarapyndan sanksiýa berlen halatynda sülçiniň degişli kararynyň ýokarky sag burçunda şu aşakdaky ýaly rezolýusiýa ýerleşdirilýär (15.08.2009-njy

ýyldaky “Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Kanunyň 58-nji maddasy):

“S A N K S I Ý A  B E R Ý Ä R I N”

Aşgabat şaher Azatlyk etrap prokuroryýustisiýanyň geňeşçisi A.B.Ataýew

2010-njy ýylyň “__” i/y marty

Tugraly möhür

Prokurordan sanksiýa alynmaly halatlar şu aşakdakylardyr:

1) tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak üçin (JIÝK-niň 154-nji maddasy);
2) tussag astynda saklamagyň möhletini uzaltmak üçin (JIÝK-niň 158-nji maddasy);
3) döküş geçirmek üçin (JIÝK-niň 270-nji maddasy);
4) şu aşakdaky halatlarda alyş geçirmek üçin:
   a) poçta-telegraf hat-habarlary tussag etmek we olary almak üçin (JIÝK-niň 281-nji maddasy);
   b) döwlet syryny saklaýan resminamalary almak üçin (JIÝK-niň 271-nji maddasy);
5) telefon we beýleki gepleşikleri diňlemek hem-de ses ýazgysyna geçirmek üçin (JIÝK-niň 283-nji maddasy);
6) habarlary ele salmak üçin (JIÝK-niň 282-nji maddasy);
7) tussag astynda saklanylmaýan güman edilýäni we aýyplanýany, şeýle hem jebir çekeni we şaýady kazyýet-medisina we kazyýet-psihiatriýa seljermesidan

geçirmek maksady bilen medisina edarasyna mejbury ýerleşdirmek üçin (JIÝK-niň 294-nji maddasy);

8) aýyplanýany wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmek üçin (JIÝK-niň 167-nji maddasy);
9) günä geçmek nama esasynda jenaýat işini ýatyrmak üçin (eger-de degişli günä geçmek namada sanksiýanyň alynmagy göz öňünde tutulýan bolsa);
10) tussag edilen adamy bir adamlyk kamerada saklamak üçin (JIÝK-niň 177-nji maddasy).
11) düzediş (ýa-da terbiýeleýiş) koloniýasynda jezasyny çekmek üçin iş kesilen adamy derňew gabawhanasynda ýa-da türmede wagtlaýyn galdyrmak üçin (DZK-niň 15-nji maddasy);
12) iş kesilen adamy düzediş (ýa-da terbiýeleýiş) koloniýasyndan derňew gabawhanasyna ýa-da türmä etapirlemek üçin (DZK-niň 20-nji maddasy).

<u>Sülçiniň prokurordan ygtyýar almaly halatlaryna düşündiriş bereliň</u>.

Prokuror tarapyndan ygtyýar berlen halatynda sülçiniň degişli kararynyň ýokarky sag burçunda şu aşakdaky ýaly rezolýusiýa ýerleşdirilýär:

“Y G T Y Ý A R  B E R Ý Ä R I N”

Daşoguz welaýat prokuroryýustisiýanyň döwlet geňeşçisi S.K.Jumaýew

2010-njy ýylyň “__” i/y sentýabry

Prokurordan ygtyýar alynmaly halatlar şu aşakdakylardyr:

1) jenaýat işini gozgamak üçin (JIÝK-niň 216-njy maddasy);
2) jenaýat işini ýatyrmak üçin (JIÝK-niň 314-nji maddasy).

Prokuror tarapyndan tassyklama berlen halatynda sülçiniň çykaran degişli resminamasynyň ýokarky sag burçunda şu aşakdaky ýaly rezolýusiýa ýerleşdirilýär:

“T A S S Y K L A Ý A R Y N”

Mary şäher prokurory ýustisiýanyň kiçi geňeşçisi

G..M.Durdyýew

2010-njy ýylyň “__”i/y iýuly

Prokuroryň tassyklamasyny almaly halatlar şu aşakdakylardyr:

1) deslapky derňewiň möhletini uzaltmak üçin (JIÝK-niň 230-njy maddasy);
2) aýyplaw netijenamasyny tassyklamak üçin (JIÝK-niň 326-njy maddasy).

Prokuror tarapyndan razyçylyk berlen halatynda sülçiniň degişli kararynyň ýokarky sag burçunda şu aşakdaky ýaly rezolýusiýa ýerleşdirilýär:

“R A Z Y L A Ş Ý A R Y N”

Ahal welaýat Baharly etrap prokurory

ýustisiýanyň uly geňeşçisi S.M.Ballyýew

2010-njy ýylyň “__”i/y noýabry

Prokuroryň razyçylygy alynmaly halatlar şu aşakdakylardyr:

1) girew görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak üçin (JIÝK-niň 153-nji maddasy);
2) prokuroryň görkezmesi ýa-da sanksiýasy boýunça seçilip alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresini üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin (JIÝK-niň 162-nji maddasy).

***Sülçiniň ygtyýarlyklary***. Sülçi şu aşakdaky işleri geçirmäge haklydyr:

1) deslapky derňewi geçirmek hökman bolan işler boýunça, anyklaýyş edaralary tarapyndan JIÝK-niň 235-nji maddasynyň tertibinde gaýra goýulmasyz derňew hereketlerini geçirip gutarmaklaryna garaşman, deslapky derňewiň geçirmegine girişmäge;
2) JIÝK-niň 139-142-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde we esaslarda, jenaýat etmekde güman edilýän adamy saklamaga we ony sorag etmäge;
3) özüniň derňeýän işleri boýunça gözleg we derňew hereketlerini geçirmek barada anyklaýyş edaralaryna tabşyryk we görkezme bermäge hem-de olardan aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmekde ýardam

bermeklerini talap etmäge. Sülçiniň şular ýaly tabşyryklary we görkezmeleri anyklaýyş edaralary üçin hökmanydyr;

4) öz önümçiliginde bolan işler boýunça kanuna laýyk çykaran kararlaryny ähli edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň ýerine ýetirmeklerini talap etmäge. Sülçiniň şular ýaly kararlary olar üçin hökmanydyr (JIÝK-niň 74-nji maddasy);
5) öz önümçiliginde bolan işler böýunça, jenaýat iş ýörediş kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde, aşakdaky hereketleri geçirmäge, ýagny:
   a) sorag etmek üçin ýa-da bilermen hökmünde netije almak üçin islendik adamy çagyrmaga;
   b) serediş, döküş we beýleki derňew hereketlerini geçirmäge;
   c) rewiziýanyň geçirilmegini talap etmäge;
   d) edaralardan, kärhanalardan, guramalardan, wezipeli adamlardan we raýatlardan iş üçin ähmiýeti bolan zatlary we resminamalary talap edip almaga. Sülçiniň şular ýaly talaplaryny ýerine ýetirmek olar üçin hökmanydyr (JIÝK-niň 133-nji maddasy);
6) aýyplanýan babatda kanunda göz öňünde tutulan ätiýaçsyzlandyryş çärelerini ulanmaga (JIÝK-niň 146-njy maddasy).

***Sülçiniň borçlary.*** Sülçi şu aşakdaky işleri ýerine ýetirmäge borçludyr:

1) jenaýatyň alamatlarynyň ýüze çykan her bir halatynda jenaýat işini gozgamaga;

2) jenaýatyň wakasyny hem-de jenaýat etmekde günäkär adamlary anyklamak üçin kanunda görkezilen çäreleri görmäge (JIÝK-niň 206-njy maddasy);
3) işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw barlamak üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge (JIÝK-niň 23-nji maddasy);
4) sülçiniň deslapky derňewe gatnaşmagyny aradan aýyrýan esaslar bar bolan mahalynda, öz-özüni ret etmäge (JIÝK-niň 106-njy maddasy);
5) işe gatnaşýan adamlaryň hukuklaryny düşündirmäge hem-de şol hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmäge (JIÝK-niň 24, 38, 90-njy maddalary);
6) jebir çekenleriň, şaýatlaryň we işe gatnaşýan beýleki adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin degişli çäreleri gömäge (JIÝK-niň 108-nji maddasy);
7) deslapky derňew geçirilende jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmaga hem-de olary aradan aýyrmak üçin çareleri görmäge (JIÝK-niň 126, 242-nji maddalary);
8) işiň gatnaşyjylary tarapyndan deslapky derňewiň maglumatlaryny aýan edilmezligi üçin degişli çäreleri görmäge (JIÝK-niň 243-nji maddasy).

## Derňew bölüminiň başlygy

JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 11-nji bendine laýyklykda **derňew bölüminiň başlygy** diýlip prokuratura, içeri işler, milli howpsuzlyk edaralarynyň, neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň derňew müdirliginiň, bölüminiň, bölümçesiniň,

toparynyň başlygyna hem-de, öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edýän, onuň orunbasarlaryna düşünilýär[5].

Häzirki wagtda ***derňew bölüminiň başlygy*** diýen subýekt hökmünde şu aşakdaky wezipeli adamlary kesgitläp bolar.

Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň ulgamynda:

- Baş prokuraturanyň *Baş derňew müdirliginiň* başlygy we onuň orunbasary;
- welaýat, welaýat hukukly şäher prokuraturalarynyň *Baş derňew bölüminiň* başlygy we onuň orunbasary.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň (IIM) ulgamynda:

- IIM-niň *Derňew müdirliginiň* başlygy we onuň orunbasary;
- welaýat, Aşgabat şäher we ulaglardaky polisiýa müdirlikleriniň *Derňew bölüminiň* başlygy we onuň orunbasary;
- etrap, şäher we ulaglardaky polisiýa bölümleriniň *Derňew bölümçesiniň* başlygy we onuň orunbasary.

Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň (MHM) ulgamynda:

- MHM-niň *Derňew bölüminiň* başlygy we onuň orunbasary;

[5]К.Ф.Гуценко, Л.В.Головко, Б.А.Филимонов. Уголовный процесс западных государств. Учебное пособие. Москва 2002.

- MHM-niň welaýat boýunça müdirliginiň *Derňew bölüminiň* başlygy we onuň orunbasary.

Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň (NGGBDG) ulgamynda:

- NGGBDG-nyň *Derňew bölüminiň* başlygy we onuň orunbasary;
- welaýat, Aşgabat şäher NGGBDG-nyň *Derňew bölüminiň* başlygy we onuň orunbasary;

Derňew bölüminiň başlygynyň ***ygtyýarlyklary*** JIÝK-niň 75-nji maddasynda göz öňünde tutulan, ýagny ol:

1) jenaýatlaryň üstüni açmak we olary duýdurmak boýunça sülçüleriň öz wagtynda hereket edişine gözegçilik edýär;
2) deslapky derňewiň has doly, hemmetaraplaýyn we obýektiw geçirilmegi üçin degişli çäreleri görýär;
3) jenaýat işleri barlaýar;
4) şu aşakdaky meseleler boýunça sülçä görkezme berýär:
   a) deslapky derňewi geçirmek hakynda;
   b) aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda;
   c) jenaýaty maddalaşdyrmak hakynda;
   d) ýüklenýän aýbyň möçberi hakynda;
   e) derňewiň ugry hakynda;
   f) jenaýat işini ýatyrmak hakynda;
   g) aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmek hakynda (görkezme bermegiň we ony ýerine ýetirmegiň tertibi hakynda sülçiniň iş ýörediş taýdan özbaşdaklygynda düşündiriş berlen);

5) jenaýat işini bir sülçüden başga sülçä geçirýär;
6) işiň derňelmegini birnäçe sülçä tabşyrýar;
7) deslapky derňewiň geçirilmegine gatnaşýar;
8) sülçiniň ygtyýarlyklaryndan peýdalanyp, deslapky derňewi hut özi geçirýär.
9)

Derňew bölüminiň başlygy prokuroryň JIÝK-niň tertibine laýyklykda beren görkezmelerini ýerine ýetirmäge borçludyr (bu ýerde sülçi bilen prokuroryň arasynda döreýän aragatnaşygynyň tertibi hem hereket edýär).

Ondan başga-da, 13.05.2008-nji ýyldaky Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň № 85 buýrugy bilen tassyklanylan "Türkmenistanyň IIM-niň içeri işler edaralarynyň derňew birlikleriniň işlerini guramak baradaky" Düzgüninde derňew bölüminiň başlygynyň şu aşakdaky ygtyýarlyklary hem göz öňünde tutulan, ýagny ol:

1) jenaýat baradaky arzalara we habarlara seredýär hem-de olary barlamak üçin sülçülere tabşyrýar;
2) derňew bölüminiň beýleki gulluklary bilen sazlaşykly işlemeklerini üpjün edýär, prokuratura we kazyýet edaralary bilen iş taýdan aragatnaşygyny ýola goýar;
3) tabynlygyndaky sülçüleriň üstüne berlen arzalara we şikaýatlara seredýär;
4) jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri aradan aýyrmak üçin degişli edaralara, kärhanalara, guramalara teklipnama bilen çykýar.

## Anyklaýyş edarasy we anyklaýjy

JIÝK-niň 76-njy maddasyna laýyklykda jenaýat iş ýöredişinde aşakdaky görkezilen döwlet edaralary we wezipeli adamlar **anyklaýyş edaralary** bolup durýar:

1) polisiýa edaralary;
2) düzediş edaralaryň, derňew gabawhanalaryň, terbiýeleýiş we bejeriş-terbiýeleýiş edaralarynyň başlyklary;
3) milli howpsuzlyk edaralary;
4) neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň edaralary;
5) döwlet serhet gullugynyň bölümleriniň (birikmeleriniň) serkerdeleri;
6) döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň edaralary;
7) goşun bölümleriniň (birikmeleriniň) serkerdeleri we harby edaralaryň başlyklary;
8) döwlet migrasiýa gullugynyň edaralary;
9) döwlet gümrük gullugynyň edaralary;
10) Türkmenistanyň çäklerinden daşarda bolan deňiz, derýa we howa gämileriň kapitanlary;
11) Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we beýleki resmi wekilhanalarynyň ýolbaşçylary.

Jenaýat iş ýöredişinde anyklaýyş edaralarynyň üstüne şu aşakdaky esasy ***wezipeleriň*** ýerine ýetirilmegi ýüklenilýar:

1) anyklaýyş geçirmek;
2) operatiw-agtaryş çärelerini geçirmek;

3) sülçiniň we prokuroryň tabşyryklaryny we görkezmelerini ýerine ýetirmek.

Şu wezipeleriň üstünde bir-birden durup geçeliň.

**I.**Jenaýat iş ýöredişinde deslapky derňew bilen bir hatarda jenaýat işleri boýunça anyklaýşyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. *Anyklaýyş* – bu JIÝK-de anyklaýyş edaralary hökmünde göz öňünde tutulan edaralar (wezipeli adamlar) tarapyndan jenaýatlary derňemek boýunça alnyp barylýan iş ýörediş işidir.

Jenaýatlary derňemek anyklaýyş edaralary üçin ýeketäk wezipesi bolman, bu wezipe olaryň ýerine ýetirýan esasy wezipelerinden gelip çykýandyr. Mysal üçin, polisiýa edaralarynyň esasy wezipesi jemgyýetçilik düzgün-tertibini goramakdyr. Polisiýa şu wezipesini ýerine ýetirip ýören mahalynda dolandyryş işlerini amala aşyrýar. Emma jenaýatyň alamatlary ýüze çykarylan halatynda jenaýatyň yzlaryny berkitmek, jenaýatçyny tutup saklamak, jenaýatlaryň öňuni almak üçin gaýragoýulmasyz derňew hereketlerini geçirmekde zerurlyk döreýar. Şunuň bilen baglylykda polisiýa edaralary islendik jenaýatlar boýunça jenaýat işini gozgamaga we olar boýunça anyklaýyş geçirmäge haklydyr.[6]

Beýleki anyklaýyş edaralarynyň ygtyýarlyklary bolsa belli bir kategoriýaly işler bilen çäklendirilen. Mysal üçin, döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň edaralary diňe ýangynlar hem-de ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň bozulmagy hakyndaky işler boýunça anyklaýyş geçirýärler.

---

[6] B.Taganow Jenaýat iş ýöredişi. Aşgabat, 2002.

Anyklaýşy geçirmegiň göwrümi we mazmuny onuň JIÝK-de göz öňunde tutulan görnüşine bagly bolup durýar. *Anyklaýşyň* aşakdaky *görnüşlerini* tapawutlandyryp bolar:

a) deslapky derňewi geçirmek hökman däl işler boýunça anyklaýyş (JIÝK-niň 236-njy maddasy). Anyklaýşyň şu görnuşi jemgyýet üçin howplulygy uly bolmadyk hem-de kän bir çylşyrymly bolmadyk kategoriýaly işler (JK-niň 111, 118, 160-njy we ş.m. maddalar) boýunça doly göwrümde geçirilip, deslapky derňewiň ornuny tutýar. JIÝK-niň 236-njy maddasynyň tertibinde geçirilen anyklaýşyň materiallary kazyýetde seretmek üçin esas bolup durýar;

b) deslapky derňewi geçirmek hökman bolan işler boýunça anyklaýyş (JIÝK-niň 235-nji maddasy). Anyklaýşyň şu görnüşi deslapky derňew görnüşinde derňelmäge degişli bolan kategoriýaly işler (JK-niň 107, 227, 292-nji we ş.m. maddalar) boýunça geçirilýär. Ol deslapky derňewiň başlangyç döwri bolup durýar we deslapky derňewiň netijeliliginiň üpjün edilmegine hyzmat edýär. JIÝK-niň 235-nji maddasynyň tertibinde alnyp barylan anyklaýşyň materiallary sülçä geçirilýär.

**II.** Kanun anyklaýyş edaralarynyň jenaýatçylyga garşy göreşi işjeň alyp barmak we ony duýdurmak üçin zerur bolan ähli serişdeleri, şol sanda *operatiw-agtaryş işlerini geçirmek* hukugy bilen üpjün edýar. JIÝK-niň 77-nji maddasynda bellenilşi ýaly, operatiw-agtaryş işleri anyk maksatlara ýetmek üçin geçirilmelidir:

- jenaýatyň üstüni açmak üçin;
- jenaýaty eden adamlary anyklamak üçin;

- iş boýunça subutnama hökmünde ulanylyp bilinjek hakykat ýuzündäki maglumatlary ýuze çykarmak üçin.

Operatiw-agtaryş işlerini geçirmek hukugy, elbetde, anyklaýyş edaralarynyň hemmesine berlen däldir. 23.09.1994-nji ýyldaky "Operatiw-agtaryş işleri hakyndaky" Kanunyň 5-nji maddasyna laýyklykda ony diňe aşakdaky edaralar geçirip bilýär:

- içeri işler edaralary (ýagny, polisiýa we jezany ýerine ýetiriş edaralary);
- milli howpsuzlyk edaralary;
- neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň edaralary;
- döwlet migrasiýa gullugynyň edaralary;
- döwlet gümrük gullugynyň edaralary.

Jenaýat iş ýörediş kanuny anyklaýyş edaralarynyň wideo we ses ýazgysyny, fotosurata düşürmekligi ulanmak arkaly operatiw-agtaryş çäreleriniň amala aşyrylmagyny hem göz öňünde tutýar. Emma hiç bir halatda operatiw-agtaryş çäreleriň netijesinde ýygnalan maglumatlaryň öz-özleri, iş ýörediş hereketleriniň üsti bilen barlanylman we tassyklanylman, subutnama bolup bilmez.

Operatiw-agtaryş hereketleride, anyklaýyş we deslapky derňew mahalynda geçirilýan iş ýörediş hereketleride hukuk häsiýetine eýedir. Emma olar dürli hukuk düzgünlerde amala aşyrylýandygy sebäpli, biri-birinden aşakdaky ýagdaýlar boýunça tapawutlandyrylýar:

- olaryň hukuk esaslary dürli bolup durýar. Ýagny, sülçi JIÝK esasynda hereket edýar, operatiw-agtaryş işi bolsa

“Operatiw-agtaryş işi hakyndaky” Kanuny esasynda amala aşyrylýar;
- şol hereketler dürli döwürlerde alnyp barylýar. Ýagny, derňew hereketleri diňe jenaýat işi gozgalandan soň geçirilýar, operatiw-agtaryş hereketleri bolsa jenaýat işi gozgalmazdan öňem, gozgalandan soňam geçirilip bilinýär;
- şol hereketleriň netijeleri hem dürlüdir. Ýagny, derňew hereketleriniň dowamynda subutnamalar alnyp bilinýar, operatiw-agtaryş hereketleriniň dowamynda bolsa diňe iş ýörediş ýoly bilen berkidilip, anyklaýşda, deslapky derňewde ýa-da kazyýetde barlanylandan soň subutnama bolup biljek ýagdaýlar baradaky maglumatlar alnyp bilinýar.

**III.** Jenaýat iş ýörediş kanuny *sülçiniň we prokuroryň* anyklaýyş edaralary bilen özara gatnaşyklaryny dessurlap, anyklaýyş edaralaryny şol wezipeli adamlaryň beren *tabşyryklaryny we görkezmelerini* ýerine ýetirmeklerini borçly edýär.

Sülçiniň we prokuroryň tabşyryklary we görkezmeleri ýazmaça görnüşinde anyklaýyş edarasynyň başlygynyň üsti bilen berilýär. Sülçi we prokuror tabşyryklary we görkezmeleri bermek bilen, anyklaýyş edaralarynyň olary ýerine ýetirmekliginiň möhletini bellemäge hem-de olaryň netijeleri barada habar bermekligini talap etmäge haklydyr.

Anyklaýyş edarasy *sülçiniň* şu aşakdaky tabşyryklaryny we görkezmelerini ýerine ýetirmäge borçludyr (JIÝK-niň 74-nji maddasynyň 6-njy bölegi):

- gözleg we derňew hereketlerini geçirmek hakynda;
- aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmekde ýardam bermek hakynda.

*Prokuroryň* şu aşakdaky tabşyryklary we görkezmeleri anyklaýyş edaralarynyň ýerine ýetirilmegi üçin hem hökmany bolup durýar (“Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Kanunyň 40-njy maddasy):

- güman edilýän hökmünde saklamak, tussag astyna almak we beýleki iş ýörediş hereketleri geçirmek hakynda;
- jenaýatyň üstüni açmak we jenaýaty eden adamlary ýüze çykarmak üçin zerur bolan çäreleri görmek hakynda;
- prokuroryň ýa-da prokuraturanyň sülçüsiniň önümçiliginde bar bolan işler boýunça aýry-aýry derňew hereketlerini amala aşyrmak hakynda.

Jenaýat iş ýöredişinde *anyklaýyş edarasy* (JIÝK-niň 76-njy maddasy) hem-de *anyklaýjy* (JIÝK-niň 78-nji maddasy) diýen düşünjeler tapawutlandyrylýar.

Anyklaýyş edarasy, adaty bolşy ýaly, iki subýektden ybarat bolan düzümde hereket edýär, ýagny:

- edaranyň başlygyndan hem-de
- oňa tabyn bolan wezipeli adamdan.

Edaranyň başlygy iş boýunça anyklaýyş edarasynyň başlygy hökmünde çykyş edýär, onuň anyklaýyş (kazyýete çenli önümçilik) geçirmäge tabşyryk beren wezipeli adam bolsa anyklaýjy bolup durýar. Şeýlelikde, anyklaýyş edarasynyň ygtyýarlylygyna girýän çözgütleriň we

hereketleriň kanunylygy baradaky jogapkärçilik hem onuň başlygynyň, hem anyklaýjynyň üstlerine ýüklenilýär.

Anyklaýyş formasynda jenaýatlary derňeýän ***anyklaýjy*** umuman sülçiniňki ýaly ***iş ýörediş taýdan özbaşdaklygyndan*** peýdalanýar (sülçiniň iş ýörediş taýdan özbaşdaklygyna seret). Emma sülçiniňkä garanyňda anyklaýjynyň özbaşdaklygynyň şu aşakdaky aýratynlyklary bar:

1) anyklaýjy diňe anyklaýyş edarasynyň başlygynyň görkezmesi boýunça anyklaýyş geçirip başlaýar;
2) anyklaýjy şu aşakdaky wezipeli adamlaryň jenaýat işi boýunça beren görkezmelerini ýerine ýetirmäge borçludyr:
   a) prokuroryň;
   b) anyklaýyş edarasynyň başlygynyň;
3) JIÝK-niň 74-nji maddasynyň 3-nji böleginiň kadalary anyklaýja degişli däl (JIÝK-niň 236-njy maddasy);
4) iş boýunça kabul edilýän çözgütler anyklaýyş edarasynyň başlygy tarapyndan tassyklanylmaga degişlidir. Ýagny, anyklaýjynyň düzen degişli resminamasynyň ýokarky sag burçunda şu aşakdaky ýaly rezolýusiýa ýerleşdirilýär:

“T A S S Y K L A Ý A R Y N”

Aşgabat şäher Köpetdag etrap

Polisiýa bölüminiň başlygy polisiýanyň podpolkownigi D.A.Saparow

2010-njy ýylyň “__”i/y iýuly

Eger-de anyklaýjynyň çykaran belli bir karary prokuror tarapyndan hem sanksiýalaşdyrylmaga degişli bolsa, onda şol kararyň ýokarky çep burçunda anyklaýyş edarasynyň başlygynyň rezolýusiýasy, ýokarky sag burçunda bolsa prokuroryň rezolýusiýasy ýerleşdirilýär. Mysal üçin:

Tugraly möhür

“T A S S Y K L A Ý A R Y N”

“S A N K S I Ý A  B E R Ý Ä R I N”

Aşgabat şäher Köpetdag etrap

Aşgabat şäher Köpetdag etrap prokurory

Polisiýa bölüminiň başlygy
ýustisiýanyň kiçi geňeşçisi

Polisiýanyň podpolkownigi
M.K.Hallyýew D.A.Saparow
2010-njy ýylyň “__”i/y iýuly
2010-njy ýylyň “__”i/y iýuly

## Sülçiniň we anyklaýjynyň işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlar.

Deslapky derňewiň we anyklaýşyň doly, hemmetaraplaýyn we obýektiw alnyp barylmagyny üpjün etmek maksady bilen kanun sülçiniň we anyklaýjynyň *işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaylary* göz öňünde tutýar. Bu ýagdaýlar başgaça hem *ret etmek üçin esaslar* diýip atlandyrylýar.

JIÝK-niň 103-nji maddasynda göz öňünde tutulan şu aşakdaky halatlarda sülçi we anyklaýjy işiň derňelmegine gatnaşyp bilmeýärler:

1) eger sülçi ýa-da anyklaýjy şu işe aşakdaky subýekt hökmünde gatnaşýan bolsa ýa-da gatnaşan bolsa:
   a) jebir çeken, raýat talapçy, raýat jogap berijii;
   b) adwokat, wekil, kanuny wekil;
   c) şaýat, güwä, bilermen, hünärmen, terjimeçi;
2) eger sülçi ýa-da anyklaýjy şu işde ýokarda görkezilen subýektleriň ýa-da işe jogapkär wezipeli adamlaryň garyndaşy bolup durýan bolsa;
3) eger sülçiniň ýa-da anyklaýjynyň şu işde şahsy, göni ýa-da gytaklaýyn bähbitleri bar bolsa;
4) eger sülçiniň ýa-da anyklaýjynyň obýektiwliginde we tarapgöýsüzliginde (bitaraplygynda) şübhe döredýän başga ýagdaýlar bar bolsa.

Emma şol bir iş boýunça ozal geçirilen deslapky derňewe ýa-da anyklaýşa sülçiniň ýa-da anyklaýjynyň gatnaşmagy, olary ret etmek üçin esas bolup durmaýar.

Şeýlelikde, kanunda görkezilen sülçini we anyklaýjyny ret etmek üçin esaslar şertleýin şu aşakdaky toparlara bölüp bolar:

1) iş ýöredişde sülçiniň (ýa-da anyklaýjynyň) hem-de beýleki gatnaşyjylaryň *iş ýörediş wezipeleriniň bir adamda jemlenmegine* ýol bermeýän ýagdaýlar (ýokardaky görkezilen 1-nji esas);
2) iş ýöredişde sülçiniň (ýa-da anyklaýjynyň) hem-de beýleki gatnaşyjylaryň *garyndaşlyk aragatnaşyklarynyň* bolmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar (ýokardaky görkezilen 2-nji esas). Kanunyň "garyndaş" diýen adalgasy şu aşakdaky garyndaşlyk aragatnaşyklaryny öz içine alýar (20.10.1995-nji ýyldaky "Kazyýetler tarapyndan Türkmenistanyň JIÝK-de we RIÝK-de "garyndaş", "garyndaşlyk" düşünjeleriniň ulanylyşy hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin Mejlisiniň karary):
   a) ýakyn garyndaşlar (kaka-eje, çagalar, perzentlige alyjylar, perzentlige alnanlar, süýtdeş doganlar we uýalar, ata-baba, ene-mama, agtyklar, är-aýal) (JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 58-nji bendi);
   b) daşky garyndaşlar (dogan oglan-çykan, daýy-daýza we ş.m.);
   c) maşgala gurmak bilen baglylykda dörän garyndaşlyk gatnaşyklary (är-aýalyň garyndaşlary, kakalyk-ejelik);

3) iş ýöredişde sülçiniň (ýa-da anyklaýjynyň) hem-de beýleki gatnaşyjylaryň *gaýry aragatnaşyklarynyň* bolmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar, eger olar sülçiniň (ýa-da anyklaýjynyň) işiň çözülşinde şahsy, göni ýa-da gytaklaýyn bähbitleriniň bolmagyna esas döredýän bolsa (ýokardaky görkezilen 3, 4-nji esaslar). Gaýry aragatnaşyklar diýilip gulluk, wezipe taýdan garaşlylyga; duşmançylykly, dostlukly gatnaşyklara; betnebis, görüplik, ar almak we ş.m. barada şaýatlyk edýän gatnaşyklara düşünilýär.

Ret etmek üçin esaslar bar bolan mahalynda sülçi ýa-da anyklaýjy işe gatnaşmakdan aýyrylmalydyr, ýagny:

1) sülçi ýa-da anyklaýjy öz-özüni ret etmek barada arz etmäge borçludyr;
2) işe gatnaşýan subýektler sülçini ýa-da anyklaýjyny ret etmek barada arz etmäge haklydyr.

Sülçiniň ýa-da anyklaýjynyň öz-özüni ret etmek hem-de ýokardaky görkezilen subýektleriň olary ret etmek baradaky arzalar prokurora berilýär. Öz-özüni ret etmek ýa-da ret etmek baradaky arzalar delillendirilen bolmalydyr. Şeýle arzany bermekligiň hut özi sülçini ýa-da anyklaýjyny işe gatnaşmakdan aýyrmaýar.

Prokuror şol arzalara 24 sagadyň içinde seredip, sülçini ýa-da anyklaýjyny işe gatnaşmakdan aýyrmak ýa-da galdyrmak baradaky çözgütleriň birini kabul edýär (JIÝK-niň 106-njy maddasy).

## Prokuror

Konstitusiýanyň 110-njy maddasynda görkezilşi ýaly, **prokuror** – bu kanunlaryň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli adamdyr.

Jenaýat kazyýet önümçiliginde kanunlaryň takyk we birmeňzeş ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek hem prokuroryň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar (Konstitusiýanyň 110, 111-nji maddasy, "Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky" Kanunyň 3-nji maddasy).

Häzirki wagtda Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň ulgamyny şeýle görkezip bolar:

1) Türkmenistanyň Baş prokuraturasy;

2) welaýat, welaýat hukukly şäher prokuraturalary we Baş harby prokuratura;

3) etrap, etrap hukukly şäher prokuraturalary;

4) harby prokuraturalar;

5) ýöriteleşdirilen prokuraturalar.

**Çyzgy №30**




JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 50-nji bendine laýyklykda *prokuror* diýlip şu aşakdaky wezipeli adamlara düşünilýär:

- Türkmenistanyň Baş prokurory;
- welaýat we welaýat hukukly şäher prokurorlary;
- etrap we etrap hukukly şäher prokurorlary;
- harby we ýörite prokurorlar;
- görkezilen prokurorlaryň orunbasarlary we kömekçileri (öz ygtyýarlyklarynyň çäginde);
- prokuraturalaryň bölüm we müdirlik prokurorlary (öz ygtyýarlyklarynyň çäginde).

Bu "prokuror" diýen adalga berilýän umumy düşünjedir. Emma şonuň bilen birlikde kanunda gös-göni

görkezilen halatlarda prokuroryň eýeleýän wezipe ýagdaýy hem ähmiýetli bolup durýar. Mysal üçin:

- tussag astyna almak üçin sanksiýa bermäge diňe Baş prokuroryň, welaýat we welaýat hukukly şäher prokurorlarynyň, etrap we etrap hukukly şäher prokurorlarynyň, harby we ýörite prokurorlaryň hem-de olaryň orunbasarlarynyň hukugy bardyr (JIÝK-niň 154-nji maddasynyň 5-nji bölegi);
- tussag astynda saklamagyň möhletini 6 aýa çenli uzaltmak hukugy welaýat, welaýat hukukly şäher prokurorlaryna we olaryň orunbasarlaryna; 1 ýyla çenli – Baş prokurora we onuň orunbasarlaryna; 1,5 ýyla çenli – Baş prokurora berlen (JIÝK-niň 158-nji maddasynyň 2, 3-nji bölekleri).

Türkmenistanyň Baş prokurory we oňa tabyn bolan prokurorlar 5 ýyl möhlet bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýar we wezipesinden boşadylýar.

Prokuror – jenaýat iş ýöredişiniň ähli tapgyrlarynda gatnaşýan ýeke-täk subýektdir. Kanunyň her bir bozulmasynyň kim tarapyndan gelip çykýandygyna garamazdan, prokuror şol bozulmalary ýok etmek üçin öz wagtynda çäre görmäge borçludyr. Prokuror öz ygtyýarlyklaryny hiç bir edaralara we wezipeli adamlara garaşly bolmazdan amala aşyrýar. Ol diňe kanuna tabyn bolup durýar. Prokuroryň kararlaryny ýerine ýetirmek ähli edaralar, kärhanalar, guramalar, wezipeli adamlar we raýatlar üçin hökmanydyr (JIÝK-niň 72-nji maddasy).

Iş ýöredişiň dürli tapgyrlarynda prokuroryň gözegçilik etmek baradaky ygtyýarlyklary birmeňzeş däldir. Has giň ygtyýarlyklar prokurora jenaýat işini gozgamak we deslapky derňew işi tapgyrlarynda berlen. Kazyýet tapgyrlarynda bolsa prokuroryň iş ýörediş ýagdaýy kazyýetde işleriň seredilmegine gatnaşmak hökmünde kesgitlenilýar.

Muňa şeýle düşündiriş berip bolar:

- prokuror deslapky derňew işi tapgyrynda sülçiniň ýa-da anyklaýyş edarasynyň derňeýän işi boýunça karar çykarmaga, sülçiniň ýa-da anyklaýjynyň çykaran kararyny sökmäge, sülçiniň we anyklaýyş edarasynyň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolan görkezmeleri bermäge haklydyr ("Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky" Kanunyň 40-njy maddasy);
- emma kazyýet tapgyrlarynda bu ýagdaýlar başgaça bolup durýar. Prokuror kazyýet tarapyndan goýberilen kanun bozulmalarynyň öz wagtynda aradan aýyrylmagyny talap etmäge hem-de kazyýetiň karary, kesgitnamasy we hökümi barada ýokardaky duran kazyýete teklipnama bermäge we garşylyknama getirmäge borçludyr. Prokuroryň hiç bir halatda kazyýete görkezme bermäge haky ýokdur (JIÝK-niň 356, 436, 485-nji maddalary);
- deslapky derňew işi tapgyrynda sülçi ýa-da anyklaýyş edarasy kanunda görkezilen käbir iş ýörediş hereketleri geçirmek üçin prokurordan sanksiýa almaga borçludyr (JIÝK-niň 74 maddasy, "Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky" Kanunyň 40-njy maddasy.);

- emma kazyýet üçin beýle zerurlyk ýok. Kazyýet öz çözgütlerini kabul etmekde doly özbaşdakdyr we hiç kime, şol sanda prokurora hem garaşly däldir (JIÝK-niň 21-nji maddasy).

Indi bolsa jenaýat kazyýet önümçiliginiň dürli tapgyrlarynda prokuroryň ***ygtyýarlyklaryny*** gysgaça belläp geçeliň.

1. *Jenaýat işini gozgamak tapgyrynda* prokuror (JIÝK-niň 71, 219-njy maddasy hem-de 15.08.2009-njy ýyldaky "Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky" Kanunyň (mundan beýläk Kanun diýilýär) 40-njy maddasy):
- edilen ýa-da taýýarlanylýan jenaýatlar baradaky arzalaryň we habarlaryň kabul edilişiniň, hasaba alynyşynyň we çözülişiniň kanunylygyny barlaýar;
- sülçiniň, anyklaýyş edarasynyň jenaýat işini gozgamak ýa-da gozgamakdan ýüz döndermek baradaky esaslandyrylmadyk kararyny sökýär;
- kazynyň, kazyýetiň jenaýat işini gozgamak ýa-da gozgamakdan ýüz döndermek baradaky esaslandyrylmadyk kararyna, kesgitnamasyna teklipnama getirýär;
- hem-de beýleki işleri amala aşyrýar.

2. *Deslapky derňew işi tapgyrynda* prokuror (JIÝK-niň 71-nji maddasy hem-de Kanunyň 40-njy maddasy):
- derňewi geçirmegiň ähli soraglary boýunça görkezme berýär;
- islendik iş boýunça derňew hereketlerini geçirmeklige gatnaşýar ýa-da olary hut özi geçirýär;
- operatiw-agtaryş işleriniň geçirilişini barlaýar;

- sülçiniň, anyklaýyş edarasynyň bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk kararyny söküär;
- aýyplaw netijenamasyny tassyklaýar we jenaýat işini kazyýete iberýär;
- sülçiniň, anyklaýjynyň hereketleri we çözgütleri baradaky şikaýatlara seredýär;
- sülçini, anyklaýjyny işi alyp barmakdan çetleşdirýär;
- hem-de beýleki işleri amala aşyrýar.

3. *Kazyýet seljerişini bellemek tapgyrynda* prokuror (JIÝK-niň 332, 333-nji maddalary.):

- kazyýetiň serenjam mejlisine gatnaşýar;
- kazynyň çykyşy we beýleki gatnaşyjylaryň haýyşnamalary boýunça netije berýar.

4. *Kazyýet seljerişi tapgyrynda* prokuror (JIÝK-niň 356-njy maddasy hem-de Kanunyň 43-45-nji maddalary):

- kazyýet seljerişine gatnaşýar;
- kazyýetiň öňünde döwlet aýybyny goldaýar;
- subutnamalary barlamaklyga gatnaşýar;
- kazyýetiň öňünde haýyşnamalary gozgaýar;
- kazyýet edilýän babatda jenaýat kanunyny we jeza çäresini ulanmak hakynda öz pikirini aýdýar;
- hem-de beýleki işleri amala aşyrýar.

5. *Kassasion we gözegçilik önümçiligi, hökümi ýerine ýetirmek tapgyrlarynda* prokuror (JIÝK-niň 436, 452, 481, 485, 490-njy maddalary hem-de Kanunyň 45, 46, 49, 50-nji maddalary):

- kazyýetiň bikanun we esaslandyrylmadyk (kanuny güjüne giren we girmedik) hökümine, kesgitnamasyna

we kararyna teklipnama berýär we garşylyknama getirýär;
- ýokardaky duran kazyýet tarapyndan (kassasion we gözegçilik tertibinde) seredilýän işler boýunça netije berýär;
- hökümleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär.

## Prokuroryň işe gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar.

Prokurory ret etmek üçin esaslar hem-de ony işe gatnaşmakdan aýyrmagyň tertibi edil sülçiniňki ýalydyr (JIÝK-niň 103-nji maddasy) (sülçiniň we anyklaýjynyň işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlara seret).

Prokuroryň kazyýetiň düzümine girýän kazylar bilen taryndaşlyk aragatnaşygynda bolup durýandygy ony ret etmek üçin goşmaça esas hökmünde çykyş edýär.

Emma JIÝK-niň 103-nji maddasynyň 6-njy böleginde bellenilşi ýaly, şol bir iş boýunça ozal prokuroryň deslapky derňew ýa-da anyklaýyş geçirilende gatnaşmaklygy, aýby goldamaklygy, garşylyknama we teklipnama getirmekligi ýa-da netije bermekligi, ony ret etmek üçin esas bolup durmaýar.

Prokurory ret etmek hakyndaky mesele anyklaýyş we deslapky derňew geçirilýän döwründe ýökardaky duran prokuror tarapyndan, kazyýetde bolsa işe seredýän kazyýet tarapyndan çözülýär.

## Kazyýet we kazy.

**Kazyýet** – bu Türkmenistanda adyl kazyýetligi amala aşyrýan ýeketäk döwlet edarasydyr (Konstitusiýanyň 99, 100-nji maddalary).

JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 43-nji bendine laýyklykda *kazyýet* diýen düşünje şu aşakdaky kazyýet edaralaryny öz içine alýar:

1) Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti;
2) welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleri;
3) etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri.




**31-nji çyzgy**

Kazyýet edaralary barada has düýpli düşünje almak üçin olaryň gurluşyny bilmek zerurdyr. Türkmenistanyň kazyýet edaralarynyň içki gurluşyny şeýle görkezip bolar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti:

- Ýokary kazyýetiň Plenumy;
- Ýokary kazyýetiň Prezidiumy;
- raýat işleri baradaky kazyýet kollegiýasy;
- arbitraž işleri baradaky kazyýet kollegiýasy;
- jenaýat işleri baradaky kazyýet kollegiýasy.

**Çyzgy №32**



<u>Welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleri:</u>

- kazyýetiň prezidiumy;
- raýat işleri baradaky kazyýet kollegiýasy;

jenaýat işleri baradaky kazyýet kollegiýasy.

**33-nji çyzgy**




Jenaýat iş ýörediş işini amala aşyrýan subýektleriň arasynda kazyýet aýratyn bir orun tutýar, sebäbi:

- belli bir adamy jenaýat etmekde günäli diýip ykrar etmek hem-de oňa jenaýat jezasyny bellemek diňe kazyýete berlen ygtyýarlykdyr;

- deslapky derňew işiniň materiallary, şeýle-de anyklaýyş edarasynyň, sülçiniň we prokuroryň netijeleri kazyýet üçin diňe deslapky ähmiýetine eýedir;
- iş boýunça ähli çözgütleri diňe kazyýetiň özi kabul etmäge haklydyr, kazyýet seljerişiniň beýleki gatnaşyjylary bolsa oňa diňe işi dogry çözmek üçin ýardam berýärler;
- kazyýetiň hökümi diňe kazyýet mejlisinde seredilen subutnamalara esaslanyp bilinýär;
- kazyýetiň kanuny güýje giren hökümleri, kesgitnamalary we kararlary ähli edaralar, kärhanalar we guramalar, wezipeli adamlar we raýatlar üçin hökmanydyr hem-de olar tutuş Türkmenistanyň çäginde ýerine ýetirilmäge degişlidir;
- kazyýetiň çözgütleri diňe ýokardaky duran kazyýet tarapyndan kanunda bellenilen tertipde sökülip ýa-da üýtgedilip bilner.

Kazyýet bu kollegial edarasydyr. Kazyýetiň üstüne adyl kazyýetligi amala aşyrmak ýaly möhüm wezipesiniň ýüklenýändigi sebäpli, kanun tarapyndan onuň düzümi takyk kesgitlenilýär. JIÝK-niň 53, 331, 446-njy maddalarynda hem-de 15.08.2009-njy ýyldaky "Kazyýet hakyndaky" Kanunyň 8-nji maddasynda ***kazyýetiň düzümleri*** şeýle görkezilen:

1) iş birinji basgançakly kazyýetde, şeýle hem kazyýet seljerişini bellemek tapgyrynyň serenjam mejlisinde we hökümi ýerine ýetirmek tapgyrynda seredilende kazyýetiň düzümi *kazydan we iki sany kazyýet oturdaşyndan* ybarat bolmalydyr;

2) iş ikinji basgançakly (*kassasion basgançakly*) kazyýetde seredilende onuň düzümi *üç kazydan* ybarat bolmalydyr;

3) iş gözegçilik basgançakly kazyýetde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden seretmek tertibinde *üç kazydan az bolmadyk* ýa-da *giňişleýin mejlisiň agzalarynyň azyndan üçden iki böleginden* ybarat bolan düzümde seredilmelidir.

Ýokardan görnüşi ýaly, kazyýet tarapyndan dürli iş ýörediş işler amala aşyrylýar. Olara gysgaça häsiýetnama bereliň:

- *birinji basgançakly kazyýet* – bu jenaýat işine ilkinji gezek onuň düýp manysy boýuna seredýän kazyýetdir. Adamyň günäliligi we jezalandyrylyşy baradaky meseleler boýunça birinji basgançakly kazyýet höküm çykarýar (JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 9-njy bendi);
- *kazyýet seljerişini bellemek tapgyrynda* jenaýat işiniň materiallary öwrenilip, şol işe kazyýet seljerişinde garamak üçin esaslaryň bardygy ýa-da ýokdugy hakyndaky meselesi çözülýär. Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bu meselä kazyýetiň serenjam mejlisinde seredilýär;
- *hökümi ýerine ýetirmek tapgyrynda* kazyýet tarapyndan onuň hakykat ýüzünde ýerine ýetirilmeginiň dowamynda ýüze çykýan käbir iş ýörediş meseleler çözülýär (jezadan möhletinden öň boşatmak, jezany has ýeňil bilen çalşyrmak we ş.m.);
- *ikinji basgançakly kazyýetde* kanuny güýje girmedik birinji basgançakly kazyýetiň hökümleriniň,

kesgitnamalarynyň, kararlarynyň kanunylygy we esaslylygy baradaky meselä seredilýär (JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 27-nji bendi);

- *gözegçilik basgançagynda* kanuny güýje giren kazyýetiň çözgütleriniň kanunylygy we esaslylygy barlanylýar (JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 16-njy bendi).

Jenaýat iş ýöredişinde kazy we kazyýet oturdaşy esasan kazyýetiň düzüminde hereket edýärler, şol sebäpli hukuk gatnaşyklarynyň subýekti hökmünde kazynyň özi däl-de, kazyýet çykyş edýär. Emma kanunda göz öňünde tutulan halatlarda kazy hukuk gatnaşyklarynyň özbaşdak we ýekelikde hereket edýän subýekti hökmünde seredilýär.

"Kazy" – bu umumylaşdyrylan adalgadyr. JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 42-nji bendinde görkezilşi ýaly, *kazy* diýlip şu aşakdakylara düşünilýär:

- kazyýetiň başlygy we onuň orunbasary;
- kazy;
- kazyýet oturdaşy.

Kazyýet ulgamynyň ähli kazylary 5 ýyl möhlet bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

Kazy jenaýat iş ýöredişiniň özbaşdak subýekti hökmünde çykyş eden mahalynda şu aşakdaky ***wezipeleri*** amala aşyrýar:

- birinji basgançakly etrap we etrap hukukly şäher kazyýetlerinde uly bolmadyk agyrlykdaky we orta agyrlykdaky jenaýatlar hakyndaky işler kazy tarapyndan ýekelikde seredilýär (JIÝK-niň 53-nji maddasy);

- hususy aýyplamakdaky jenaýatlar hakyndaky işler kazyýete gelip gowşandan soň kazy jebir çekeni we aýyplanýany çagyrýar hem-de olary ýaraşdyrmak üçin çäre görýär. Olar ýaraşan halatynda kazy jenaýat işini ýatyrýar. Eger olaryň ýaraşmagyny gazanyp bolmadyk bolsa, onda kazy aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek baradaky meseläni çözýär (JIÝK-niň 341-nji maddasy);
- jenaýat işleriniň aglaba bölegi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hem-de işe kazyýet mejlisinde seretmek üçin taýýarlyk görmek baradaky meseleler kazynyň ýekeliginde çözülýär (JIÝK-niň 330, 339-njy maddalary);
- başlyklyk edijiniň üstüne kazyýet mejlisine ýolbaşçylyk etmek, işe hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw seredilmegini üpjün etmek üçin çäreleri görmek hem-de beýleki käbir iş ýörediş hereketlerini ýerine ýetirmek ýüklenilýär (JIÝK-niň 352-nji maddasy).

## Kazynyň we kazyýet oturdaşynyň işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlar.

Kazyny we kazyýet oturdaşyny ret etmek üçin esaslar edil sülçiniňki ýalydyr (JIÝK-niň 103-nji maddasy) (sülçiniň we anyklaýjynyň işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlara seret).

Emma sülçiniňkiden tapawutlylykda kanunda kazyny we halk oturdaşyny ret etmek üçin goşmaça şu aşakdaky esaslar hem bellenilen:

1) eger kazy (ýa-da kazyýet oturdaşy) şu iş boýunça anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet mejlisiniň kätibi bolup durýan bolsa;
2) eger kazy (ýa-da kazyýet oturdaşy) ozal şu işiň seredilmegine gatnaşan bolsa (muňa JIÝK-niň 103-nji maddasynyň 3-5-nji böleklerinde kazynyň ýa-da kazyýet oturdaşynyň işiň seredilmegine gaýtadan gatnaşmagyna ýol berilmezlik hakyndaky ýörelgesi hem diýilýär).

Ret etmek üçin esaslar bar bolan mahalynda kazy we kazyýet oturdaşy işe gatnaşmakdan aýyrylmalydyr, ýagny:

1) kazy (ýa-da kazyýet oturdaşy) öz-özüni ret etmek barada arz etmäge borçludyr;
2) işe gatnaşýan subýektler ret etmek barada arz etmäge haklydyr.

Kazyny we kazyýet oturdaşyny ret etmek hakyndaky meselesi ret edilýänsiz beýleki kazylar tarapyndan çözülýär. Sesler bölünen ýagdaýynda kazy (ýa-da kazyýet oturdaşy) ret edildi diýilip hasap edilýär.[7]

Kazylaryň ikisini ýa-da kazyýetiň bütin düzümini ret etmegiň meselesi şol kazyýetiň doly düzümi tarapyndan çözülýär. Kazynyň ekeliginde seredilýän işleri boýunça ony ret etmek baradaky meseläni şol kazynyň özi çözýär (JIÝK-niň 106-njy maddasy).

[7] Kazyýet hakynda Türkmenistanyň Kanuny, Aşgabat 2009.

## §3.Jenaýat iş ýöredişinde öz hukuklaryny we bähbitlerini goraýan şahslar, olaryň adwokatlary we wekilleri.

### Güman edilýän.

JIÝK-niň 79-njy maddasyna laýyklykda jenaýat etmekde şübhelenýän adam bolup, eger:
- onuň garşysyna jenaýat işi gozgalan bolsa,
- ýa-da ol saklanan bolsa,
- ýa-da onuň garşysyna ätiýaçsyzlandyryş çäresi seçilip alnan bolsa,

**güman edilýän** diýip atlandyrylýar.

Belli bir adam şu aşakdaky namalaryň çykarylmagy bilen güman edilýäniň iş ýörediş ýagdaýyna eýe bolýar:
- jenaýat işini gozgamak barada karar (ýa-da kesgitnama) (JIÝK-niň 216, 363-nji maddalary);
- güman edilýän hökmünde saklamaklygyň teswirnamasy (JIÝK-niň 140-nji maddasy);
- ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak barada karar (JIÝK-niň 149, 159-njy maddalary).

Düzgün bolşy ýaly, güman edilýän jenaýat iş ýöredişinde gysga wagtyň içinde hereket edýär, ýagny:
- eger ol güman edilýän hökmünde saklanan bolsa, onda 72 sagatdan köp bolmadyk möhletde (JIÝK-niň 144-nji maddasy);
- eger-de aýyp bildirilmezden öň onuň garşysyna ätiýaçsyzlandyryş çäresi seçilip alnan bolsa, onda 10 gije-gündizden köp bolmadyk möhletde (JIÝK-niň 149-njy maddasy).

Işiň ýagdaýlarynyň aýdyňlaşdyrylyşyna görä güman edilýän aýyplanýana ýa-da şaýada öwrülýär, ýa-da iş ýöredişden düýbünden aýyrylýar.

***Güman edilýäniň hukuklary.*** Güman edilýän haklydyr (JIÝK-niň 79-njy maddasynyň 5-nji bölegi):

- nämede güman edilýändigini bilmäge;
- özi babatda çykarylan jenaýat işini gozgamak baradaky karar, güman edilýän hökmünde saklamagyň teswirnamasy we ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak baradaky karar bilen tanyşmaga;
- dörän şübhäniň düýp esasy hem-de işiň beýleki ýagdaýlary hakynda görkezme bermäge ýa-da görkezme bermekden ýüz döndermäge;
- subutnamalary hödürlemäge;
- haýyşnamalary aýtmaga;
- ene dilinde ýa-da bilýän başga dilinde görkezme bermäge;
- terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga;
- görkezmelerini öz eli bilen ýazyp beýan etmäge;
- sorag edilen mahalynda ses- we wideoýazgysynyň ulanylmagyny haýyş etmäge;
- adwokat tutunmaga;
- kanunda göz öňünde tutulan halatlarda mugt ýuridiki kömegini almaga;
- maşgala agzalaryna, ýakyn garyndaşlaryna ýa-da işleýän ýerine özüniň saklanandygy we bolýan ýeri hakynda habar berilmegine;
- özüniň, adwokatsynyň ýa-da kanuny wekiliniň haýyşnamasy boýunça geçirilýän derňew hereketlerine gatnaşmaga;

- öz gatnaşmagynda geçirilen derňew hereketleriniň teswirnamalary bilen tanyşmaga we şol teswirnamalara belliklerini bermäge;
- ret etmek baradaky arzalary bermäge;
- anyklaýjynyň, sülçiniň we prokuroryň hereketleri (ýa-da hereketsizligi) hem-de çözgütleri barada şikaýat etmäge.

***Güman ediläniň borçlary.*** Güman edilýän borçludyr (JIÝK-niň 79-njy maddasynyň 6-njy bölegi):

- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň çagyryşy boýunça gelmäge. Zerur sebäpsiz gelmedik güman edilýän babatda mejbury getirmek çäresi ulanylyp bilinýär (JIÝK-niň 166-njy maddasy);
- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň kanuny talaplaryna boýun bolmaga;
- jenaýat yzarlaýşyny amala aşyrýan edarasy zerur diýip hasap eden mahalynda derňew we beýleki iş ýörediş hereketlerine gatnaşmaga. Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, görkezilen talaplary we çözgütleri ýerine ýetirmekden ýüz dönderýän ýa-da boýun gaçyrýan güman edilýän babatda olar mejbury ýagdaýda amala aşyrylyp bilinýär (JIÝK-niň 265, 273, 294 we beýleki maddalary);
- öz garşysyna seçilip alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň düzgünlerini berjaý etmäge. Şu düzgünleri bozan güman edilýäniň garşysyna has berk ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylyp bilinýär (JIÝK-niň 150, 153, 162-nji maddalary).

Ýokarda görkezilenlerden başga-da güman edilýäniň beýleki hukuklary we borçlary JIÝK-niň degişli kadalarynda göz öňünde tutulan.

## Aýyplanýan.

JIÝK-niň 80-nji mad. görkezilşi ýaly, kanunda göz öňünde tutulan tertipde garşysyna aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek barada karar çykarylan adama **aýyplanýan** diýilýär.

Kazyýet seljerişini bellemek baradaky meselesi çözülen aýyplanýana *işi kazyýete berlen*, işi kazyýet seljerişinde seredilýän aýyplanýana *kazyýetde işi seredilýän*, garşysyna aýyplaýyş höküm çykarylan aýyplanýana *iş kesilen*, garşysyna aklaýyş höküm çykarylan aýyplanýana bolsa *aklanan* diýilýär.

Belli bir adamyň aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi onuň jenaýat etmekde günäkär diýip hasap edilýändigini aňladýan däldir. Günäsizligiň prezumpsyýasyna laýyklykda diňe kazyýetiň aýyplaýyş hökümi güýje girenden soň adam günäkär diýip hasap edilýändir (JIÝK-niň 18-nji maddalary).

***Aýyplanýanyň hukuklary.*** Aýyplanýan haklydyr (JIÝK-niň 80-nji maddasynyň 2-nji bölegi):

- özüniň nämede aýyplanýandygyny bilmäge;
- özi babatda çykarylan aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek baradaky karar bilen tanyşmaga;
- ýüklenýän aýyp boýunça, şeýle hem işiň beýleki ýagdaýlary we işde bar bolan subutnamalar boýunça görkezme bermäge ýa-da görkezme bermekden ýüz döndermäge;
- subutnamalary hödürlemäge;

- haýyşnamalary aýtmaga;
- ene dilinde ýa-da bilýän başga dilinde görkezme bermäge;
- terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga;
- görkezmelerini öz eli bilen ýazyp beýan etmäge;
- sorag edilen mahalynda ses- we wideoýazgysynyň ulanylmagyny haýyş etmäge;
- adwokat tutunmaga;
- kanunda göz öňünde tutulan halatlarda mugt ýuridiki kömegini almaga;
- adwokatdan ýüz döndermäge we özüni özbaşdak goramaga;
- adwokatyň işe gatnaşmaga göýberilen pursatyndan başlap, sany we dowamlylygy çäklendirilmedik ýagdaýda onuň bilen ikiçäk we konfidesial duşuşmaga;
- maşgala agzalaryna, ýakyn garyndaşlaryna ýa-da işleýän ýerine özüniň saklanylýan ýeri hakynda habar berilmegine;
- özüniň, adwokatsynyň ýa-da kanuny wekiliniň haýyşnamasy boýunça geçirilýän derňew hereketlerine gatnaşmaga;
- öz gatnaşmagynda geçirilen derňew hereketleriniň teswirnamalary bilen tanyşmaga we şol teswirnamalara bellikleri bermäge;
- anyklaýyş ýa-da deslapky derňew tamamlanandan soň işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga;
- kazyýet seljerişine gatnaşmaga;
- ret etmek baradaky arzalary bermäge;

- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri (ýa-da hereketsizligi) we çözgütleri barada şikaýat etmäge.

Kämillik ýaşyna ýetmedik we akly ýerinde däl aýyplanýanyň hukuklaryny onuň kanuny wekili amala aşyrýar.

***Aýyplanýanyň borçlary.*** Aýyplanýan borçludyr (JIÝK-niň 80-nji maddasynyň 3-nji bölegi):

- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň çagyryşy boýunça gelmäge. Zerur sebäpsiz gelmedik aýyplanýan babatda mejbury getirmek, şeýle hem onuň garşysyna ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak ýa-da has berk ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylyp bilinýär (JIÝK-niň 166, 353, 365-nji maddalary);
- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň kanuny talaplaryna boýun bolmaga;
- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edarasy zerur diýip hasap eden mahalynda derňew we beýleki iş ýörediş hereketlerine gatnaşmaga. Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, görkezilen talaplary we çözgütleri ýerine ýetirmekden ýüz dönderýän ýa-da boýun gaçyrýan aýyplanýan babatda olar mejbury ýagdaýda amala aşyrylyp bilinýär (JIÝK-niň 265, 273, 294, 403 we beýleki maddlar);
- öz garşysyna seçilip alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň düzgünlerini berjaý etmäge. Şu düzgünleri bozan aýyplanýanyň garşysyna has berk ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylyp bilinýär (JIÝK-niň 150, 153, 162, 353, 365-nji maddalar).

- kazyýet mejlisiniň tertibini berjaý etmäge. Şu tertibi bozan aýyplanýan babatda kazyýet mejlisiniň zalyndan çykarmak çäresi ulanylyp bilinýär (JIÝK-niň 370-nji maddalar).

Ýokarda beýan edilen aýyplanýanyň hukuklarynyň we borçlarynyň sanawy gutarnykly däl, onuň beýleki hukuklary we borçlary JIÝK-de aýry-aýry tapgyrlara we institutlara degişlilikde takyklanylýar.

## Jebir çeken.

JIÝK-niň 86-njy maddasynda bellenilşi ýaly, jenaýat zerarly ahlak, beden ýa-da maddy taýdan zyýan ýetirilen fiziki şahs **jebir çeken** diýip hasap edilýär.

Jebir çeken hökmünde ykrar etmek ýa-da ykrar etmekden ýüz döndermek barada anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

Jebir çeken hökmünde ykrar etmegiň we onuň işe gatnaşmagynyň aýratynlyklary:

- jebir çeken hökmünde diňe fiziki şahs (raýat) ykrar edilip bilner, eger maddy zyýan ýuridiki şahsa (edara, kärhana, gurama) ýetirilen bolsa, onda ol iş boýunça diňe raýat hak isleýjihökmünde hasap edilýär;
- belli bir adam jebir çeken hökmünde sülçiniň başyny başlamagy ýa-da şol adamyň arzasy boýunça ykrar edilýär;
- adam jebir çeken hökmünde diňe bir gutarylan jenaýatlarda däl-de, eýsem jenaýatyň kastyna düşmeginde-de ykrar edilip bilner, sebäbi kastyna

düşmekde adamyň kanun tarapyndan goralýan bähbitlerine hem zyýan ýetirmegiň howpy döreýär;
- jebir çekeniň ölmegine getiren jenaýatlar hakyndaky işler boýunça jebir çekene degişli bolan hukuklar onuň ýakyn garyndaşlaryna geçýär;
- jebir çeken kämillik ýaşyna ýetmedik bolup durýan bolsa, onda işe onuň kanuny wekili hem gatnaşdyrylmalydyr;
- işde birnäçe jebir çeken bar bolan ýagdaýynda olary jebir çeken hökmünde bir karar bilen hasap edip bolar.

***Jebir çekeniň hukuklary.*** Jebir çeken haklydyr (JIÝK-niň 86-njy maddasynyň 4-nji bölegi):
- iş boýunça ene dilinde ýa-da bilýän başga dilinde görkezme bermäge;
- terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga;
- aýyplanýana bildirilen aýyp hakynda bilmäge;
- öz gatnaşmagynda geçirilen derňew hereketleriniň teswirnamalary bilen tanyşmaga we şol teswirnamalara bellikleri bermäge;
- subutnamalary hödürlemäge;
- haýyşnamalary aýtmaga;
- deslapky derňewiň tamamlanan pursatyndan, deslapky derňew geçirilmedik işler boýunça bolsa, kazyýet seljerişini bellemek pursatyndan başlap, işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga;
- kazyýet seljerişine gatnaşmaga;
- ret etmek baradaky arzalary bermäge;
- özüne ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmagyny talap etmäge;
- wekil tutunmaga we onuň ygtyýarlylygyny ýatyrmaga;

- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri (ýa-da hereketsizligi) we çözgütleri barada şikaýat etmäge;
- hususy aýyplamakdaky işler boýunça hut özi ýa-da öz wekiliniň üsti bilen kazyýet seljerişinde aýby goldamaga.

Görkezme bermek hukugyndan başga, jebir çeken ähli hukuklaryny hut özi ýa-da öz wekiliniň üsti bilen amala aşyryp bilýär.

***Jebir çekeniň borçlary.*** Jebir çeken borçludyr (JIÝK-niň 86-njy maddasynyň 6-njy bölegi):

- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň çagyryşy boýunça gelmäge. Zerur sebäpsiz gelmedik jebir çeken babatda mejbury getirmek çäresi ulanylyp bilinýär, şeýle hem gelmekden boýun gaçyrýan jebir çeken DHTBHK-niň $177^2$, $177^3$-nji maddasy boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 166-njy maddasy);
- dogry görkezme bermäge. Görnetin ýalan görkezme berendigi ýa-da görkezme bermekden ýüz dönderendigi üçin jebir çeken JK-niň 201, 202-nji maddalary boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 253-nji maddasy);
- iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlar hakyndaky maglumatlary aýan etmezlige. Deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň maglumatlaryny aýan edenligi üçin jebir çeken JK-niň 204-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 243-nji maddasy);

- derňew hereketleri geçirilende hem-de kazyýet mejlisiniň dowamynda bellenen tertibini berjaý etmäge. Şu tertibi bozan jebir çeken babatda kazyýet mejlisiniň zalyndan çykarmak çäresi ulanylyp bilinýär, şeýle hem jebir çeken DHTBHK-niň $177^2$-nji maddasy boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 370-nji maddasy).

Sanalyp geçilenlerden başga-da jebir çeken birnäçe hukuklara we borçlara eýedir, olar JIÝK-de degişli tapgyrlara we institutlara laýyklykda görkezilýär.

**Raýat hak isleýji.**

JIÝK-niň 87-nji maddasynda kesgitlenilşi ýaly, jenaýat zerarly maddy zyýan çeken hem-de jenaýat kazyýet önümçiliginde onuň öwezini doldurmak hakynda talap eden fiziki ýa-da ýuridiki şahs **raýat hak isleýji** diýip hasap edilýär.

Raýat hak isleýji hökmünde ykrar etmek ýa-da ykrar etmekden ýüz döndermek barada anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

Jenaýat iş ýöredişinde bildirilýän raýat hak isleginiň aýratynlyklary:

- jenaýat işinde raýat hak islegi meselesine seretmek üçin aşakdaky şertler zerurdyr:
  a) zyýan öz häsiýeti boýunça diňe maddy (emläk) bolmalydyr;
  b) zyýan gönüden-göni jenaýatyň netijesinde ýetirilen bolmalydyr;

w) zyýanyň öwezini doldurmak barada talap bildirilen bolmalydyr;

- raýat hak isleýjihökmünde hem raýat (fiziki şahs), hem edara, kärhana, gurama (ýuridiki şahs) çykyş edip bilýär;
- raýat hak islegi aýyplanýana ýa-da onuň hereketleri üçin maddy taýdan jogapkärçilik çekýän şahslara bildirilýär;
- raýat hak islegini bildirmek – bu raýatyň hukugydyr, edaranyň, kärhananyň, guramanyň bolsa borjy bolup durýar (JIÝK-niň 87, 188, 191-nji maddalary);
- raýat hak isleýji hökmünde çykyş edýän raýat işe hut özi ýa-da öz wekiliniň üsti bilen gatnaşýar; edara, kärhana, gurama bolsa diňe öz wekiliniň üsti bilen gatnaşýar;
- prokuror, eger muny döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbitleriniň ýa-da raýatlaryň hukuklarynyň goralmagy talap edýän bolsa, raýat hak islegini bildirmäge ýa-da ony goldamaga haklydyr (JIÝK-niň 196-njy maddasy);
- raýat hak islegini bildirmek hukugy jenaýat işi gozgalanda-da, anyklaýyş we deslapky derňew geçirilende-de, kazyýet seljerişi tapgyrynda-da amala aşyrylyp bilinýär;
- jenaýat kazyýet önümçiliginde şu aşakdaky raýat hak islegleriniň bildirilmegine ýol berilmeýär:

  a) garşylyklaýyn hak isleginiň;
  b) aýyplanýanyň aklynyň ýerinde däldigi hakyndaky işler boýunça;
  c) aýyplanýanyň bejerip bolmajak psihiki kesele uçrandygy hakyndaky işler boýunça;

d) ozal raýat kazyýet önümçiliginiň tertibinde hak islegi kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen bolsa (JIÝK-niň 189, 190-njy maddasy).

***Raýat hak isleýjisiniň hukuklary.*** JIÝK-niň 87-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda raýat hak isleýji haklydyr:

- subutnamalary hödürlemäge;
- haýyşnamalary aýtmaga;
- kazyýet seljerişine gatnaşmaga;
- anyklaýyş edarasyndan, sülçüden we kazyýetden özüniň bildiren hak islegini üpjün etmek baradaky çäreleriň görülmegini haýyş etmäge;
- raýat hak islegini goldamaga;
- deslapky derňewiň tamamlanan pursatyndan, deslapky derňew geçirilmedik işler boýunça bolsa, kazyýet seljerişini bellemek pursatyndan başlap, işiň materiallary bilen tanyşmaga;
- ret etmek baradaky arzalary bermäge;
- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri (ýa-da hereketsizligi) barada şikaýat etmäge, şeýle hem kazyýetiň hökümininiň ýa-da kesgitnamasynyň raýat hak islegine degişli bölegi barada şikaýat etmäge.

Raýat hak isleýji görkezilen hukuklaryny hut özi ýa-da öz wekiliniň üsti bilen amala aşyryp bilýär.

***Raýat hak isleýjisiniň borçlary.*** Raýat hak isleýjisiniň üstüne edil jebir çekeniňki ýaly borçlar ýüklenilýär (JIÝK-niň 87-nji maddasynyň 4-nji bölegi) (jebir çekeniň borçlary diýen soraga seret).

Görkezilenlerden başga-da raýat hak isleýjiTürkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki hukuklara eýedir we borçlary ýerine ýetirmelidir.

**Raýat jogap beriji.**

Umumy düzgün boýunça jenaýat zerarly ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmak borjy aýyplanýanyň üstüne ýüklenýär. Şol sebäpli raýat jogap berijini jenaýat iş ýöredişiniň özbaşdak subýekti hökmünde diňe aýyplanýanyň hereketleri üçin belli bir adamlar ýa-da edaralar, kärhanalar, guramalar maddy taýdan jogapkärçilik çekýän halatlarda çykyş edýär. Galan ähli halatlarda raýat hak islegi aýyplanýanyň hut özüne bildirilýär.

JIÝK-niň 88-nji maddasynda görkezilşi ýaly, jenaýat kazyýet önümçiliginiň dowamynda dildirilen raýat hak islegine kanun boýunça maddy taýdan jogapkär fiziki ýa-da ýuridiki şahs **raýat jogap beriji** diýip hasap edilýär.

Raýat jogap beriji hökmünde şu aşakdaky şahslar işe çekilip bilner:

- ata-eneler, hossarlar, howandarlar ýa-da hossarlyk we howandarlyk edýän edaralar (wekil we kanuny wekil diýen soraga seret);
- edaralar, kärhanalar, guramalar.

Görkezilen şahslar şu aşakdaky ýagdaýlarda raýat jogap beriji hökmünde çekilmäge degişlidir:

1) kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan ýetirilen zyýan üçin onuň ata-eneleri, hossarlary, howandarlary, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedige hossarlyk we howandarlyk edýän okuw, terbiýeleýiş we beýleki

edaralar maddy jogapkärçilik çekýärler (RK-niň 1029-njy maddasy);

2) edaranyň, kärhananyň, guramanyň işgäri öz zähmet (gulluk) borçlaryny amala aşyran wagtynda zyýan ýetiren bolsa, şol zyýanyň öwezini doldurmak degişli edaranyň, kärhananyň, guramanyň üstüne ýüklenilýär (RK-niň 1032-nji maddasy);
3) edaranyň, kärhananyň, guramanyň ýa-da raýatyň eýeçiliginde bolan ýokary howplulyk döredýän obýekt (ulag serişdesi, gurluşyk kärhanasy, ýangyn howply, zäherleýji enjamlar we ş.m.) tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmak şol edaranyň, kärhananyň, guramanyň ýa-da raýatyň üstüne ýüklenilýär (RK-niň 1034, 1035-nji maddalary).

Raýat jogap beriji hökmünde işe çekmek barada anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

***Raýat jogap berijiniň hukuklary.*** JIÝK-niň 88-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda raýat jogap beriji haklydyr:

- aýbyň we raýat hak isleginiň düýp manysyny bilmäge;
- bildirilen hak islege garşy çykmaga;
- bildirilen hak islegiň düýp esasy boýunça görkezme bermäge;
- subutnamalary hödürlemäge;
- haýyşnamalary aýtmaga;
- jenaýat işine goşmak üçin materiallary hödürlemäge;
- deslapky derňewiň tamamlanan pursatyndan, deslapky derňew geçirilmedik işler boýunça bolsa, kazyýet seljerişini bellemek pursatyndan başlap, işiň

materiallarynyň raýat hak islegine degişli bölegi bilen tanyşmaga;
- onuň bähbitlerine täsir edýän çözgütler barada bilmäge;
- bildirilen raýat hak islegine degişli bolan iş ýörediş çözgütleriniň nusgalaryny almaga;
- kazyýet seljerişine gatnaşmaga;
- ret etmek baradaky arzalary bermäge;
- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri (ýa-da hereketsizligi) barada şikaýat etmäge, şeýle hem kazyýetiň hökümininiň ýa-da kesgitnamasynyň raýat hak islegine degişli bölegi barada şikaýat etmäge.

Raýat jogap berijii sanalyp geçilen hukuklaryny hut özi ýa-da öz wekiliniň üsti bilen amala aşyryp bilýär.

***Raýat jogap berijiniň borçlary.*** JIÝK-niň 88-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda raýat jogap berijii borçludyr:
- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň çagyryşy boýunça gelmäge. Zerur sebäpsiz gelmedik raýat jogap berijii babatda mejbury getirmek çäresi ulanylyp bilinýär, şeýle hem gelmekden boýun gaçyrýan raýat jogap berijii DHTBHK-niň $177^2$, $177^3$-nji maddasy boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 166-njy maddasy);
- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň kanuny talaplaryna boýun bolmaga;
- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edarasy zerur diýip hasap eden mahalynda derňew we beýleki iş ýörediş hereketlerine gatnaşmaga;
- derňew hereketleri geçirilende hem-de kazyýet mejlisiniň dowamynda bellenen tertibini berjaý etmäge.

Şu tertibi bozan jebir çeken babatda kazyýet mejlisiniň zalyndan çykarmak çäresi ulanylyp bilinýär, şeýle hem raýat jogap berijii DHTBHK-niň $177^2$-nji mad. boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 370-nji maddasy).

Sanalyp geçilenlerden başga-da raýat jogap berijii Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki hukuklara eýedir we borçlary ýerine ýetirmelidir.

## Adwokat.

**Adwokat** – bu deslapky derňewde we kazyýetde aklamak wezipesini amala aşyrýan jenaýat iş ýöredişiniň özbaşdak gatnaşyjysydyr.

JIÝK-niň 80-nji maddasyna laýyklykda *adwokat* hökmünde şu aşakdaky adamlar gatnaşyp bilýär:

1) adwokatlar (adwokatlar kollegiýasynyň we Ýuridiki maslahathanasynyň agzalary);
2) kärdeşler arkalaşygynyň we beýleki jemgyýetçilik guramalaryň wekilleri – şol guramalaryň agzalarynyň işleri boýunça;
3) aýyplanýanyň ýakyn garyndaşlary (olaryň sanawy JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 58-nji bendinde görkezilen) (sülçiniň we anyklaýjynyň işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlar diýen soraga seret);
4) aýyplanýanyň beýleki wekilleri. Beýleki wekiller diýlip aşakdakylara düşinilýär:
   a) aýyplanýanyň kanuny wekilleri (olaryň sanawy JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 40-njy bendinde

görkezilen) (wekil we kanuny wekil diýen soraga seret);

b) beýleki adamlar (olar 02.09.2003-nji ýyldaky Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanylan “Hukuk kömegini bermek işine döwlet tarapyndan ygtyýarlylandyrmak hakyndaky” Düzgünnamasy esasynda hukuk kömegini bermek işini amala aşyrýan ýuridiki firmalaryň agzalary we aýry-aýry adamlar bolup durýar).

adwokatlar şu aşakdaky *resminamalaryň* esasynda işe gatnaşmak üçin goýberilýär:

1) adwokatlar üçin – Ýuridiki maslahathanasynyň orderi;
2) jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri üçin – onuň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminama (umumy ýygnagynyň teswirnamasy, ýolbaşçynyň beren ynanç haty we ş.m.);
3) aýyplanýanyň ýakyn garyndaşlary we kanuny wekilleri üçin – olaryň aýyplanýan bilen garyndaşlygyny tassyklaýan resminama ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň degişli çözgüdi;
4) beýleki adamlar üçin – hukuk kömegini bermek baradaky işlerini amala aşyrmaga rugsat berýän lisenziýanyň nusgasy.

adwokat aşakdaky *pursatlardan* başlap işe gatnaşmak üçin goýberilýär:

- adam güman edilýän hökmünde sorag edilen pursatyndan;
- aýyp bildirilen pursatyndan;
- adam güman edilýän hökmünde saklanan halatynda – oňa güman edilýän hökmünde saklamaklygyň

teswirnamasy yglan edilen pursatyndan (ýöne islendik ýagdaýda onuň saklanan pursatyndan başlap 24 sagatdan gijä galdyrylman gatnaşdyrylmalydyr);

- güman edilýäne aýyp bildirilmezden öň onuň garşysyna tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan halatynda – şol ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak baradaky karar yglan edilen pursatyndan (ýöne islendik ýagdaýda onuň tussag astyna alnan pursatyndan başlap 24 sagatdan gijä galdyrylman gatnaşdyrylmalydyr).

adwokat şu aşakdaky *tertipde* işe gatnaşmak üçin girişýär:

1) <u>çagyrmak boýunça.</u> adwokat aşakdaky adamlar tarapyndan çagyrylýar:
   a) aýyplanýan (güman edilýän, kazyýetde işi seredilýän) tarapyndan;
   b) aýyplanýanyň kanuny wekilleri tarapyndan;
   c) aýyplanýanyň tabşyrygy ýa-da razylygy boýunça beýleki adamlar tarapyndan;
2) <u>bellemek boýunça.</u> adwokat aşakdaky ýagdaýlarda anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet tarapyndan bellenilýär:
   a) aýyplanýanyň (güman edilýäniň, kazyýetde işi seredilýäniň) haýyşy boýunça;
   b) adwokatyň işe gatnaşmagy kanunda göz öňünde tutulan hökmany halatlarynda, adwokat 1-nji bentde görkezilen adamlar tarapyndan çagyrylmadyk bolsa;
   c) aýyplanýan tarapyndan seçilip alnan belli bir adwokatyň işe seretmek üçin kanunda bellenen möhletde gatnaşmagy mümkin bolmadyk halatynda,

aýyplanýana başga bir adwokatny çagyrmaklyk teklip edilip bilinýär ýa-da oňa Ýuridiki maslahathanasynyň üsti bilen adwokat bellenilýär;

d) adam güman edilýän hökmünde saklanan ýa-da tussag astyna alnan halatlarda, güman edilýän ýa-da aýyplanýan tarapyndan seçilip alnan belli bir adwokat, olaryň saklanan ýa-da tussag edilen pursatyndan başlap 24 sagadyň dowamynda gelip bilmese, onda adwokat ýokardaky görkezilen tertipde bellenilmelidir.

Ýuridiki maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň talaby boýunça adwokatyň işe gatnaşmagyny üpjün etmäge borçludyr.

Kanunda goşmaça kepillendirmelere mätäç bolan adamlaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyny güýçlendirmek maksady bilen, adwokatyň işe gatnaşmagynyň *hökmany halatlary* göz öňünde tutulan (JIÝK-niň 82-nji maddasy):

1) güman edilýän, aýyplanýan we kazyýetde işi seredilýän adwokatny gatnaşdyrmak barada haýyş edýän işleri boýunça;
2) kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça;
3) lallaryň, kerleriň, körleriň hem-de özleriniň beden ýa-da psihiki ýetmezçilikleri zerarly özlerini goramak hukugyny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän beýleki adamlaryň işleri boýunça;
4) aýyplanýany stasionar kazyýet-psihiatriýa seljermesisyna ibermek baradaky meselesine seredilýän işleri boýunça;

5) kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dilini bilmeýän hem-de sowatsyz adamlaryň işleri boýunça;
6) eger adamlaryň hatda biriniň adwokatsy bolup, şol adamlaryň aklanmak bähbitleriniň arasynda gapma-garşylyklar bar bolan işler boýunça;
7) anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazy şu aşakdaky işlerde adwokatyň gatnaşmagynyň zerurdygyny ykrar etseler:
   a) jenaýaty kämillik ýaşyna ýetmedik mahaly edip, emma anyklaýyş, deslapky derňew ýa-da kazyýet seljerişi wagtynda kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň işleri boýunça;
   b) 3-nji bentde görkezilenlerden başga sebäplere görä, özüni aklamak hukugyny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän ýa-da amala aşyrmakda kynçylyk çekýän adamlaryň işleri boýunça.
8) aýratyn agyr jenaýatlary (jeza çäresi hökmünde 25 ýyl möhletli azatlykdan mahrum etmekligi göz öňünde tutýan) etmekde güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän adamlaryň işleri boýunça;
9) aýyplanýan babatda tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan işler boýunça;
10) medisina häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmak hakyndaky işler boýunça;
11) kazyýet seljerişine döwlet aýyplaýjysynyň gatnaşýan işleri boýunça;

Adwokatyň güman edilýäni, aýyplanýany ýa-da kazyýetde işi seredilýäni aklamak barada öz üstüne alan borjundan ýüz döndermäge haky ýokdur (JIÝK-niň 84-nji maddasy). Bu kada güman edilýän, aýyplanýan we

kazyýetde işi seredilýän üçin, hiç bir ýagdaýlara garamazdan, professional ýuristiň kömeginden peýdalanmaklygyň kepillendirmesi bolup hyzmat edýär, çünki Konstitusiýanyň 108-nji maddasynda her bir adamyň professional ýuridiki kömegini almak hukugy jenaýat kazyýet önümçiliginiň islendik tapgyrynda ykrar edilýär diýip görkezilendir.

Bir adamy näçe sany adwokatlaryň gorap bilýändikleri kanunda kesgitlenilmedik. Emma bir güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýet edilýäniň aklanmak bähbitleri beýleki biriniň aklanmak bähbitlerine ters gelýän bolsa, onda bir adwokat iki ýa-da ondan köp bolan adamlary aklap bilmez (JIÝK-niň 81-nji maddasy).

Ondan başga-da Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, şu aşakdaky halatlarda adwokatyň ýuridik kömegi bermegi sorap ozüne ýüz tutandan tabşyryk almaga haky ýokdur[8]:

-ynanyjy bilen baglaşylan ylalaşygyň mazmuny boýunça şol adamyň bähbidinden başga, aýratyn bähbidi bar bolsa;

-işe kazy, prokuror, sülçi, anyklaýjy, bilermen, hünärmen, terjimeçi hökmünde gatnaşan bolsa, şu iş boýunça ol jebir çeken ýa-da şaýat bolýan bolsa, şeýle hem ol wezipeli adam bolup, şol adamyň bähbidine çözgüt kabul etmek onuň ygtyýarlygyna girýän bolsa;

[8]Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat 2010. 13-nji madda.

-şol adamyň işini derňemäge ýa-da oňa seretmäge gatnaşan ýa-da gatnaşýan wezipeli adam, jebir çeken bilen garyndaşlyk ýa-da maşgala gatnaşyklarynda durýan bolsa;

-bähbitleri şol adamyň bähbidine garşy gelýän ynanyja şol bir is boýunça ýuridik kömegi berýän ýa-da ozal beren bolsa;

Adwokatyň öz borçlaryny üstünlikli amala aşyrmagy köp halatda onuň adwokatlyk syryny[9] saklamagyna bagly bolup durýar. Şol sebäpli kanunda adwokat tarapyndan adwokatlyk syrynyň berjaý edilmegi aşakdaky ýaly düzgünler bilen kepillendirilýär, ýagny ýuridik kömegi bermek bilen baglylykda özüne mälim bolan we adwokatlyk syry bolup durýan maglumatlary aýan etmäge, şeýle hem olary özüniň bähbitleri üçin ulanmaga adwokatyň hukugy ýokdur. *(Döwlet syrlary toparyna degişli ýa-da döwletiň milli howpsuzlyk bähbitlerine ýa-da jemgyýetçilik howpsuzlygyna dahylly maglumatlar adwokatlyk syryna degişli edilip bilinmez we adwokat şolar ýaly maglumatlar barada degişli döwlet edaralaryna habar bermäge borçludyr).*[10]

- adwokat öz borjuny ýerine ýetirmek bilen baglylykda özüne mälim bolan işiň ýagdaýlary hakynda şaýat hatarynda sorag edilip bilinmez (JIÝK-niň 93-nji maddasy).

[9] Adwokatyn ynanyja berýän ýuridik kömegi bilen baglanyşykly alan ynanyjynyň äşgär edilmegini islemeýän islendik maglumatlary adwokatlyk syry bolup durýar.

[10] Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat 2010. 16-njy madda.

Aýyplanýan (güman edilýän, kazyýetde işi seredilýän) adwokatyň kömeginden ýüz döndermäge haklydyr. adwokatdan *ýüz döndermek* şu aşakdaky tertipde amala aşyrylýar (JIÝK-niň 83-nji maddasy):

- aýyplanýan iş ýöredişiň islendik pursatynda adwokatdan (şol sanda belli bir adwokatdan) ýüz dönderip bilýär;
- aýyplanýanyň başga adwokatny çagyrmaga-da, adwokatny çalşyrmak hakynda haýyş etmäge-de hukugy bardyr;
- adwokatdan ýüz döndermeklik diňe meýletin bolmalydyr, şeýle isleg aýyplanýanyň hut özünden gelip çykmalydyr;
- her hili mejbury ýüz döndermeler aýyplanýanyň aklanmak hukugynyň bozulmagy diýip hasap edilýär;
- aýyplanýanyň adwokatdan ýüz döndermegi kazyýetde döwlet garalawçysynyň hem-de beýleki aýyplanýanlaryň adwokatlarynyň gatnaşmaklygyna päsgel bermeýär;
- aýyplanýanyň maddy mümkinçiliginiň ýoklugy sebäpli adwokatdan ýüz döndermegi hiç bir halatda kabul edilmeýär;
- JIÝK-niň 82-nji maddasynyň 2-5, 7 we 10-njy bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda adwokatdan ýüz döndermek baradaky arzalar anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet üçin hökmany däldir (adwokatyň işe gatnaşmagynyň hökmany halatlaryna seret);
- aýyplanýanyň ozal adwokatdan ýüz döndermegi onuň gelejekde adwokatyň kömeginden peýdalanmak hukugyndan mahrum edýän däldir;

- adwokatdan ýüz döndermeklik aşakdaky resminamalar bilen berkidilýär:
  a) aýyplanýan arza ýazýar;
  b) anyklaýjy, sülçi, prokuror teswirnama düzýärler;
  c) kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

Raýatlara adwokatlar tarapyndan berilýän ýuridiki kömek olaryň öz arasynda baglaşylan ylalaşygy esasynda tölenilýär. Emma JIÝK-niň 200-nji maddasynda bellenilşi ýaly, raýatyň maddy ýagdaýy göz öňünde tutulyp, ol ýuridiki kömegini tölemekden doly ýa-da bölekleýin boşadylyp bilinýär:

- Ýuridiki maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy tarapyndan (şeýle halatlarda adwokatyň zähmeti adwokatlar kollegiýasynyň serişdelerinden tölenilýär);
- anyklaýyş, deslapky derňew edaralary, prokuror ýa-da kazyýet tarapyndan (şeýle halatlarda adwokatyň zähmeti döwletiň serişdelerinden tölenilýär).

***adwokatyň hukuklary***. adwokat haklydyr (JIÝK-niň 84-nji maddasynyň 2-5-nji bölekleri):

- aýyp bildirilende gatnaşmaga;
- güman edilýän, aýyplanýan sorag edilende, şeýle hem olaryň gatnaşmagynda geçirilýän beýleki derňew hereketlerine gatnaşmaga;
- derňew hereketine gatnaşan mahalynda:
  a) sorag edilýän adamlara sowal bermäge;
  b) derňew hereketiniň teswirnamasynda edilen ýazgylaryň nädogrulygy ýa-da doly däldigi hakynda ýazmaça bellik etmäge;

- güman edilýän hökmünde saklamaklygyň teswirnamasy hem-de ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak baradaky karar bilen tanyşmaga;
- kazyýet seljerişine gatnaşmaga;
- subutnamalary hödürlemäge;
- haýyşnamalary aýtmaga;
- ret etmek baradaky arzalary bermäge;
- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazyýetiň hereketleri (ýa-da hereketsizligi) we çözgütleri barada şikaýat etmäge;
- işe gatnaşmaga göýberilen pursatyndan başlap, saklanan ýa-da tussag astyna alnan güman edilýän ýa-da aýyplanýan bilen ikiçäk we konfidesial duşuşmaga (duşuşyklaryň sany we dowamlylygy çäklendirilmedik);
- şu aşakdaky pursatlardan işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga we ondan zerur bolan maglumatlary göçürip almaga:
  a) JIÝK-niň 82-nji maddasynyň 2, 3, 5 we 7 bentlerinde göz öňünde tutulan aýyplanýanlaryň işleri boýunça – aýyp bildirilen pursatyndan ( adwokatyň işe gatnaşmagynyň hökmany halatlaryna seret);
  b) medisina häsiýetli mejbury ediş çärelerini ulanmak hakyndaky işler boýunça – adamyň psihiki keseliniň bardygy anyklanan pursatyndan;
  c) beýleki işler boýunça – anyklaýjynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň razylyk bermegi bilen günä bildirilen pursatyndan;
  d) ähli işler boýunça – aýyplanýanyň işiň materiallary bilen tanyşan pursatyndan.

Emma adwokatyň şu aşakdaky hereketleri amala aşyrmaga *hukugy ýokdur* (JIÝK-niň 84-nji maddasynyň 7, 8-nji bölekleri):

- öz aklaýan adamynyň bähbitleriniň garşysyna haýsydyr bir hereketleri amala aşyrmaga hem-de onuň öz hukuklaryny amala aşyrmakda päsgel bermäge;
- öz aklaýan adamynyň tabşyrygy bolmasa onuň jenaýat etmekde günäkärligi barada hem-de jebir çeken bilen ýaraşandygy barada aýtmaga, onuň beren şikaýatlaryny (şol sanda kazyýetiň aýyplaýyş hökümine beren şikaýatyny) yzyna almaga hem-de raýat hak islegini ykrar etmäge.

***adwokatyň borçlary.*** adwokat borçludyr (JIÝK-niň 84-nji maddasynyň 1, 9-njy bölekleri):

- güman edilýäni, aýyplanýany we kazyýetde işi seredilýäni aklaýan we olaryň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlary ýüze çykarmak maksady bilen aklamagyň kanunda görkezilen ähli serişdelerinden we usullaryndan peýdalanmaga;
- güman edilýäne, aýyplanýana we kazyýetde işi seredilýäne zerur bolan ýuridiki kömegini bermäge;
- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň çagyryşy boýunça gelmäge (ondan başga-da, adwokat jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaranyň kanuny buýurmasy boyunça gelmäge);
- iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlar hakyndaky maglumatlary aýan etmezlige. Deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň maglumatlaryny aýan edenligi üçin adwokat JK-niň 204-nji maddasy boýunça jenaýat

jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 243-nji maddasy);

- kazyýet mejlisiniň tertibini berjaý etmäge. adwokatyň kazyýet mejlisiniň tertibini bozandygy üçin DHTBHK-niň $177^2$-nji maddasy boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 370-nji maddasy).

Görkezilenlerden başga-da adwokatyň birnäçe hukuklary we borçlary bar, olar JIÝK-de jenaýat iş ýöredişiniň degişli tapgyrlara laýyklykda beýan edilýär.

## Wekil we Kanuny wekil

Wekilçilik – bu belli bir şahsyň (wekilçilik edilýäniň) hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin beýleki bir şahsyň (wekiliň) amala aşyrýan işidir.

Jenaýat iş ýöredişinde wekilçiligiň iki sany ***görnüşi*** tapawutlandyrylýar:

1) kanuny (kanundan gelip çykýan wekilçilik);
2) şertnamalaýyn (ylalaşyk esasynda amala aşyrylýan wekilçilik).

## Kanuny wekilçilik

Kanuny wekilçiligiň, öz gezeginde, şu aşakdaky *ugurlaryny* kesgitläp bolar:

1) fiziki şahslara edilýän wekilçilik (ýagny, ol ata-enelik, hossarlyk ýa-da howandarlyk gatnaşyklardan döreýän wekilçilik) (NweMHK-niň 64-nji maddasy, RK-niň 31-nji maddasy);
2) ýuridiki şahslara edilýän wekilçilik (ýagny, ol gulluk, wezipe ýagdaýlaryndan gelip çykýan wekilçilik) (RK-niň 54-nji maddasy).

Görkezilen ugurlaryň her birini düşündirip geçeliň.

**I.** JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 40-njy bendine laýyklykda şu aşakdaky adamlar **aýyplanýanyň we jebir çekeniň kanuny wekili** bolup durýar:

- ata-ene;
- perzentlige alyjylar;
- hossarlar (hossarlyk kämillik ukyby bolmadyk adamlara bellenilýär) (RK-niň 32, 35-nji maddalary);
- howandarlar (howandarlyk çäklendirlen kämillik ukyby bolan adamlara bellenilýär) (RK-niň 33, 35-nji maddalary);
- hossarlyk we howandarlyk edýän edaralaryň wekilleri (terbiýeleýiş, bejeriş we beýleki edaralar) (RK-niň 35-nji maddasy).

Kanuny wekil şu aşakdaky *halatlarda* işe gatnaşdyrylmaga degişlidir:

1) wekilçilik edilýän adamyň kämillik ukyby bolmadyk halatynda (RK-niň 23 we 26-njy maddasyna laýyklykda 7 ýaşa ýetmedik çagalaryň hem-de akly ýerinde däl adamlaryň kämillik ukyby ýok diýip hasap edilýär);
2) wekilçilik edilýän adamyň çäklendirilen kämillik ukyby bolan halatynda (RK-niň 25-nji maddasynda kesgitlenilşi ýaly, 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň çäklendirilen kämillik ukyby bar diýip hasap edilýär);
3) wekilçilik edilýän adam kämillik ýaşyna ýeten hem-de kämillik ukyby bolan, ýöne saglyk ýagdaýy sebäpli öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän halatynda (RK-niň 41-nji maddasy).

Fiziki şahsyň kanuny wekili özüniň wekilçilik edýän adam bilen garyndaşlygyny tassyklaýan resminama ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň degişli çözgüdi esasynda işe goýberilýär.

Kanuny wekiliň käbir görnüşli işlere gatnaşmagynyň öz aýratynlyklary bar. Şol aýratynlyklar aşakdakylardan ybarat:

- wekilçilik edilýäniň kämillik ukyby bolmadyk halatynda kanuny wekil onuň deregine gatnaşýar, wekilçilik edilýäniň çäklendirilen kämillik ukyby bolan hem-de beýleki halatlarda kanuny wekil onuň bilen birlikde gatnaşýar;
- aýyplanýanyň kanuny wekili işe adwokat hökmünde gatnaşmaga haklydyr. Şeýle halatda ol adwokatyň iş ýörediş ýagdaýyny eýeleýär (JIÝK-niň 81-nji maddasy);
- kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça kanuny wekil adwokatyň gatnaşýandygyna garamazdan, onuň bilen bir hatarda özbaşdak subýekt hökmünde gatnaşyp bilýär;
- kämillik ýaşyna ýetmedik aýyplanýanyň kanuny wekili deslapky derňew işi tapgyrynda öz haýyşnamasy boýunça aýyplanýana deslapky derňewiň tamamlanandygyny yglan etmek hem-de işiň materiallaryny tanyşmak üçin görkezmek pursatyndan başlap işe goýberilýär. Eger sülçi kanuny wekiliň gatnaşmagy kämillik ýaşyna ýetmedigiň bähbitlerine zyýan ýetirer diýip hasap etse, onda ol kanuny wekili aýyplanýanyň işiň materiallary bilen tanyşdyrmaklyga goýbermän hem bilýär (JIÝK-niň 319-njy maddasy).

**II.** Eger edara, kärhana, gurama raýat hak isleýjiýa-da raýat jogap berijii bolup durýan bolsa, onda **kanuny wekil** hökmünde olaryň ýolbaşçylary ýa-da beýleki wezipeli adamlar (ýuriskonsult, hojalyk müdiri we ş.m.) çykyş edýär.

Ýuridiki şahsyň kanuny wekili onuň wezipe ýagdaýyny tassyklaýan resminama ýa-da ynanç haty esasynda işe goýberilýär.

Kanuny wekil hökmünde ykrar etmek ýa-da ykrar etmekden ýüz döndermek barada anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

Kanuny wekiliň işe gatnaşmagy ony şaýat hökmünde sorag etmek mümkinçiligini aradan aýyrýan däldir. Eger kanuny wekil şaýat hatarynda sorag edilýän bolsa, onda ol şaýadyň hukuklaryna we borçlaryna eýe bolýar (JIÝK-niň 93, 517-nji maddalary).

***Kanuny wekiliň hukuklary we borçlary.*** Kanuny wekil özüniň wekilçilik edýän subýektiň iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanýar (aýyplanýanyň, jebir çekeniň, raýat talapçynyň we raýat jogap berijiiniň hukuklary diýen soraglara seret).

Aýyplanýanyň kanuny wekiliniň üstüne JIÝK tarapyndan nähili hem bolsa-da borçlar ýüklenilmeýär. Jebir çekeniň, raýat talapçynyň we raýat jogap berijiiniň kanuny wekilleriniň üstüne bolsa olaryň wekilçilik edýän subýektleriňki ýaly borçlar ýüklenilýär (jebir çekeniň, raýat talapçynyň we raýat jogap berijiiniň borçlary diýen soraglara seret).

## Şertnamalaýyn wekilçilik

JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 57-nji bendinde we 89-njy maddasynda görkezilşi ýaly, **jebir çekeniň, raýat talapçynyň we raýat jogap berijiiniň wekili** hökmünde şu aşakdaky adamlar gatnaşyp bilýär:

- ýakyn garyndaşlar;
- kanuny wekiller;
- adwokatlar;
- kärdeşler arkalaşygynyň we beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň agzalary;
- beýleki adamlar (sanalyp geçilen adamlar barada düşindiriş adwokat diýen soragda berlen).

Wekiller şu aşakdaky *resminamalaryň* esasynda işe gatnaşmak üçin goýberilýär:

- ýakyn garyndaşlar we kanuny wekiller üçin – olaryň wekilçilik edilýän bilen garyndaşlygyny tassyklaýan resminama ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň degişli çözgüdi;
- adwokatlar üçin – Ýuridiki maslahathanasynyň orderi;
- jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri we beýleki adamlar üçin – ynanç haty ýa-da lisenziýa.

Wekil hökmünde ykrar etmek ýa-da ykrar etmekden ýüz döndermek barada anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

JIÝK-niň 85-nji maddasynda jebir çekeniň, raýat talapçynyň we raýat jogap berijiiniň wekili hökmünde adwokatyň hem-de kärdeşler arkalaşygynyň we beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň agzasynyň *işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlar* göz öňünde tutylan:

- eger işini alyp barmak baradaky haýyş bilen ýüz tutan adamyň bähbitleri onuň şu iş boýunça ýuridiki kömegini berýän ýa-da ozal beren adamlaryň bähbitlerine ters gelýän bolsa;
- eger ol şu iş boýunça kazy, prokuror, sülçi, anyklaýjy, bilermen, hünärmen, terjimeçi, şaýat ýa-da güwä hökmünde gatnaşan bolsa;
- eger ol şu işiň derňelmegine ýa-da seredilmegine gatnaşýan wezipeli adam bilen garyndaşlyk aragatnaşygynda durýan bolsa.

Sanalyp geçilen ret etmek üçin esaslar bar bolan mahalynda adwokat, kärdeşler arkalaşygynyň we beýleki jemgyýetçilik guramasynyň agzasy işe gatnaşmakdan aýyrylmalydyr, ýagny:

1) ol öz-özüni ret etmek barada arz etmäge borçludyr;
2) işe gatnaşýan subýektler ony ret etmek barada arz etmäge haklydyr.

Adwokaty, kärdeşler arkalaşygynyň we beýleki jemgyýetçilik guramasynyň agzasyny ret etmek hakyndaky mesele anyklaýyş we deslapky derňew döwründe işi alyp barýan anyklaýjy, sülçi ýa-da prokuror tarapyndan, kazyýetde bolsa işe seredýän kazyýet tarapyndan çözülýär (JIÝK-niň 106-njy maddasy).

Adwokat, kärdeşler arkalaşygynyň we beýleki jemgyýetçilik guramasynyň agzasy wekil hökmünde öz borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglylykda, özüne mälim bolan işiň ýagdaýlary hakynda şaýat hatarynda sorag edilip bilinmez (JIÝK-niň 93-nji maddasy).

***Wekiliň hukuklary we borçlary.*** Wekil özüniň wekilçilik edýän subýektiň iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanýar we borçlaryny çekýär (jebir çeken, raýat hak isleýjiwe raýat jogap berijii diýen soraglara seret).

## §4.Jenaýat iş ýöredişiň amala aşyrylmagyna ýardam berýän beýleki gatnaşyjylar.

### Şaýat

Iş boýunça ähmiýetli haýsydyr bir ýagdaýlardan habarly bolan (ýa-da habarly bolmagy mümkin) islendik adam **şaýat** hökmünde sorag edilip bilner (JIÝK-niň 91-nji maddasy).

Şaýat hökmünde işe gatnaşýan adam şol iş boýunça bir wagtyň özünde adwokat, döwlet aýyplaýjysy, şeýle hem jebir çekeniň, raýat talapçynyň ýa-da raýat jogap berijiiniň wekili hökmünde çykyş edip bilmez (JIÝK-niň 92-nji maddasy). Bu düzgün diňe jebir çekeniň, güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň kanuny wekilleri babatda hereket etmeýär (wekil we kanuny wekil diýen soraga seret).

Psihiki taýdan kesellemegi ýa-da bozulmagy, duýgy synalarynyň ýitirilmegi ýa-da syrkawlamagy sebäpli iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlara akyl ýetirip bilmeýän ýa-da şolar hakynda dogry görkezme berip bilmeýän adamy şaýat hatarynda sorag etmek gadagandyr. Emma adamda beden ýa-da psihiki ýetmezçilikler bolmagynyň özi ony şaýat hökmünde sorag etmek mümkinçiligini aradan aýyrýan däldir (JIÝK-niň 93-nji maddasy).

Şaýat çagyryş haty (telegramma, telefonogramma) arkaly çagyrylýar (JIÝK-niň 250-nji maddasy). Anyklaýyş we deslapky derňew döwründe şaýadyň sorag edilendigi hakynda teswirnama düzülýär, kazyýetde bolsa şol barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda beýan edilýär.

***Şaýadyň hukuklary.*** Şaýat haklydyr (JIÝK-niň 92-nji maddasynyň 1-nji bölegi):

- haýsy jenaýat işi boýunça çagyrylandygy bilmäge;
- öz ene dilinde ýa-da bilýän başga dilinde görkezme bermäge;
- öz-özüne we ýakyn garyndaşlaryna garşy görkezme bermekden ýüz döndermäge;
- onuň sorag edilmegine gatnaşýan terjimeçä ret etmek barada arza bermäge;
- ony sorag etmegiň teswirnamasy bilen tanyşmaga;
- teswirnamanyň üstüniň doldurylmagyny we oňa düzedişleriň girizilmegini talap etmäge;
- haýyşnamalary aýtmaga;
- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri barada şikaýat etmäge;
- derňew we kazyýet edaralaryna gelip-gitmegi sebäpli eden çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyna.

***Şaýadyň borçlary.*** Şaýadyň borçlary hem-de şol borçlaryň bozulandygy üçin görülýän çäreler jebir çekeniňki bilen birmeňzeşdir (JIÝK-niň 92-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 94-nji maddasy) (jebir çekeniň borçlary diýen soraga seret).

Sanalyp geçilenlerden başga-da şaýadyň birnäçe hukuklary we borçlary bar, olar JIÝK-de degişli tapgyrlara we institutlara laýyklykda görkezilýär.

Bilermen.

Anyklaýyş, deslapky derňew we kazyýet seljerişi geçirilen wagtynda ylymda, senetde, sungatda, tehnikada

we beýleki çygryda ýörite bilimler zerur bolan halatynda seljerme bellenilýär (JIÝK-niň 287-nji maddasy).

Seljerme geçirmek we netije bermek üçin zerur bilimleri bar bolan hem-de anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet tarapyndan seljerme geçirmek üçin tabşyryk berlen islendik adam **bilermen** diýip atlandyrylýar (JIÝK-niň 95-nji maddasy).

Bilermen şu aşakdaky adamlardan çagyrylýar:

1) ýörite bilermen edaralarynda işleýän bilermenlerden;
2) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň bellän başga hünärmenlerinden (rewizor, inžener, alym we ş.m.).

Häzirki wagtda Türkmenistanda şu aşakdaky ýörite *bilermen edaralary* hereket edýär:

<u>Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň (IIM) ulgamynda</u>:

- IIM-niň ýanyndaky *Kriminalistik barlaglar merkezi* (KBM);
- welaýat polisiýa müdirliklerinde *Kriminalistik barlaglar bölümleri* (KBB),
  ulaglardaky polisiýa müdirliginde *Kriminalistik barlaglar topary* (KBT);
- etrap, şäher polisiýa bölümlerinde *Kriminalistik barlaglar bölümçeleri* (KBB) ýa-da *Kriminalistik barlaglar toparlary* (KBT).

<u>Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet Gullugynyň (TNGGBDG-y) ulgamynda</u>:

- <u>TNGGBDG-nyň Merkezi edarasynyň ýanyndaky</u> *Himiýa-seljeriş barlaghanasy* (HSB);

- TNGGBDG-nyň welaýat we şäher müdirlikleriniň ýanyndaky *Himiýa-seljeriş barlaghanalary;*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň (SG we DSM) ulgamynda:

1) - SG we DSM-niň *Merkezi kazyýet lukmançylyk edarasy* (MKLE);
   - welaýatlarda *Kazyýet lukmançylyk edarasy* (KLE);
   - etraplarda, şäherlerde *Kazyýet lukmançylyk edarasy* (KLE);
2) - SG we DSM-niň *Ruhy nähoşluk we neşekeşlik merkezi hassahanasy* (RN we NMH);
   - welaýatlarda *Ruhy nähoşluk we neşekeşlik hassahanalary* (RN we NH).

Belli bir adam iş ýörediş manysynda "bilermen" diýlip atlandyrylýan subýekt hökmünde degişli kararyň ýa-da kesgitnamanyň esasynda çykyş edip başlaýar. Seljermesiny bellemek barada anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar (JIÝK-niň 289, 396-njy maddalary).

***Bilermeniň hukuklary.*** Bilermen haklydyr (JIÝK-niň 96-njy maddasynyň 1-nji bölegi):

- netije bermek üçin zerur bolan işiň materiallary we iş boýunça ýygnalan subutnamalar bilen tanyşmaga;
- oňa tanyşmak üçin hödürlenen derňew ýa-da barlag materiallarynyň üstüniň doldurylmagy barada haýyşnamalary aýtmaga;
- sülçiniň rugsat bermegi bilen aýyplanýan, jebir çeken, şaýat sorag edilende we beýleki derňew hereketleri

geçirilende olara gatnaşmaga hem-de sülçiniň rugsat bermegi bilen sorag edilýänlere sowal bermäge;
- kazyýet seljerişine gatnaşmaga;
- kazyýet mejlisinde sorag edilýän adamlara sowal bermäge, işe täze subutnamalary goşmak hakynda kazyýete haýyşnamalary aýtmaga;
- onuň gatnaşan derňew ýa-da beýleki iş ýörediş hereketiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga;
- seljerme geçirilende onuň hukuklaryny çäklendirýän anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri barada şikaýat etmäge;
- seljerme geçirmek bilen baglylykda eden çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna hem-de ýerine ýetiren işleri üçin zähmet hakyny almaga (eger seljermesiny geçirmek onuň wezipe borçlaryna girmeýän bolsa);
- hödürlenen materiallar seljerme geçirmek üçin ýeterlikli bolmadyk halatynda ýa-da goýlan soraglar bilermeniň bilim çäginden çykýan bolsa, netije bermekden ýüz döndermäge.

Emma bilermeniň şu aşakdaky hereketleri amala aşyrmaga *hukugy ýokdur* (JIÝK-niň 96-njy maddasynyň 2-nji bölegi):

- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaradan birugsat seljerme geçirmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça iş ýöredişiň gatnaşyjylary bilen gepleşikleri geçirmäge;
- barlag geçirmek üçin materiallary özbaşdak ýygnamaga;
- seljerme bellän edaranyň ýörite rugsady bolmasa, maddy subutnamalaryň doly ýa-da bölekleýin ýok

edilmegine, şeýle hem olaryň daşky görnüşiniň ýa-da esasy alamatlarynyň üýtgemegine getirip biljek barlaglary geçirmäge.

***Bilermeniň borçlary.*** Bilermen borçludyr (JIÝK-niň 96-njy maddasynyň 2, 3-5-nji bölekleri):

- anyklaýjynyň, süçiniň, prokuroryň we kazyýetiň çagyryşy boýunça gelmäge. Zerur sebäpsiz gelmekden boýun gaçyrýan bilermen üçin DHTBHK-niň $177^2$, $177^3$-nji mad. boýunça dolandyryş jogapkärçiligi göz öňünde tutulýar;
- öz öňünde goýulan soraglar boýunça obýektiw we esaslandyrylan netije bermäge. Görnetin ýalan netije berendigi üçin bilermen JK-niň 201-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilýär;
- iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlar hakyndaky maglumatlary aýan etmezlige. Deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň maglumatlaryny aýan edenligi üçin bilermen JK-niň 204-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 243-nji maddasy);
- kazyýet mejlisiniň tertibini berjaý etmäge. Şu tertibi bozan bilermen babatda kazyýet mejlisiniň zalyndan çykarmak çäresi ulanylyp bilinýär, şeýle hem bilermen DHTBHK-niň $177^2$-nji maddasy boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 370-nji maddasy).

## Bilermeniň işe gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar.

Bilermeni ret etmek üçin esaslar edil sülçiniňki ýalydyr (JIÝK-niň 103-nji maddasy) (sülçiniň we anyklaýjynyň işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlara seret).

Emma sülçiniňkiden tapawutlylykda kanunda bilermeni ret etmek üçin goşmaça şu aşakdaky esaslar hem bellenilen (JIÝK-niň 104-nji maddasy):

1) eger bilermen iş ýöredişiň gatnaşyjylarynyň haýsydyr birine gulluk taýdan ýa-da başga tarapdan ozal garaşly bolan ýa-da häzirki wagtda garaşly bolup durýan bolsa;
2) eger bilermen şu iş boýunça hünärmen hökmünde gatnaşan bolsa, rewiziýany ýa-da başga barlaglary geçiren, materiallary ýygnan ýa-da maglumat beren bolsa;
3) eger bilermeniň baş çykaryjylyksyzlygy ýüze çykan bolsa.

Emma onuň şol bir iş boýunça ozal bilermen hökmünde gatnaşmagy <u>ret etmek üçin esas bolup durmaýar.</u>

Görkezilen ret etmek üçin esaslar bar bolan mahalynda bilermen işe gatnaşmakdan aýyrylmalydyr, ýagny:

1) bilermen öz-özüni ret etmek barada arz etmäge borçludyr;
2) işe gatnaşýan subýektler ony ret etmek barada arz etmäge haklydyr.

Bilermeni ret etmek hakyndaky mesele anyklaýyş we deslapky derňew döwründe işi alyp barýan anyklaýjy, sülçi ýa-da prokuror tarapyndan, kazyýetde bolsa işe seredýän kazyýet tarapyndan çözülýär (JIÝK-niň 106-njy maddasy).

## Hünärmen.

**Hünärmen** – bu derňew we kazyýet hereketleri geçirilende anyklaýja, sülçä, prokurora ýa-da kazyýete subutnamalary ýygnamakda ýardam bermek üçin çagyrylan, ýörite bilimi ýa-da endigi bar bolan islendik adamdyr (JIÝK-niň 97-nji maddasy).

JIÝK-de käbir derňew hereketleri geçirilende hünärmeni gatnaşdyrmak mümkinçiligi göz öňünde tutulýar (serediş geçirmekde, derňew eksperimentinde, deňeşdirip barlamak üçin nusgalary almakda we ş.m.). Hünärmeni gatnaşdyrmak meselesi işi alyp barýan adam tarapyndan zerurlyga görä çözülýär. Emma şu aşakdaky halatlarda degişli hünärmeniň gatnaşdyrylmagy hökmany bolup durýar:

1) jesediň tapylan ýerinde daşky serediş geçirilende hem-de jeset jaýlanan ýerinden çykarylanda (eksgumasiýa edilende) kazyýet medisina pudagyndaky lukman gatnaşdyrylmalydyr (JIÝK-niň 263, 264-nji maddalary);
2) 14 ýaşyna ýetmedik şaýat we jebir çeken sorag edilende pedagog gatnaşdyrylmalydyr (JIÝK-niň 254-nji maddasy).

Hünärmeniň gatnaşandygy hakynda degişli derňew hereketiniň ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda bellik edilýär.

***Hünärmeniň hukuklary.*** Hünärmen haklydyr (JIÝK-niň 98-nji maddasynyň 1-nji bölegi):

- özüniň näme maksat bilen çagyrylýandygyny bilmäge;
- eger degişli ýörite bilimi we tejribesi ýok bolsa, işe gatnaşmakdan ýüz döndermäge;
- jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edarasynyň rugsady boýunça derňew we kazyýet hereketleriniň gatnaşyjylaryna sowal bermäge;
- subutnamalary ýüze çykarmak, berkitmek we almak bilen baglanyşykly ýagdaýlara derňew we kazyýet hereketleriniň gatnaşyjylarynyň ünsüni çekmäge;
- onuň gatnaşmagynda geçirilen derňew hereketiniň teswirnamasy, şeýle hem kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň degişli bölegi bilen tanyşmaga;
- teswirnama girizilmäge degişli bolan subutnamalary ýüze çykarmak, berkitmek we almak bilen baglanyşykly arzalary bermäge;
- onuň gatnaşmagynda geçirilen hereketleriň alnyp barlyşynyň we netijeleriniň teswirnamada doly we dogry beýan edilişi barada şol teswirnama girizilmäge degişli bolan bellikleri bermäge;
- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri barada şikaýat etmäge;
- ýerine ýetiren işleri üçin zähmet hakyny almaga (eger iş ýörediş hereketlerine gatnaşmak onuň wezipe borçlaryna girmeýän bolsa).

***Hünärmeniň borçlary.*** Hünärmen borçludyr (JIÝK-niň 98-nji maddasynyň 2-nji bölegi):

- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň çagyryşy boýunça gelmäge;
- derňew hereketine we kazyýet seljerişine gatnaşan mahaly subutnamalary ýüze çykarmak, berkitmek we almak üçin özüniň ýörite bilimlerinden, endiklerinden we ylmy-tehniki serişdelerinden peýdalanmaga;
- özüniň ýerine ýetirýän hereketleri barada düşündiriş bermäge. Görkezilen borçlary ýerine ýetirmekden ýüz dönderendigi ýa-da boýun gaçyrandygy üçin hünärmen babatda jemgyýetçilik täsir ediş çäreleri ulanylyp bilinýär ýa-da ol DHTBHK-niň $177^2$, $177^3$-nji maddasy boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär;
- iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlar hakyndaky maglumatlary aýan etmezlige. Deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň maglumatlaryny aýan edenligi üçin hünärmen JK-niň 204-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 243-nji maddasy);
- derňew hereketleri geçirilende hem-de kazyýet mejlisiniň dowamynda bellenen tertibini berjaý etmäge. Şu tertibi bozan hünärmen babatda kazyýet mejlisiniň zalyndan çykarmak çäresi ulanylyp bilinýär, şeýle hem ol DHTBHK-niň $177^2$-nji maddasy boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 370-nji maddasy).

Sanalyp geçilenlerden başga-da hünärmeniň birnäçe hukuklary we borçlary bar, olar JIÝK-de degişli institutlara laýyklykda görkezilýär.

### Hünärmeniň işe gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar

Hünärmeni ret etmek üçin esaslar hem-de ony işe gatnaşmakdan aýyrmagyň tertibi edil bilermeniňki ýalydyr (bilermeniň işe gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlara seret).

Emma onuň şol bir iş boýunça ozal hünärmen hökmünde gatnaşmagy ret etmek üçin esas bolup durmaýar.

### Terjimeçi.

**Terjimeçi** – bu terjime etmek üçin zerur bolan dilleri bilýän hem-de anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror we kazyýet tarapyndan bellenilen islendik adamdyr (JIÝK-niň 99-njy maddasy). JIÝK-niň 28-nji maddasynda bellenilşi ýaly, işe gatnaşýan subýektler kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dilini bilmedik halatynda terjimeçiniň kömeginden peýdalanýarlar.

Lallaryň we kerleriň yşaratlaryna düşünýän adam hem terjimeçi diýip hasap edilýär.

Terjimeçini bellemek barada anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

***Terjimeçiniň hukuklary.*** Terjimeçi haklydyr (JIÝK-niň 100-nji maddasynyň 1-nji bölegi):

- terjimäni takyklamak üçin iş ýöredişiň gatnaşyjylaryna sowal bermäge;
- onuň gatnaşmagynda geçirilen iş ýörediş hereketiniň teswirnamasy, şeýle hem kazyýet mejlisiniň

teswirnamasynyň degişli bölegi bilen tanyşmaga hem-de olar boýunça bellikleri aýtmaga;
- terjime etmek üçin zerur bilimi bolmadyk halatynda işe gatnaşmakdan ýüz döndermäge;
- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri barada şikaýat etmäge;
- iş ýörediş hereketlerine gatnaşmagy bilen baglylykda eden çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna hem-de ýerine ýetiren işleri üçin zähmet hakyny almaga (eger iş ýörediş hereketlerine gatnaşmak onuň wezipe borçlaryna girmeýän bolsa).

***Terjimeçiniň borçlary.*** Terjimeçi borçludyr (JIÝK-niň 100-nji maddasynyň 2-nji bölegi):
- anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň çagyryşy boýunça gelmäge;
- onuň gatnaşmagynda geçirilen iş ýörediş hereketiniň teswirnamasynda terjimäniň doly we takyk edilendigini öz goly bilen tassyklamaga. Görkezilen borçlary ýerine ýetirmekden ýüz dönderendigi ýa-da boýun gaçyrandygy üçin terjimeçi babatda jemgyýetçilik täsir ediş çäreleri ulanylyp bilinýär ýa-da ol DHTBHK-niň $177^2$, $177^3$-nji maddalary boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär;
- özüne tabşyrylan terjimäni doly we takyk ýerine ýetirmäge. Görnetin nädogry terjime edendigi üçin terjimeçi JK-niň 201-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilýär;
- iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlar hakyndaky maglumatlary aýan etmezlige. Deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň maglumatlaryny aýan edenligi üçin

terjimeçi JK-niň 204-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 243-nji maddasy);

- derňew hereketleri geçirilende hem-de kazyýet mejlisiniň dowamynda bellenen tertibini berjaý etmäge. Şu tertibi bozan terjimeçi babatda kazyýet mejlisiniň zalyndan çykarmak çäresi ulanylyp bilinýär, şeýle hem ol DHTBHK-niň $177^{2}$-nji maddasy boýunça dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 370-nji maddasy).

Görkezilenlerden başga-da terjimeçi birnäçe borçlary ýerine ýetirýär, olar JIÝK-de degişli institutlara laýyklykda beýan edilen.

## Terjimeçiniň işe gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar.

Terjimeçini ret etmek üçin esaslar hem-de ony işe gatnaşmakdan aýyrmagyň tertibi edil bilermeniňki ýalydyr (bilermeniň işe gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlara seret).

Emma onuň şol bir iş boýunça ozal terjimeçi hökmünde gatnaşmagy <u>ret etmek üçin esas bolup durmaýar</u>.

## Güwä.

Serediş, alyş, döküş we kanunda göz öňünde tutulan beýleki derňew hereketleri geçirilende ikiden az bolmadyk **güwäler** gatnaşdyrylýar (JIÝK-niň 101-nji maddasy).

Güwä hökmünde işde bähbidi bolmadyk, geçirilýän hereketlere doly we dogry akyl ýetirip bilýän, kämillik ýaşyna ýeten islendik raýat çykyş edip bilýär. Emma

kanunda görkezilen halatlarda güwä kimlerden çagyrylmalydygy takyklanylýar:

- adamyň ýalaňaçlanylmagy bilen baglanyşykly bolan tenine serediş geçirilende
- hem-de adamyň şahsy döküşi geçirilende güwäler onuň bilen bir jynsly adamlardan çagyrylmalydyr (JIÝK-niň 265, 272-nji maddalary).

Güwä hökmünde diňe şu aşakdaky adamlaryň gatnaşmagyna ýol berilmeýär:

- güman edilýän, aýyplanýan we olaryň adwokatsy;
- jebir çeken, raýat talapçy, raýat jogap berijii we olaryň wekili;
- görkezilen adamlaryň ýakyn garyndaşlary;
- şaýat.

Güwäleriň gatnaşandygy hakynda degişli derňew hereketiniň teswirnamasynda bellik edilýär.

***Güwäniň hukuklary.*** Güwä haklydyr (JIÝK-niň 102-nji maddasynyň 1-nji bölegi):

- öz gatnaşmagynda geçirilen derňew hereketiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga;
- teswirnama girizilmäge degişli bolan bellikleri aýtmaga;
- eger onuň derňew hereketi baradaky bellikleri teswirnama girizilmedik bolsa, şol teswirnama gol çekmekden ýüz döndermäge;
- anyklaýjynyň, sülçiniň we prokuroryň hereketleri barada şikaýat etmäge.

***Güwäniň borçlary.*** Güwä borçludyr (JIÝK-niň 102-nji maddasynyň 2-nji bölegi):

- anyklaýjynyň, sülçiniň we prokuroryň çagyryşy boýunça gelmäge;

- derňew hereketini geçirmegiň fakty, onuň gidişi we netijeleri teswirnamanyň mazmunyna laýyk gelýändigini öz goly bilen tassyklamaga. Görkezilen borçlary ýerine ýetirmekden ýüz dönderendigi ýa-da boýun gaçyrandygy üçin güwä babatda dolandyryş jogapkärçiligi göz öňünde tutulýar (häzirki wagtda hereket edýän DHTBHK-de güwäniň jogapkärçiligi barada degişli kada ýok);
- iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlar hakyndaky maglumatlary aýan etmezlige. Deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň maglumatlaryny aýan edenligi üçin güwä JK-niň 204-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinýär (JIÝK-niň 243-nji maddasy);
- derňew hereketleri geçirilende bellenen tertibini berjaý etmäge.

Beýan edilenlerden başga-da güwäniň käbir hukuklary we borçlary JIÝK-niň degişli kadalarynda görkezilen.

**Güwäniň işe gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar.**

Güwäni ret etmek üçin esaslar edil sülçiniňki ýalydyr (JIÝK-niň 103-nji maddasy) (sülçiniň we anyklaýjynyň işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlara seret).

Emma sülçiniňkiden tapawutlylykda kanunda güwäni ret etmek üçin goşmaça şu aşakdaky esaslar hem bellenilen (JIÝK-niň 104-nji maddasy):

1) eger güwä iş ýöredişiň gatnaşyjylarynyň haýsydyr birine gulluk taýdan ýa-da başga tarapdan ozal garaşly bolan ýa-da häzirki wagtda garaşly bolup durýan bolsa;

2) eger güwä içeri işler, milli howpsuzlyk, prokuratura edaralarynyň, neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň we adyl kazyýetlik ulgamynyň işgäri bolup durýan bolsa.

Güwäni ret etmek hakyndaky mesele anyklaýjy we sülçi tarapyndan çözülýär (JIÝK-niň 106-njy maddasy).

## Kazyýet mejlisiniň kätibi.

**Kazyýet mejlisiniň kätibi** kazyýet mejlisiniň we serenjam mejlisiniň teswirnamalaryny ýöredýär hem-de teswirnamada edilen ähli ýazgylaryň kazyýet seljerişi wagtynda bolup geçen ýagdaýlara takyk laýyk gelmegine jogapkär bolup durýar (JIÝK-niň 59-njy maddasy).

## Kazyýet mejlisiniň kätibiniň işe gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar

Kätibi ret etmek üçin esaslar edil kazynyňky ýalydyr (JIÝK-niň 103-nji maddasy) (kazynyň we kazyýet oturdaşynyň işe gatnaşmaklaryny aradan aýyrýan ýagdaýlara seret).

Emma onuň şol bir iş boýunça ozal kätip hökmünde gatnaşmagy <u>ret etmek üçin esas bolup durmaýar.</u>

Ret etmek üçin esaslar bar bolan mahalynda kätip işe gatnaşmakdan aýyrylmalydyr, ýagny:
1) kätip öz-özüni ret etmek barada arz etmäge borçludyr;
2) işe gatnaşýan subýektler ony ret etmek barada arz etmäge haklydyr.

Kätibi ret etmek hakyndaky mesele işe seredýän kazyýet tarapyndan çözülýär (JIÝK-niň 106-njy maddasy).

# Bap IV. Jenaýat iş ýöredişinde subutnamalar

## §1. Jenaýat iş ýöredişinde subut etmeklik (düşünjesi, maksady, predmeti we çäkleri).

Jenaýat iş ýöredişinde **subut etmeklik** diýlip – jenaýat iş ýörediş kanuny tarapyndan dessurlanan, jenaýat işini dogry çözmek üçin anyklanmaly ýagdaýlar barada hakykat ýüzündäki maglumatlary tapmak, ýygnamak, berkitmek, barlamak we olara baha bermek boýunça jenaýat-kazyýet önümçiliginiň beýleki subýektleriniň gatnaşmaklarynda, anyklaýyş, deslapky derňew, prokuratura we kazyýet edaralarynyň amala aşyrýan işlerine aýdylýar.

*Subut etmekligiň subýektleri* hökmünde şol işleri amala aşyrýan döwlet edaralary hem-de wezipeli adamlar çykyş edýärler. Olara anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet degişlidir. Subut etmeklik işi olaryň borjy bolup durýar. Olar öz borjuny beýleki subýektleriň (jebir çekeniň, aýyplanýanyň, aklawçynyň we ş.m.) üstüne ýüklemeli däldir.

*Subut etmekligiň maksady* iş boýunça obýektiw hakykaty anyklamak bolup durýar (jenaýatyň wakasy bolupdyrmy; haçan, nirede, nähili ýagdaýda bolupdyr; ony aýyplanýan edipdirmi; jenaýat bilkastdan ýa-da seresapsyzlykdan edilipdirmi we ş.m.).

*Subut etmekligiň predmeti* – bu her bir jenaýat işi boýunça, onuň dogry çözülmegi üçin, anyklanmaly ýagdaýlaryň jemi bolup durýar. Subut etmekligiň predmeti, başgaça, her bir iş boýunça *subut edilmeli ýagdaýlar* diýlip hem atlandyrylýar. Olar JIÝK-niň 126-njy maddasynda sanalyp geçilýär:

1) jenaýatyň wakasy (wagty, ýeri, usuly we beýleki ýagdaýlary) hem-de jenaýatyň düzümi;
2) etmişi kimiň edendigi, jenaýaty etmekde şol adamyň günäkärligi (günäniň görnüşi, jenaýaty etmegiň niýeti we delili) hem-de aýyplanýanyň şahsyýetini häsiýetlendirýän ýagdaýlar;

34-nji çyzgy



3) aýyplanýanyň jogapkärçiliginiň derejesine we häsiýetine täsir edýän ýagdaýlar;
4) edilen jenaýatyň yz galdyrmalary, jenaýat zerarly ýetirilen zyýanyň häsiýeti we möçberi;
5) etmişiň jenaýatçylykdygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar;
6) jenaýat jogapkärçiliginden we jezadan boşadýan ýagdaýlar;
7) jenaýatyň edilmegine ýol açýan sebäpler we şertler.

Subut edilmeli ýagdaýlaryň her biriniň üstünde aýratynlykda durup geçeliň.

**I.** ***Jenaýatyň wakasyny*** başgaça jenaýatyň düzüminiň obýekti we obýektiw tarapy diýip atlandyrsak bolar. Jenaýatyň wakasy öz içine onuň edilen wagtyny, ýerini, usulyny we beýleki ýagdaýlary alýar.

Jenaýatyň *wagtyny* anyklamak şu aşakdakylar üçin zerurdyr:

a) kanunyň üýtgän halatynda haýsy kanuny ulanmalydygyny kesgitlemek üçin (JIÝK-niň 3-nji maddasy; JK-niň 5-6-njy maddasy.);
b) adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekip bolýan ýaşa ýetendigini ýa-da ýetmändigini kesgitlemek üçin (JIÝK-niň 288-nji maddasy; JK-niň 21-nji maddasy.);
c) käbir jenaýatlary maddalaşdyrmak üçin (JK-niň 321, 343-nji maddalary);
d) jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhletiniň geçendigini ýa-da geçmändigini kesgitlemek üçin (JK-niň 74, 92-nji maddalary) we ş.m.

Jenaýatyň *ýerini* anyklamak şu aşakdakylar üçin zerurdyr:

a) kanunyň hereket edýän giňişligini kesgitlemek üçin (JIÝK-niň 3-nji maddasy;
JK-niň 7-9-njy maddalary);

b) derňew degişliligini hem-de kazyýetiň degişliligini kesgitlemek üçin (JIÝK-niň 63, 224-nji maddalary);

c) käbir jenaýatlary maddalaşdyrmak üçin (JK-niň 227, 254-nji maddalary) we ş.m.

Jenaýatyň *usulyny* anyklamak şu aşakdakylar üçin zerurdyr:

a) käbir jenaýatlary maddalaşdyrmak üçin (JK-niň 228, 230-njy maddalary);

b) jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlary ýüze çykarmak üçin (JK-niň 58, 101-nji maddalary) we ş.m.

Jenaýatyň *beýleki ýagdaýlary* onuň howplulygyna, jenaýatçynyň şahsyýetine we ş.m. dogry baha bermek üçin ähmiýetlidir. Beýleki ýagdaýlar diýlip şu aşakdakylara düşünilýär:

a) jenaýatyň netijesiniň bolmagy ýa-da bolmazlygy (jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapynyň şu alamaty formal we maddy düzümli jenaýatlary, şeýle hem kastyna düşmekligi we gutarylan jenaýatlary biri-birinden tapawutlandyrmak üçin zerurdyr);

b) jebir çekeniň şahsyýeti hem-de onuň özüni alyp barşy baradaky maglumatlar (jebir çekeniň serhoş ýagdaýda bolmagy, özüni ahlaksyz alyp barmagy we ş.m.);

c) aýyplanýanyň jenaýat edenden soň özüni alyp barşy (eden jenaýatyny ýaşyrmak üçin jesedi bölеklemegi, maddy subutnamalary ýok etmegi we ş.m.).

**II.** ***Aýyplanýanyň jenaýat etmekde günäkärligini*** başgaça jenaýatyň düzüminiň subýekti we subýektiw tarapy diýip atlandyrsak bolar. Aýyplanýanyň günäkärligi öz içine şu aşakdaky ýagdaýlary alýar:

- belli bir adam tarapyndan jenaýatyň edilendigi;
- - onuň jenaýat etmekde günäsiniň bardygy.

1. *Jenaýaty belli bir adamyň edendigini* subut etmek üçin şu aşakdaky maglumatlar anyklanmalydyr:

a) aýyplanýanyň şahsyýetini tassyklaýan maglumatlar (onuň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, ýeri we ş.m.);
b) aýyplanýanyň şahsyýetini häsiýetlendirýän maglumatlar (onuň belli bir ýerde işleýändigi, okaýandygy, maşgala, saglyk ýagdaýy we ş.m.);
c) aýyplanýanyň aklynyň düzüwligi, onuň jenaýat jogapkärçiligine çekip bolýan ýaşa ýetenligi (JK-niň 21, 23-nji maddalary);
d) aýyplanýanyň umumy ýa-da ýörite subýekt bolup durýandygy (lukman, wezipeli adam, harby gullukçy we ş.m.);
e) aýyplanýanyň özboluşly şertlerde hereket edendigi (jenaýaty gazaplanma ýagdaýda etmegi, zerur goranyşyň çäklerinden çykmagy we ş.m.).

2. *Adamyň jenaýat etmekde günäsiniň bardygyny ýa-da ýokdugyny* subut etmek üçin şu aşakdaky ýagdaýlar anyklanmalydyr:

a) aýyplanýanyň jenaýaty bilkastdan ýa-da seresapsyzlykdan etmegi (JK-niň 101 we 105-nji maddalar; 107 we 115-nji maddalar. we ş.m.);

b) aýyplanýanyň jenaýat etmekde niýeti we delili (JK-niň 227 we 234-nji maddalar; 292 we 293-nji maddalar we ş.m.).

Aýyplanýanyň jenaýat etmekde günäkärligini subut etmek onuň şahsyýetine baha bermek, käbir jenaýatlary dogry maddalaşdyrmak, agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän ýagdaýlary ýüze çykarmak we ş.m. üçin zerurdyr.

**III.** ***Aýyplanýanyň jogapkärçiliginiň derejesine we häsiýetine täsir edýän ýagdaýalar*** şu aşakdakylary öz içine alýar:

- jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar;
- jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaýlar;
- jogapkärçiligine täsir edýän beýleki ýagdaýlar.

1.*Aýyplanýanyň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýalar* JK-niň 57-nji maddasynda göz öňünde tutulan:

a) uly bolmadyk agyrlykdaky jenaýatyň ilkinji gezek edilmegi;
b) günäkär kämillik ýaşyna ýetmedik bolsa;
c) aýyplanýanyň göwreliligi we ş.m.

2.*Aýyplanýanyň jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaýlar* JK-niň 58-nji maddasynda göz öňünde tutulan:

a) jenaýatlaryň gaýtadan edilmegi, jenaýatlaryň gaýtalanmagy, pişe görnüşinde jenaýatlaryň edilmegi;
b) edilen jenaýatyň agyr netijelere getirmegi;
c) iki ýa-da şondan köp adam bolup deslapdan dilleşmezden jenaýatyň edilmegi, deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň toparynyň, guramaçylykly toparyň ýa-da jenaýatçylykly bileleşigiň düzüminde jenaýatyň edilmegi we ş.m.

3.*Aýyplanýanyň jogapkärçiligine täsir edýän beýleki ýagdaýlar* diýlip JK-niň 57-nji we 58-nji maddalarynda-da, jenaýatyň düzüminde-de göz öňünde tutulmadyk, emma aýyplanýanyň jogapkärçiligine täsir edip biljek gaýry ýagdaýlara aýdylýar (mysal üçin: JK-niň 67-nji maddasynda gorkezilşi ýaly, aýyplanýan ozal umumy düzgünli koloniýada jezasyny çeken bolsa, täze eden jenaýaty üçin oňa güýçlendirilen düzgünli düzediş edarasynda jezasyny çekmeklik kazyýet tarapyndan bellenilýär).

Aýyplanýanyň jogapkärçiliginiň derejesine we häsiýetine täsir edýän ýagdaýlaryň aýdyňlaşdyrylmagy kazyýet edilýäne jeza çäresiniň haýsy görnüşiniň bellenilmelidigi, günäkäre şertleýin iş kesmekligi ulanyp boljakdygy, subýekti aýratyn howply residiwist diýip ykrar edilmäge degişlidigi we ş.m. soraglaryň çözülmegine ýardam berýär.

**IV. *Jenaýat zerarly ýetirilen zyýanyň häsiýeti we möçberi.*** Jenaýat zerarly şu aşakdaky zyýanlar ýetirilip bilinýär:

1. ahlak (ýagny, adamyň namysyna degmek, mertebesini peseltmek);
2. beden (ýagny, adamyň saglygyna şikes ýetirmek);
3. maddy (ýagny, emlägiň iýilmegi, zaýalanmagy ýa-da ýok edilmegi).

Jenaýat zerarly ýertirilen zyýanyň häsiýetiniň we takyk möçberiniň subut edilmegi şu aşakdaky ýagdaýlaryň aýdyňlaşdyrylmagyna täsir edýär:

- käbir jenaýat-hukuk meseleleriň çözülmegine;

- jebir çeken hökmünde ykrar etmek hem-de raýat talabyny bildirmek hakyndaky meseleleriň çözülmegine.

1. Zyýanyň häsiýeti we möçberi şu aşakdaky *jenaýat-hukuk meseleleriň* çözülmegine ýardam berýär:

a) jenaýaty maddalaşdyrmakda (JK-niň 107-nji maddasynda adamyň saglygyna agyr şikesiň, 108-nji maddasynda bolsa orta agyrlykdaky şikesiň ýetirilmegi; 227-nji maddasynyň 3-nji böleginde ogurlygyň netijesinde uly möçberdäki zyýanyň, 4-nji böleginde bolsa aýratyn uly möçberdäki zyýanyň ýetirilmegi göz öňünde tutulan);
b) aýyplanýanyň jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaýlary ýüze çykarmakda (JK-niň 58-nji maddasynyň "b" bendinde jenaýatyň agyr netijelere getirmegi göz öňünde tutulan).

2. Zyýanyň häsiýeti we möçberi *jebir çeken* hem-de *raýat hak isleýişi* hakyndaky meseleleriň çözülmegine ýardam berýär:

a) jebir çeken hökmünde ykrar etmekde. Jenaýat zerarly ahlak, beden ýa-da maddy taýdan zyýan ýetirilen fiziki şahslar jebir çeken hökmünde ykrar edilýär;
b) raýat hak isleýişini bildirmekde. Jenaýat zerarly maddy taýdan zyýan ýetirilen hem-de onuň öweziniň doldurylmagyny talap eden fiziki ýa-da ýuridiki şahslar raýat hak isleýji hökmünde ykrar edilýär;
c) ýetirilen zyýanyň öweziniň doldurylmagyny üpjün etmekde. Maddy zyýany beden we ahlak zyýanlardan tapawutlylykda pul hasabynda ölçäp bolýar, şol sebäpli hem onuň öwezi doldurylyp bilinýär. Maddy zyýanyň

öwezini doldurmagyň birnäçe aýratynlyklary bar, ýagny:

- iş boýunça maddy zyýan näçe möçberde ýetirilen bolsa, şol möçberde-de tölenilmäge degişlidir (iýlen zadyň özi gaýtarylyp bilinýär ýa-da onuň deregine edil şonuň ýaly zat gaýtarylyp bilinýär, ýa-da zadyň bahasy pul bilen tölenilýär);
- maddy zyýanyň öwezi doldurylanda onuň ýetirilen wagtyndaky däl-de, zyýanyň tölenýän wagtyndaky hereket edýän bahalar nazara alynmaga degişlidir;
- eger-de jenaýat birnäçe adam tarapyndan bilelikde edilen bolsa, onda zyýanyň umumy möçberi raýdaşlyk tertibinde tölenilmelidir;
- 25.04.1997-nji ýyldaky "Jenaýatçylykly hereketlerden ejir çeken raýatlary stasionarda bejermäge harçlanylýan serişdeleri hasaplamak üçin stawkalary bellemek hakyndaky" Türkmenistanyň Prezidentiniň №3130 Kararyna laýyklykda jenaýatçylykly hereketleriň netijesinde raýatyň saglygyna zyýan ýetirilip, onuň saglygy döwlet bejeriş edarasynda stasionar ýagdaýda bejerilen bolsa, şol bejeriş edarasy tarapyndan harçlanan çykdajylary tölemek günäkärleriň üstüne ýüklenilmäge degişlidir (bir gije-gündizi üçin ortaça aýlyk iş hakynyň 0,5 möçberinde).

**V. Etmişiň jenaýatçylykdygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar** şu aşakdakylar bolup durýar:

- zerur goranyş (JK-niň 37-nji maddasy);
- jenaýaty eden adam saklananda zyýanyň etirilmegi (JK-niň 38-nji maddasy);

- bialaç zerurlyk (JK-niň 39-njy maddasy);
- fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek (JK-niň 40-njy maddasy);
- esaslandyrylan töwekgelçilik (41-nji maddasy);
- buýrugy ýerine etirmek (JK-niň 42-nji maddasy).

**VI. Jenaýat jogapkärçiliginden boşadýan ýagdaýlar** şu aşakdakylardan ybarat:
- jenaýatdan meýletin ýüz döndermegi bilen (JK-niň 70-njy maddasy);
- çynlakaý ökünmegi bilen (JK-niň 71-nji maddasy);
- jenaýaty eden adamyň jebir çeken bilen ýaraşmagy sebäpli (JK-niň 72-nji maddasy);
- ýagdaýyň üýtgemegi sebäpli (JK-niň 73-nji maddasy);
- jenaýat jogapkärçiligine çekilmegiň wagt möhletiniň geçmegi sebäpli (JK-niň 74-nji maddasy).

Jezadan boşadýan ýagdaýlara şu aşakdakylar girýär:
- jezadan şertleýin möhletinden öň boşatmak (JK-niň 75-nji maddasy);
- jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegini has ýeňil görnüşi bilen çalşyrmak (JK-niň 76-njy maddasy);
- agyr kesellilik zerarly jezadan boşatmak (JK-niň 77-nji maddasy);
- göwreli aýallaryň we kiçi ýaşly çagalary bolan aýallaryň jezasyny çekmegini yza süýşürmek (JK-niň 78-nji maddasy);
- aýyplaýyş hökümininiň wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jezasyny çekmekden boşatmak (JK-niň 79-nji maddasy).

**VII**. ***Jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri*** ýüze çykarmak jenaýatlaryň duýdurylmagy üçin ähmiýetlidir. Jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpler we şertler diýlip aşakdaky ýaly ýagdaýlara düşünilýär:

- subýektiň jemgyýete garşy ters pikirliligi (adamyň näsaz maşgalada önüp-ösmeginiň, nädogry terbiýelenmeginiň, daşky gurşawynyň ýaramaz täsir etmeginiň we ş.m. netijesinde emele gelýär);
- subýektde ýaramaz endikleriň bolmagy (arakhorluk, neşekeşlik, jelepçilik we ş.m.);
- edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň işlerinde hukuk bozulmalaryna ýol berilmegi (zähmet, düzgün-tertip, tehniki howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy, maddy gymmatlyklaryň hasabatyny ýöretmekde goýberilýän kemçilikler, sowuk-salalyklar we ş.m.).

Jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri *ýüze çykarmak* hem-de olary *aradan aýyrmak* üçin sülçi, anyklaýjy, prokuror we kazyýet şu aşakdaky işleri geçirmäge borçludyr:

a) sülçi, anyklaýjy, prokuror şol barada teklipnama düzýär, kazyýet bolsa – hususy kesgitnama çykarýar;
b) teklipnama (hususy kesgitnama) degişli edaranyň ýa-da ýokardaky duran edaranyň ýolbaşçysyna ýerine ýetirmek üçin iberilýär;
c) teklipnama (hususy kesgitnama) 1 aý möhletde ýerine ýetirilip, şol barada sülçä, anyklaýja, prokurora we kazyýete hat üsti bilen habar edilmäge degişli bolup durýar;

d) teklipnamanyň (hususy kesgitnamanyň) ýerine ýetirilmänligi üçin DHTBHKI -niň $177^5$-nji maddasynyň esasynda dolandyryş jogapkärçiligi göz öňünde tutulan (JIÝK-niň 242-nji maddasy).

JIÝK-niň 127-nji maddasynda *subutnamasyz anyklanýan ýagdaýlaryň* sanawy berilýar. Olara şu aşakdakylar degişlidir:
1. umumy mälim bolan ýagdaýlar;
2. häzirki zaman ylmynda, tehnikasynda, sungatynda we senedinde umumy kabul edilen barlag usullaryň dogrulygy;
3. kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi bilen anyklanan ýagdaýlar (preýudisiýa);
4. adamyň kanuny bilýändigi;
5. adamyň öz gulluk we hünär borçlaryny bilýändigi.

## §2.Subutnamalaryň düşünjesi we olaryň toparlara bölünişi.

JIÝK-niň 124-nji maddasy **subutnamalary** şeýle kesgitleýär:

“Kanuny ýol bilen alnan islendik hakykat ýüzündäki maglumatlar jenaýat işi boýunça subutnamalar bolup durýar. Şol maglumatlar esasynda JIÝK-de kesgitlenen tertipde anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýet JK-de göz öňünde tutulan etmişiň bardygyny ýa-da ýokdugyny, şol etmişi aýyplanýanyň edendigini ýa-da etmändigini we onuň günäkärligini ýa-da günäsizligini, şeýle hem işiň

dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan beýleki ýagdaýlary anyklaýar”[11].

Subutnamalaryň birnäçe ***alamatlary*** tapawutlandyrylýar:

1. subutnamalar hökmünde diňe hakykat ýüzündäki maglumatlar çykyş edip bilýär;
2. subutnamalar diňe kanunda göz öňüne tutulan çeşmelerden alnan bolmaly;
3. subutnamalar diňe kanun tarapyndan bellenilen tertipde alnan bolmaly;
4. subutnamalaryň esasynda işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýetli bolan ýagdaýlar anyklanýan bolmaly.

35-nji çyzgy




[11]К.Ф.Гуценко, Л.В.Головко, Б.А.Филимонов. Уголовный процесс западных государств. Учебное пособие. Москва 2002.

Görkezilen alamatlaryň manysyny bir-birden açalyň.

I. *Hakykat ýüzündäki maglumatlar* şu aşakdakylara bölünýär:

1. faktlar baradaky maglumatlar – bu işiň ýagdaýlary hakyndaky maglumatlar bolup, olaryň dogrulygy entek barlanmaga degişlidir (mysal üçin: şaýadyň görkezmesi, jebir çekeniň arzasy, rewiziýanyň namasy we ş.m.);
2. subutnamalaşdyrylan faktlar – bu eýýäm barlanan maglumatlar bolup, olaryň dogrulygy hiç-hili şübhe döretmeýär (mysal üçin: aýyplanýanyň şahsy döküşi geçirilende ondan ot açýan ýaragyň tapylyp alynmagy, onuň şu ýaragyň özüne degişlidigi baradaky görkezmesi bilen bilelikde şol ýaragy aýyplanýanyň öz ýanynda göterip ýörendigi hakyndaky fakty subut edýär we ş.m).

Şeýlelikde, diňe jenaýatyň ýagdaýlary hakyndaky maglumatlar, habarlar hakykat ýüzündäki maglumatlar hökmünde ulanylyp bilinýär. Emma her-hili myş-myşlar, düşgürlikler, esassyz çaklamalar subutnama bolup bilmez.

II. Hakykat ýüzündäki maglumatlar diňe şu aşakdaky *iş ýörediş çeşmelerden* alnan bolmalydyr:

1. şaýadyň görkezmeleri;
2. jebir çekeniň görkezmeleri;
3. güman edilýäniň görkezmeleri;
4. aýyplanýanyň görkezmeleri;
5. kazyýetde işi seredilýäniň görkezmeleri;
6. bilermeniň netijenamasy;
7. maddy subutnamalar;
8. derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalary;
9. beýleki resminamalar.

36-njy çyzgy




Şaýadyň, jebir çekeniň, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň görkezmeleri – dilden çeşmeler; bilermeniň netijenamasy, derňew we kazyýyet hereketleriniň teswirnamalary, beýleki resminamalar – ýazmaça çeşmeler; maddy subutnamalar – maddy çeşme diýip hasaplanylýar.

Şeýlelikde, diňe ýokardaky görkezilen kanuny çeşmelerden alnan maglumatlar subutnama hökmünde

çykyş edip biler. Emma operatiw-agtaryş çäreleriniň netijesinde alnan maglumatlar, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden alnan habarlar we ş.m. kanunda göz öňünde tutulmadyk çeşmelerden alnan maglumatlar subutnama bolup bilmez.

III. Hakykat ýüzündäki maglumatlar *kanunda bellenilen tertipde* alyndy diýip hasap etmek üçin şu aşakdaky şertler berjaý edilmelidir, ýagny olar:

1. JIÝK-de görkezilen usulda alnan bolmaly (mysal üçin: şaýadyň görkezmeleri diňe ony sorag etmek arkaly alynmalydyr, iş boýunça belli bir ylymdan ýüze çykan soraglary çözmek üçin seljermesi bellenilmelidir we ş.m);
2. JIÝK-de göz öňünde tutulan iş ýörediş görnüşinde alnan bolmaly (mysal üçin: şaýady sorag etmegiň iş ýörediş görnüşi JIÝK-niň 252, 253-nji maddalarynda, seljermesiny bellemegiň iş ýörediş görnüşi JIÝK-niň 289-njy maddasynda takyk beýan edilen we ş.m.).

Şeýlelikde, ýokardaky görkezilen şertleri takyk berjaý etmek bilen alnan maglumatlar subutnama hökmünde ulanylyp bilner. Emma şertleriň haýsydyr biriniň bozulmagy alnan maglumatlaryň subut edijilik ähmiýetiniň ýitmegine getirýär (mysal üçin: şaýadyň görkezmeleri ony sorag etmek arkaly alnan bolsa, ýöne sorag edilen wagty onuň garşysyna urmak, gorkuzmak we ş.m. bikanun hereketler ulanylan bolsa, onda şeýle ýol bilen alnan görkezmeler bikanun diýip hasap edilýär).

IV. Hakykat ýüzündäki maglumatlar JIÝK-niň 126-njy maddasynda göz öňünde tutulan soraglara jogap berýän

bolsa, onda olar *işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýetli* bolup durýar (subut edilmeli ýagdaýlaryň sanawy 1-nji soragda görkezilen).

Eger-de hakykat ýüzündäki maglumatlar iş üçin ähmiýeti bolmadyk ýagdaýlary şöhlelendirýän bolsa, onda olary subut etmekligiň hiç-hili zerurlygy ýok.

Subutnamalar nazaryýetinde subutnamalaryň alamatlary bilen birlikde olaryň häsiýetleri diýen düşünjesi hem ulanylýar. Subutnamalaryň ***häsiýetleri*** şu aşakdakylardan ybaratdyr:

subutnamalaryň mümkinligi;
subutnamalaryň degişliligi.

Şu häsiýetleriň düýp mazmunyny beýan edeliň.

1.Eger-de hakykat ýüzündäki maglumat kanuny çeşmesinden hem-de kanuny tertipde alnan bolsa, onda şeýle subutnama *mümkin* bolup durýar, ýagny ol iş ýörediş çeşmäniň, usulyň we görnüşi nyň kanunylygy diýen nukdaýnazaryndan seredilende, işde ulanmaga ýaramlydyr. Başgaça aýdanyňda, haýsydyr bir subutnama kanuny çeşmelerden hem-de kanuny tertipde alnan bolsa, onda şol subutnamany iş boýunça mümkin diýip hasap edip bolar.

Subutnamalaryň mümkinliginiň tejribe ähmiýetliligi barada Konstitusiýanyň 45-nji mad. 2-nji böl. şeýle diýilýär: "Psihiki ýa-da fiziki zorluk ulanmak, şeýle hem gaýry bikanun usullar bilen alnan subutnamalaryň ýuridiki güýji ýokdur".

Mundan başga-da, Konstitusiýanyň 45-nji maddasynyň 1-nji böleginde hem-de JK-niň 202-nji maddasynda bellenilişi ýaly, eger-de adam öz-özüne ýa-da ýakyn

garyndaşlaryna garşy görkezme bermäge mejbur edilen bolsa, onda şonuň ýaly görkezmeleri iş boýunça mümkin diýip hasap edip bolmaz.

JIÝK-niň 125-nji maddasynda bellenilşi ýaly, şu aşakdaky ýol bilen alnan subutnamalaryň ulanylmagyna ýol berilmeýär (mümkin däl subutnamalar):

zorlugy, haýbat atmagy, aldamagy we beýleki bikanun hereketleri ulanmak bilen;

jenaýat iş ýöredişine gatnaşýan adamyň onuň hukuklaryny we borçlaryny duşundirmezligi, kem-käsleýin ýa-da nädogry düşündirmekligi sebäpli dörän ýalňyşmagyndan peýdalanmak arkaly;

şu jenaýat işi boýunça önümçiligi amala aşyrmaga hukugy bolmadyk adam tarapyndan iş ýörediş hereketiniň geçirilendigi bilen baglylykda;

ret edilmäge degişli bolan adamyň iş ýörediş hereketine gatnaşmagy bilen baglylykda;

iş ýörediş hereketini geçirmegiň tertibiniň düýpli bozulmagy bilen;

näbelli çeşmeden alnan ýa-da kazyýet mejlisinde anyklanyp bilinmejek çeşmeden alnan maglumatlar;

subut etmekligiň dowamynda häzirki zaman ylmy bilimlerine garşy gelýän usullaryň ulanylmagy bilen;

subutnamalar jenaýat işiniň materiallarynyň sanawyna girizilmedik bolsa.

2.Eger-de hakykat ýüzündäki maglumat subut etmekligiň predmetine (JIÝK-niň 126-njy maddasy) laýyk gelýän bolsa, onda şol subutnama işe *degişli* bolup durýar. Başgaça aýdanyňda, haýsydyr bir subutnama iş üçin

ähmiýetli bolan ýagdaýlary aýdyňlaşdyrýan bolsa, onda ol subutnamalaryň degişliligi diýen häsiýetine eýe bolýar. Subutnamalaryň degişliliginiň tejribe ähmiýeti şulardan ybarat. Eger-de sülçi gerekli subutnamany ýalňyşyp, işe degişli däl diýip hasap etse hem-de ony işe goşman galdyrsa, onda bu ýagdaý işiň doly, hemmetaraplaýyn, obýektiw derňelmegine päsgel berer. Emma, tersine, sülçi degişli bolmadyk subutnamany işe goşsa, onda ol wagtynam biderek sarp eder, işem gerekmejek materiallar bilen doldurar.

Islendik subutnamanyň işe degişlidigi ýa-da degişli däldigi her bir ýagdaýda sülçi tarapyndan aýratynlykda kesgitlenýär. Mysal üçin, howanyň ýagdaýyny subut etmek huligançylykda hiç bir ähmiýetsiz bolmagy ähtimal, emma ýol-ulag hadysasynda onuň wajyp ähmiýetiniň bolmagy mümkin. Ýagny, ümürli howanyň bolmagy sürüjiniň görüş ukybyna düýpli täsir edýär, ýollaryň sürçek bolmagy awtoulagyň saklanmak ukybyny ep-esli derejede peseldýär we ş.m.

Subut etmeklik işinde subutnamalary dogry ulanmak üçin olaryň toparlara bölünişini bilmek zerurdyr. Ýagny, subutnamalar şu aşakdaky ***toparlara*** bölünýär:

1. emele gelşiniň usuly boýunça:

a) şahsy (ýa-da özbaşdak);
b) maddy;

2. aýyba garaýşy boýunça:

a) aýyplaýan;
b) aklaýan;

3. emele gelşiniň çeşmesi boýunça:

a) ilkinji;

b) soňra emele gelen;

4. subut edýän ýagdaýyna garaýşy boýunça:

a) göni (ýa-da bir basgançakly);

b) gytaklaýyn (ýa-da köp basgançakly).

Subutnamalaryň toparlarynyň üstünde durup geçeliň.

I. Jenaýat işi boýunça derňelýän wakanyň yzlary adamlaryň aňynda ýa-da maddy obýektlerde şekillendirilendigine görä subutnamalar **şahsy** we **maddy** görnüşlere bölünýär.

1. Şahsy subutnamalar belli bir adamdan, şahsyýetden gelip çykýar (mysal üçin: serediş geçirmegiň teswirnamasy, jebir çekeniň görkezmeleri, rewiziýanyň namasy, bilermeniň netijenamasy we ş.m.).
2. Maddy subutnamalarda hakykat ýüzündäki maglymatlar maddy (material) häsiýetine eýe bolup durýar (mysal üçin: nili kesilen tüpeň, ogurlanan haryt, resminamanyň tekstine girizilen düzedişleriň yzlary we ş.m.).

II. Aýybyň predmetine ýa-da, başgaça aýdanyňda, günäkärleýän çaklamalara hem-de olara garşy çykýan aklaýyş çaklamalara garaýşyna baglylykda, subutnamalar **aýyplaýan** we **aklaýan** görnüşlere bölünýär.

1. Aýyplaýan subutnamalar – bu belli bir adamy jenaýat etmekde paş edýän ýa-da onuň jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan subutnamalardyr (mysal üçin: jenaýatyň bolup geçişi hakynda şaýadyň beren görkezmesi, rewiziýanyň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň ýetmezçiligi, pasportyň galplygy hakyndaky bilermeniň netijenamasy we ş.m.).

Aýyplaýan subutnamalara *paş ediji subutnamalar* diýlip atlandyrylýan halatlaryna hem duş gelip bolýar.

2. Aklaýan subutnamalar – bu ýüklenýän aýyby puja çykarýan, aýyplanýanyň günäsizligini ýa-da onuň pesräk günäliligini ýüze çykarýan, şeýle hem onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän subutnamalardyr (mysal üçin: aýyplanýanyň jenaýata hiçi-hili gatnaşygynyň ýokdugy hakynda beren görkezmesi, aýyplanýanyň zerur goranyşyň çäginden çykyp, jebir çekenlere ten şikesini ýetirendigi hakyndaky şaýadyň beren görkezmesi we ş.m.).

Käbir halatlarda şol bir subutnama belli bir adamyň garşysyna hem aýyplaýan, hem aklaýan bolup bilýär. Mysal üçin, ogurlygyň bolan ýerinde tapylan aýagyň yzy aýyplanýanyň aýagynyň yzy bilen gabat gelýän bolsa, onda ol subutnama onuň garşysyna aýyplaýan bolup durýar. Eger-de şol yz aýyplanýanyň aýagynyň yzy bilen gabat gelmeýän bolsa, onda ol subutnama onuň garşysyna eýýäm aklaýan bolýar.

Aklaýan subutnamalaryň hatarynda *alibini* hem mysal getirip bolar. "Alibi" latyn sözi bolup, adamyň başga bir ýerde bolmagyny aňladýar. Alibi – bu güman edilýäniň, aýyplanýanyň jenaýata hiç-hili gatnaşygynyň ýokdugy, sebäbi jenaýatyň edilen pursatynda onuň jenaýatyň bolan ýerinde däl-de, başga bir ýerde bolandygy hakynda özüni aklamak üçin öňe sürýän delilidir.

Aýyplanýanyň alibisine baha berlende şu aşakdaky aýratynlyklar göz öňünde tutulmalydyr:

a) aýyplanýanyň onuň alibisini tassyklaýan adamlar bilen nähili gatnaşykda durýandygyny anyklamak zerurdyr (garyndaşlyk, tanyşlyk ýa-da hiç-hili aragatnaşygynyň ýoklugy we ş.m.);
b) aýyplanýanyň alibisiniň bolmagy onuň jenaýatda diňe ýerine ýetiriji hökmünde gatnaşmagyny aradan aýyryp bilýär, emma onuň gurnaýjy, ýaran ýa-da meçew beriji hökmünde gatnaşmak mümkinçiligini aradan aýyrýan däldir.

III. Hakykat ýüzündäki maglumatlaryň birinji çeşmeden ýa-da soňky dörän çeşmesinden alnandygyna baglylykda, subutnamalar **ilkinji** we **soňra emele gelen** görnüşlerine bölünýär.

1. <u>Ilkinji subutnamalar</u> – bu birinji çeşmeden (“birinji elden”) alnan subutnamalardyr (mysal üçin: jenaýatyň wakasyny hut özi gören şaýadyň görkezmesi, aýyplanýanyň günäsini boýun alyş görkezmesi, kezzapçylykda ulanylan resminamanyň asyl nusgasy, ten şikesini ýetirmekde gural hökmünde ulanylan pyçak ş.m.).
2. <u>Soňra emele gelen subutnamalar</u> – bu birinji çeşmeden däl-de, soňky dörän çeşmelerden (“ikinji, üçünji we ş.m. elden”) alnan subutnamalardyr (mysal üçin: jenaýatyň wakasyny hut özi görmän, başga bir adamdan eşiden ýagdaýlary hakynda şaýadyň beren görkezmesi, resminamanyň kopiýasy, ogurlykda gural hökmünde ulanylan paltanyň agaç gapynyň üstündäki galan yzlary we ş.m.).

Soňra emele gelen görkezmeleri ulanmak hakynda JIÝK-niň 128-nji maddasynda şeýle görkezilýär: “Eger şaýat özüniň habarly bolmagynyň çeşmesini görkezip bilmese, onuň habar beren maglumatlary subutnama bolup bilmez”. Diýmek, sülçi jenaýatyň wakasyny hut özi görmän, şol hakda başga birinden eşiden şaýady sorag eden döwründe onuň şol maglumatlary kimden eşidendigini anyklap, şol adamy sorag etmelidir.

IV. Subut etmekligiň predmetine girýän haýsydyr bir ýagdaý gös-göni subutnama arkaly ýa-da aralyk fakty arkaly anyklanýandygyna baglylykda subutnamalar **göni** we **gytaklaýyn** görnüşlere bölünýär.

1. Göni subutnamalar – subut etmekligiň predmetine girýän ýagdaýlary gös-göni anyklaýan subutnamalardyr (mysal üçin: jenaýatyň wakasyny dolulygyna gören şaýadyň görkezmesi, aýyplanýanyň günäsini boýun alyş görkezmesi, jebir çekeniň oňa tanamak üçin görkezilen adamlaryň arasyndan jenaýat eden adamy tananlygy we ş.m.).
2. Gytaklaýyn subutnamalar – subut etmekligiň predmetine girýän ýagdaýlary gös-göni anyklaýan däl-de, beýleki, kömekçi faktlary anyklaýan subutnamalardyr (mysal üçin: jenaýatyň bolan ýerinde aýyplanýanyň el barmaklarynyň yzlarynyň tapylmagy, aýyplanýanyň ýanyndan neşe serişdesiniň tapylyp alynmagy, aýyplanýanyň el goşlarynyň arasyndan ogurlyk zatlaryň tapylyp alynmagy we ş.m.).

Göni subutnamalary başgaça *bir basgançakly* diýip atlandyrylmagynyň sebäbi, olar subut edilmeli ýagdaýlara takyk, belli bir jogap berýär. Gytaklaýyn subutnamalara başgaça *köp basgançakly* hem diýilýär, çünki olaryň diňe ýeke biri däl-de, ençemesi bolan hem-de biri-birine sazlaşykly gelen halatynda olar sülçini belli bir netijä ugrukdyryp biler.

## §3. Subut etmekligiň iş ýöretmesi.

**Subut etmekligiň iş ýöretmesi** – bu subutnamalary tapmak, ýygnamak, berkitmek, barlamak we baha bermek boýunça anyklaýyş, deslapky derňew, prokuratura we kazyýet edaralarynyň amala aşyrýan iş ýörediş işidir (JIÝK-niň 132-nji maddasy).

Subut etmekligiň iş ýöretmesi şertleýin şu aşakdaky ***tapgyrlara*** bölünýär[12]:

1. subutnamalary tapmak;
2. subutnamalary ýygnamak;
3. subutnamalary berkitmek;
4. subutnamalary barlamak;
5. subutnamalara baha bermek.

Görkezilen tapgyrlaryň her birine düşünje bereliň.

I. Subutnamalary *tapmak* tapgyry – bu ýörite niýetlenen derňew hereketlerini geçirmek ýoly bilen olary

[12] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş Kodeksi. Aşagabat 2009.

gözläp tapmakdan ybarat bolup durýar (mysal ücin: döküş geçirmek, adamyň tenine seredişgeçirmek we ş.m.).

Jenaýatyň üstüni "gyzgyn yzlary" boýunça açmak üçin polisiýa bölümlerinde derňew-operatiw toparlary hereket edýär. Olaryň esasy wezipesi jenaýat baradaky habarlar boýunça jenaýatyň üstüni açmak üçin gaýragoýulmasyz operatiw hem-de derňew çärelerini geçirmekden ybarat bolup durýar, ýagny wakanyň bolan ýerine seredişgeçirmek, subutnamalary tapmak, jenaýatkäri anyklamak we ş.m.

Subutnamalary ýüze çykarmakda anyklaýyş edaralary tarapyndan amala aşyrylýan operatiw-agtaryş çäreleri hem öz ähmiýetini berýär. Biziň bilşimiz ýaly, operatiw-agtaryş ýoly bilen alnan maglumatlar jenaýat işine subutnama hökmünde goşulyp bilinmeýär, emma olar sülçä subutnamalary tapmakda ýardam berip bilýär (ýagny, operatiw maglumatlar subutnamalaryň çeşmelerini nireden, nähili gözläp tapmalydygyny çak etmekde kömek berip bilýär we ş.m.).

II. Subutnamalary *ýygnamak* tapgyry – kanunda göz öňünde tutulan çeşmelerden hakykat ýüzündäki maglumatlary almakdan ybarat bolup durýar. JIÝK-niň 133-nji maddasyna laýyklykda anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet subutnamalary ýygnamak üçin şu aşakdaky usullardan peýdalanmaga haklydyr:

1. islendik adamy sorag etmek üçin ýa-da bilermen hökmünde ondan netije almak üçin çagyrmaga;
2. seredişgeçirmäge, alyş geçirmäge we JIÝK-de göz öňünde tutulan beýleki derňew hereketlerini geçirmäge;

3. a) edaralardan, kärhanalardan, guramalardan, wezipeli adamlardan, raýatlardan

iş boýunça ähmiýeti bolan zatlary we resminamalary getirip berilmegini talap etmäge;

b) rewiziýanyň geçirilmegini talap etmäge. Şu talaplary ýerine ýetirmek ähli raýatlara, edaralara, kärhanalara, guramalara hem-de wezipeli adamlara hökmanydyr;

4. subutnamalar (dil we hat üsti bilen berlen maglumatlar, zatlar we resminamalar) güman edilýän, aýyplanýan, işi kazyýetde seredilýän, aklawçy, döwlet aýyplaýjysy, jebir çeken, raýat talapçy, raýat jogap berijii we olaryň wekilleri, islendik raýat, edara, kärhana, gurama tarapyndan hem getirilip bilner.

Düzgün boýunça, subutnamalary ýygnamak – bu iş ýörediş hereketleri geçirmek arkaly olaryň ýokardaky sanalyp geçilen çeşmelerden alynmagyny aňladýar. Emma subutnamalary ýygnamakda operatiw-agtaryş maglumatlary hem öz ähmiýetini berip bilýär, ýagny olar derňew hereketlerini geçirmegiň iň netijeli tärlerini seçip almakda, derňew hereketlerine taýýarlyk görmekde, olary şowly geçirmekde we ş.m. mümkinçilik berip bilýär.

JIÝK-niň 542-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň derňew we kazyýet edaralary, zerur bolan halatlarda, daşary ýurt döwletleriniň hukuk goraýjy edaralary bilen subutnamalary ýygnamakda özara hyzmatdaşlyk saklaýarlar. Ýagny, Türkmenistan hukuk kömegini bermek boýunça baglaşan şertnamalary ýa-da özara ylalaşygy esasynda degişli döwletleriň hukuk goraýjy edaralaryna aýry-aýry iş ýörediş we gözleg

hereketlerini geçirmek baradaky halkara tabşyryklaryny berip bilýär (gerekli resminamalary, maddy subutnamalary alyp ibermek, adamlary sorag etmek we ş.m. hereketleri geçirmek hakynda).

III.Subutnamalary *berkitmek* tapgyry – olary jenaýat iş ýörediş kanunda göz öňünde tutulan formada resmileşdirilmegini hem-de jenaýat işine goşulmagyny aňladýar.

Subutnamalary berkitmegiň şu aşakdaky usullaryny belläp bolar (JIÝK-niň 134-nji maddasy):

derňew hereketleriniň netijesinde alnan subutnamalar degişli teswirnamada berkidilýär ( mysal üçin: serediş geçirmegiň, alyş geçirmegiň, derňew eksperimentiniň teswirnamalary we ş.m. ). Teswirnamany düzmek – bu subutnamalary berkitmegiň esasy usuly bolup durýar;

2. raýatlardan, edaralardan, kärhanalardan, guramalardan alnan subutnamalar hem teswirnamada berkidilýär (mysal üçin: jenaýat barada dilden arz etmegiň teswirnamasy, predmetleri meýletin tabşyrmagyň teswirnamasy we ş.m.);
3. subutnamalar degişli ylmy-tehniki serişdeleri ulanmak arkaly berkidilýär (mysal üçin: ses ýazgysy, wideoýazgy, fotografirlemek, yzlaryň nusgalaryny we şekillerini taýýarlamak we ş.m.). Ylmy-tehniki serişdeleri ulanmak – bu subutnamalary berkitmegiň goşmaça usuly bolup durýar;

4. poçta arkaly gelip gowşan ýazmaça materiallar we maddy obýektler (maddy subutnamalardan başgasy) gelýän hat-habarlar hökmünde polisiýa edarasynyň kanselýariýasynda hasaba alynýar;
5. kanun tarapyndan maddy subutnamalary berkitmegiň aýratyn bir tertibi bellenilen, ýagny:

a) maddy subutnamalara jikme-jik serediş geçirilip, ol barada teswirnama düzülýär (maddy subutnamalara serediş olaryň tapylyp alnan ýerinde geçirilýär, eger-de mümkinçilik bolmasa, soňundan goşmaça serediş geçirilýär);
b) maddy subutnamalar, mümkin boldugyça, fotosurata düşürilýär;
c) maddy subutnama hökmünde ykrar etmek we jenaýat işine goşmak barada karar çykarylandan soň olar işe goşulýar (JIÝK-niň 261-nji maddasy).

IV. Subutnamalary *barlamak* tapgyry – anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet tarapyndan iş boýunça ýygnalan subutnamalary dykgat bilen, hemmetaraplaýyn we obýektiw barlamakdan ybarat bolup durýar.

Subutnamalar şu aşakdaky <u>usullar</u> bilen barlanylyp bilinýär (JIÝK-niň 135-nji maddasy):

1. subutnamanyň mazmunyny barlamak arkaly;
2. işde bar bolan beýleki subutnamalar bilen deňeşdirmek arkaly;
3. subutnamany tassyklap ýa-da ýalana çykaryp biljek täze subutnamalary gözläp tapmak arkaly;
4. subutnamanyň alnan çeşmesini barlamak arkaly.

Her bir usula düşündiriş bereliň.

- *Birinjiden*, her bir subutnamanyň hut özi ýekelikde, beýlekilerden aýratynlykda barlanylmaga degişlidir. Ýagny, her bir subutnama onuň dolulygy, dogrulygy, mazmunynyň yzygiderliligi, onuň içinde gapma-garşylyklaryň barlygy ýa-da ýoklugy nukdaýnazardan barlanyp görülýär. Mysal üçin, şaýadyň görkezmeleri barlanan mahalynda şaýat şu ýagdaýlarda gören we eşiden hadysalaryna dogry akyl ýetirip bilipdirmi, şoňa päsgel berip biljek obýektiw we subýektiw sebäpler bolupdyrmy, ol akyl ýetiren hadysalaryny öz görkezmelerinde doly we dogry beýan edip bilipdirmi we ş.m. soraglar çözülmelidir.

-*Ikinjiden*, işde bar bolan her bir subutnama beýleki subutnamalar bilen deňeşdirilip görülmelidir. Subutnamalary deňeşdirip görmek olaryň biri-birine gabat gelýändigini ýa-da arasynda gapma-garşylygyň bardygyny ýüze çykarmaga, subutnamalaryň gapma-garşylyklaryny, kemçiliklerini aradan aýyrmak üçin degişli çäreleri görmäge mümkinçilik döredýär. Mysal üçin, aýyplanýanyň görkezmelerini beýleki aýyplanýanlaryň görkezmeleri, wakanyň bolan ýerine serediş geçirmegiň teswirnamasy, bilermeniň netijenamasy hem-de işde bar bolan beýleki subutnamalar bilen deňeşdirip barlap bolýar. Subutnamalaryň arasynda ýüze çykan gapma-garşylyklary aradan aýyrmak üçin ýüzleşdirme, derňew eksperimenti, görkezmeleri ýerinde barlamak ýaly derňew hereketleri geçirilýär.

- *Üçünjiden*, işde bar bolan her bir subutnamany tassyklamak ýa-da ýalana çykarmak üçin zerur bolan täze derňew hereketleri geçirilmelidir. Şol bir ýagdaý hakynda subutnamalaryň dürli iş ýörediş çeşmelerden alynmagy,

olary has netijeli barlamaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin, aýyplanýanyň öz alibisini iki adamyň tassyklap biljekdigi hakyndaky görkezmesi şol adamlary sorag etmek arkaly barlanyp bilner.

- *Dördünjiden,* işde bar bolan subutnamanyň emele gelen çeşmesini ýüze çykarmak hem-de ilkinji we soňra emele gelen görkezmeleri biri-biri bilen deňeşdirip barlamak baradaky talap JIÝK-niň 125 we 128-nji maddalaryň mazmunyndan gelip çykýar.

V. Subutnamalara *baha bermek* tapgyry – anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet tarapyndan olaryň her biriniň aýratynlykda we jeminde hakykylygyny, mümkinligini, degişliligini we iş üçin ähmiýetliligini kesgitlemekden ybarat bolup durýar. Subutnamalara dogry baha bermek iş boýunça dogry netije çykarmakda ähmiýetlidir.

JIÝK-niň 136-njy maddasyna laýyklykda anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet:

1. kanuna we hukuk düşünjeliligine gollanyp, subutnamalara baha berýär;
2. işiň ähli ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw barlap, öz içki ynam-ygtykady boýunça subutnamalara baha berýär.

Kanunyň şu talaplaryna şeýle düşündiriş berip bolar.

1. Subutnamalar nazaryýeti we onuň düzgünleri gönüden-göni *kanunda* şöhlelendirilendir. Ýagny, jenaýat iş ýörediş kanunynda her bir iş boýunça subut edilmeli ýagdaýlar, subutnamalaryň düşünjesi, onuň alamatlary we häsiýetleri, subutnamalary tapmagyň we ýygnamagyň, berkitmegiň we barlamagyň usullary hakyndaky kadalar göz öňünde tutulýar. Sülçi, anyklaýjy, prokuror we kazyýet subut

etmeklik işlerinde hökmany suratda JIÝK-niň kadalaryna gollanmalydyr.

2. Sülçiniň, anyklaýjynyň, prokuroryň we kazyýetiň *hukuk düşünjeliligine* gollanmagy – bu olaryň subutnamalara baha berenlerinde hukuk baradaky özleriniň professional pikirliligine gollanmagydyr, ýagny subut etmeklik işinde olaryň hukugyň diňe bir ýuridiki tarapyna däl-de, eýsem onuň durmuş, ahlak taraplaryna-da akyl ýetirmekligi bolup durýandyr.
3. Işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw barlamak diýen kanunyň talaplaryna şeýle düşünmelidir:
   a) *hemmetaraplaýynlyk* – bu iş boýunça ähli ýagdaýlary, aýyplanýany paş edýän we aklaýan ýagdaýlary, şeýle hem onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary aýdyňlaşdyrmak bolup durýar;
   b) *dolulyk* – bu iş boýunça subut edilmeli ähli ýagdaýlaryň aýdyňlaşdyrylmagyndan hem-de olary tassyklaýan subutnamalaryň ýygnalmagyndan ybaratdyr;
   c) *obýektiwlik* – bu sülçi, anyklaýjy, prokuror we kazyýet tarapyndan subutnamalara baha berlende ynamsyzlyga, öňden dörän ters pikirlilige, bir taraplylyga, aýyplaýyş ýa-da aklaýyş ugurlaryna ýykgyn etmeklige ýol bermän, diňe adalatlylygy görkezmelidigini aňladýar.
4. Işi alyp barýan adamyň *öz içki ynam-ygtykady* boýunça subutnamalara baha bermegi şu aşakdakylardan ybarat:
   a) sülçi, anyklaýjy, prokuror we kazyýet iş ýörediş taýdan özbaşdakdyr, olar işiň ýagdaýlaryna başga

bir adam tarapyndan baha berilmegine gollanmaly däldir. Olaryň içki ynam-ygtykady hiç bir adam tarapyndan we hiç bir halatda çäklendirilip bilinmez;

b) görkezilen wezipeli adamlar özleriniň subutnamalara baha bermek we onuň üçin jogapkärçilik çekmek borjuny başga biriniň üstüne atmaly däldir;

c) hiç bir subutnamanyň beýleki subutnamalaryň öňünde görnetin artykmaçlygy, öňünden bellenen güýji ýokdur;

d) subutnamalara baha bermek işi hakykat, şek-şübhesi bolmadyk netijäniň çykarylmagy bilen tamamlanylmalydyr.

## Bap V. Jenaýat iş ýöredişinde subutnamalaryň çeşmeleri

### §1. Subutnamalaryň çeşmeleriniň düşünjesi we olaryň görnüşleri.

**Subutnamalaryň çeşmeleri** – bu subutnamalaşdyrylan maglumatlary, ýagny jenaýat işini ýöretmegiň dowamynda subut edilmeli ýagdaýlar baradaky maglumatlary, özünde saklaýan çeşmelerdir.

Jenaýat iş ýöredişinde “subutnama” hem-de “subutnamanyň çeşmesi” diýen düşünjeleri biri-birinden tapawutlandyrmak zerurdyr. Eger subutnama – bu hakykat ýüzündäki maglumatlaryň hut özi bolup durýan bolsa, onda

subutnamanyň çeşmesi – şol hakykat ýüzündäki maglumatlary saklamagyň we geçirmegiň serişdesi bolup durýandyr.

Diňe şu aşakdaky alamatlara laýyk gelýän çeşmeler jenaýat iş ýöredişinde subutnamalaryň çeşmeleri hökmünde ulanylyp bilner:

- birinjiden, olar jenaýat iş ýörediş kanunynda göz öňünde tutulan bolmaly;
- ikinjiden, olar kanun tarapyndan göz öňünde tutulan iş ýörediş formada alnan bolmaly;
- üçünjiden, olar deslapky derňew işinde-de, kazyýet seljerişinde-de barlanylmaga we baha berilmäge ýaramly bolmalydyr.

Jenaýat iş ýöredişinde şu aşakdaky ***subutnamalaryň çeşmeleri*** göz öňünde tutulan (JIÝK-niň 124-nji maddasy):

1. Şaýadyň görkezmeleri;
2. Jebir çekeniň görkezmeleri;
3. Güman edilýäniň görkezmeleri;
4. Aýyplanýanyň görkezmeleri;
5. Kazyýetde işi seredilýäniň görkezmeleri;
6. Bilermeniň netijenamasy;
7. Maddy subutnamalar;
8. Derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalary;
9. Beýleki resminamalar.

37-nji çyzgy




## §2. Şaýadyň we jebir çekeniň görkezmeleri.

***Şaýadyň görkezmeleri*** – bu deslapky derňewde we kazyýetde sorag edilen adamyň, özüne mälim bolan işiň hakykat ýüzündäki ýagdaýlary hakynda, dil üsti bilen beren habarydyr.

JIÝK-niň 128-nji maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda şaýat şu aşakdaky ýagdaýlar hakynda sorag edilip bilinýär (bu ýagdaýlara, başgaça, *şaýadyň görkezmeleriniň predmeti* hem diýilýär):

1. işe dahylly bolan islendik ýagdaýlar hakynda (jenaýatyň edilen wagty, ýeri, usuly we ş.m.);

2. aýyplanýanyň, işi kazyýetde seredilýäniň we jebir çekeniň şahsyýetleri hakynda;
3. olar bilen we beýleki şaýatlar bilen onuň özara gatnaşyklary hakynda.

Şaýady sorag etmegiň başlangyjynda oňa iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlar hakynda gürrüň bermeklik teklip edilýär.

Şaýadyň görkezmeleri onuň hut özünden döräp bilýär ýa-da belli bir çeşmelere esaslanyp bilinýär. Eger şaýadyň görkezmesi başga bir adamlaryň aýdan habarlaryna esaslanýan bolsa, onda şol adamlar hem sorag edilmelidir. Şaýat özüniň habar berýän maglumatlarynyň haýsy çeşmeden gelip çykýandygyny takyk görkezip bilmeýän bolsa, onda şol maglumatlar subutnama hökmünde ulanylyp bilinmez.

Iş boýunça şaýat hatarynda sorag edilip bilinjek adamlaryň çägi kesgitlenende olaryň şu esasy şertlere laýyk gelmegi zerurdyr:

- olar hakykatyň hadysalaryna dogry akyl ýetirip bilýän bolmalydyr;
- şol hadysalary öz görkezmelerinde dogry beýan edip bilýän bolmalydyr.

Başga hiç bir sebäpler adamyň şaýat hatarynda sorag edilmegine päsgel berip bilýän däldir (adamyň ýaşy, milleti, wezipesi, iş ýöredişiň gatnaşyjylary bilen garyndaşlyk ýa-da gulluk taýdan arabaglanyşygy we ş.m.).

Emma kanunda şaýat hökmünde çekilip bilinýän adamlar diňe üç halatda çäklendirilýär. Ýagny, şu aşakdaky adamlar şaýat hatarynda sorag edilip bilinmez, şeýle-de

olaryň habar beren maglumatlary subutnama bolup bilmez (JIÝK-niň 93-nji maddasy):

- güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň adwokaty; şeýle hem jebir çekeniň, raýat talapçynyň, raýat jogap berijiiň wekili – jenaýat işi boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglylykda özlerine mälim bolan ýagdaýlar hakynda;
- fiziki ýa-da psihiki ýetmezçilikleri zerarly iş üçin ähmiýetli ýagdaýlara dogry düşünip bilmejek we şolar hakynda dogry görkezme berip bilmejek adamlar;
- anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet mejlisiniň kätibi – jenaýat işi boýunça özleriniň iş ýörediş borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglylykdaky ýagdaýlar hakynda. Emma derňelýän ýa-da seredilýän işlerde kanunçylygyň bozulmalary, hyýanatçylyklar we betnebisli bähbitler bolupdyr diýip çak etmek üçin esaslar bar bolsa ýa-da täze ýüze çykan ýagdaýlaryň dörän halatlary muňa girmeýär.

Şaýadyň görkezmeleri deslapky derňew işi tapgyrynda ony sorag etmegiň teswirnamasynda, kazyýetde bolsa – kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda beýan edilýär.

*Şaýadyň görkezmelerine baha berlende* şu aşakdaky ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr:

1) şaýadyň aýyplanýan, jebir çeken hem-de işde bähbidi bolan beýleki adamlar bilen nähili aragatnaşykda durýandygy (mysal üçin, şaýadyň aýyplanýana gulluk taýdan garaşly bolmagy, aýyplanýan bilen duşmançylykly ýa-da dostlukly aragatnaşykda durmagy we ş.m.);

2) şaýadyň görkezmeleriniň emele gelmegine täsir edýän subýektiw (şahsy) sebäpleriň bolmagy (mysal üçin, şaýadyň duýgy synalarynyň, ýatkeşliginiň häsiýeti, onuň ýaşy, psihiki we fiziki ýagdaýy, durmuş hem-de hünär tejribesi we ş.m.);
3) şaýadyň görkezmeleriniň emele gelmegine täsir edýän obýektiw (daşky) sebäpleriň bolmagy (mysal üçin, şaýadyň wakany synlamagynyň, eşitmeginiň wagty, ýeri we şertleri, onuň wakany özleşdirmeginiň dowamlylygy, jenaýatyň yzlaryny bulaşdyrmak üçin jenaýatkäriň eden mekirligi, wakany özleşdirmek pursatyndan ol barada görkezme bermek pursatyna çenli geçen wagty, deslapky derňewde we kazyýetde şaýady sorag etmegiň şertleri we ş.m.).

***Jebir çekeniň görkezmeleri*** – bu deslapky derňewde we kazyýetde sorag edilen adamyň, oňa ahlak, beden ýa-da maddy taýdan zyýan ýetiren jenaýatyň ýagdaýlary hakynda, dil üsti bilen beren habarydyr.

JIÝK-niň 128-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda jebir çeken şu aşakdaky ýagdaýlar hakynda sorag edilip bilinýär (*jebir çekeniň görkezmeleriniň predmeti*):

1. iş boýunça subut edilmäge degişli bolan islendik ýagdaýlar hakynda;
2. onuň güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, beýleki jebir çekenler we şaýatlar bilen özara gatnaşyklary hakynda.

Jebir çekeniň görkezmeleri öz iş ýörediş tebigaty boýunça umuman şaýadyňky bilen meňzeşräk gelýär. Emma olaryň arasynda birnäçe aýratynlyklar hem bar:

- şaýatdan tapawutlylykda, jebir çeken işde bähbidi bar bolan adamdyr;
- görkezme bermek şaýadyň diňe borjy bolup durýan bolsa, jebir çekeniň – hem borjy, hem hukugy bolup durýandyr;
- jebir çeken diňe bir çagyrylan mahalynda däl-de, eýsem öz islegi boýunça-da görkezme bermäge haklydyr;
- görkezme bermek – jebir çekeniň kanuny bähbitlerini goramagyň, günäkärleri paş etmegiň we raýat hak islegini esaslandyrmagyň wajyp kepillendirmesi bolup durýandyr;
- jebir çekeniň iş ýöredişe işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek üçin kanun tarapyndan oňa işe degişli bolan ýagdaýlary düşündirmäge, olara baha bermäge, şeýle hem jenaýatyň ýagdaýlary, jenaýatçynyň şahsyýeti barada öz çaklamalaryny we pikirlerini aýtmaga giňden hukuklar berilýär.

Jebir çekeniň görkezmeleri deslapky derňew işi tapgyrynda ony sorag etmegiň teswirnamasynda, kazyýetde bolsa – kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda beýan edilýär.

*Jebir çekeniň görkezmelerine baha bermek* umuman şaýadyň görkezmelerine baha berilmegi bilen meňzeşdir. Emma jebir çekeniň görkezmelerine baha berlende aşakdaky ýagdaýlar hem göz öňünde tutulmalydyr:

1) jebir çeken – bu işde şahsy bähbidi bar bolan adamdyr (mysal üçin, jebir çekene jenaýatyň netijesinde maddy zyýanyň ýetirilmegi, onuň aýyplanýany jezalandyrmak

isleginiň bolmagy, jenaýatyň edilen döwründe jebir çekeniň özüni ahlaksyz alyp barandygy we ş.m.);
2) deslapky derňew tamamlanandan soň jebir çeken işiň materiallary bilen tanyşdyrylýar (mysal üçin, jebir çeken iş boýunça ýygnalan subutnamalar bilen tanşyp, öz görkezmelerini şolara görä üýtgetmegi ýa-da özüne bähbitli tarapyny öňe sürmegi mümkin we ş.m.);
3) düzgün bolşy ýaly, jebir çeken kazyýet mejlisinde şaýatlardan öň sorag edilýär hem-de ähli subutnamalaryň derňelmegine gatnaşýar.

## §3. Güman edilýäniň we aýyplanýanyň görkezmeleri.

***Güman edilýäniň görkezmeleri*** – deslapky derňewde sorag edilen adamyň, jenaýat etmekde özüniň garşysyna dörän şübhe hakynda, dil üsti bilen beren habarydyr.

JIÝK-niň 128-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda güman edilýän şu aşakdaky ýagdaýlar hakynda sorag edilip bilinýär (*güman edilýäniň görkezmeleriniň predmeti*):

1) garşysyna dörän şübhe hakynda;
2) özüne mälim bolan iş üçin ähmiýetli beýleki ýagdaýlar hakynda;
3) iş üçin ähmiýeti bolan subutnamalar hakynda.

Güman edilýän sorag edilmezinden öň oňa diňe güman edilýän jenaýatyň wakasy yglan edilýär, zerurlygyň ýüze çykan mahalynda bolsa, oňa jenaýatyň edilen wagty

we ýeri yglan edilip bilner. Şol sebäpli ol güman edilýän hökmünde saklamagyň teswirnamasy hem-de tussag astyna almak baradaky karar bilen tanyşdyrylýar.

Güman edilýän iň görkezmeleri ony sorag etmegiň teswirnamasynda beýan edilýär.

***Aýyplanýanyň görkezmeleri*** – bu deslapky derňewde sorag edilen adamyň, özüne bildirilen aýybyň düýp mazmuny hakynda, dil üsti bilen beren habarydyr.

JIÝK-niň 128-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda aýyplanýan şu aşakdaky ýagdaýlar hakynda görkezme berip bilýär (*aýyplanýanyň görkezmeleriniň predmeti*):

1) özüne bildirilen aýyp hakynda;
2) özüne mälim bolan iş üçin ähmiýetli beýleki ýagdaýlar hakynda;
3) iş üçin ähmiýeti bolan subutnamalar hakynda.

Aýyplanýan sorag edilmezden öň ol aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek baradaky karar bilen tanyşdyrylýar (bu kararda jenaýatyň edilen wagty, ýeri, usuly we iş boýunça ähmiýeti bolan beýleki ýagdaýlar görkezilýär), şeýle hem ýüklenen aýyby onuň boýun alýandygy ýa-da almaýandygy soralýar.

Aýyplanýanyň görkezmeleri, ilki bilen, onuň özüni günäkär diýip hasap edýändigine ýa-da etmeýändigine bagly bolup durýar. Şol sebäpli aýyplanýanyň görkezmeleriniň aşakdaky *görnüşlerini* tapawutlandyryp bolar:

1. günäni boýun almak (ýagny, aýyplanýanyň özüne bildirilen aýyby dogry diýip hasap etmegi). Günäni boýun almagyň hem birnäçe aýratynlyklary bolup biler:

a) doly;
b) bölekleýin;
c) dogry;
d) ýalan;
e) ýalňyş;
f) öz-özüne töhmet atmak;

2. günäni boýun almazlyk (ýagny, aýyplanýanyň özüne bildirilen aýyby nädogry diýip hasap etmegi). Günäni boýun almazlygyň hem birnäçe aýratynlyklary bolup biler:

a) doly;
b) bölekleýin;
c) delillendirilen;
d) delillendirilmedik;
e) dogry;
f) ýalan;
g) töhmet atmak.

Aýyplanýanyň görkezmeleri ony sorag etmegiň teswirnamasynda beýan edilýär.

***Kazyýetde işi seredilýäniň görkezmeleri*** – bu kazyýetde sorag edilen adamyň, özüne bildirilen aýybyň düýp mazmuny hakynda, dil üsti bilen beren habarydyr.

*Kazyýetde işi seredilýäniň görkezmeleriniň predmeti* aýyplanýanyňky bilen birmeňzeşdir (JIÝK-niň 128-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

Kazyýetde işi seredilýän sorag edilmezden öň oňa ýüklenýän aýybyň düýp mazmuny yglan edilýär hem-de onuň bildirilen aýyba öz garaýyşyny aýytmaga isleginiň bardygy ýa-da ýokdugy soralýar.

Kazyýetde işi seredilýäniň görkezmeleri kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda beýan edilýär.

Güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň görkezmeleri, bir tarapdan, subutnamalaryň çeşmeleri, beýleki tarapdan bolsa – olaryň öz garşysyna dörän şübhelerden we ýüklenen aýyplardan goranmagyň serişdesi bolup durýar. Şol sebäpli güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň görkezme bermek borjy däl-de, bu olaryň hukugydyr.

Güman edilýäniň görkezmeleriniň mazmuny, adaty bolşy ýaly, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň görkezmelerinden has gysgadyr. Eger aýyplanýana we kazyýetde işi seredilýäne resmileşdirilen aýyp bildirilýän bolsa, güman edilýäne diňe onuň haýsy jenaýaty etmekde güman edilýän digi yglan edilýändir. Şol sebäpli güman edilýäniň görkezmelerinde, köplenç, jenaýatyň ýagdaýlaryny beýan etmekde jikme-jiklik, takyklyk bolmaýar[13].

*Güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň görkezmelerine baha berlende* şu aşakdaky ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr:

1. güman edilýän, aýyplanýan we kazyýetde işi seredilýän – işiň netijesinde belli bir bähbidi bolan adamlardyr (mysal üçin, olaryň jenaýat jogapkärçiliginden, ýetiren maddy zyýanynyň öwezini doldurmakdan boýun gaçyrmak islegi we ş.m.);
2. güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň görnetin ýalan görkezme berendigi hem-de

[13] К.Ф.Гуценко, Л.В.Головко, Б.А.Филимонов. Уголовный процесс западных государств. Учебное пособие. Москва 2002.

görkezme bermekden ýüz dönderendigi üçin, olara JK-niň 201, 202-nji maddalary boýunça jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulmaýar (mysal üçin, olaryň ýalan görkezme bermegi, başga bir adama töhmet atmagy, bolmadyk wakany öz-özünden oýlap tapmagy mümkin we ş.m.);

3. güman edilýän, aýyplanýan we kazyýetde işi seredilýän işiň alnyp barylýan döwründe özboluşly ýagdaýda durýarlar (mysal üçin, olaryň azatlykdan mahrum ediş ýerlerde saklanýandyklary, özlerini ruhy taýdan pes duýýandyklary we ş.m.);
4. güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň görkezmelerine beýleki subutnamalar bilen deň derejede garalmalydyr, olara kem baha-da, artyk baha-da berilmeli däldir. Aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň boýun alyş görkezmeleri diňe beýleki subutnamalaryň jemi bilen tassyklanan halatynda aýybyň esasyna goýlup bilner.

Kanunda şaýadyň, jebir çekeniň, güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň görkezmelerini ulanmakda hem umumy *talaplar* göz öňünde tutulan (JIÝK-niň 128-nji maddasy):

1. eger jeber çeken we şaýat özuniň habarly bolmagynyň çeşmesini görkezip bilmese, onda onuň habar beren maglumatlary subutnama bolup bilmez;
2. aýyplanýanyň şahsyýetini häsiýetlendirýän maglumatlar hakyndaky görkezmeler aýybyň esasyna goýulyp bilinmez. Olar ýaly maglumatlar diňe jezany bellemek ýa-da jezadan boşatmak bilen baglanyşykly

bolan meseleleri çözmek üçin subutnama hökmünde ulanylyp bilner;

3. sorag edilen pursadynda jenaýat işi üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlara dogry akyl etirmäge we şolar hakynda dogry görkezme bermäge ukyby bolmadyk adamyň beren görkezmeleri subutnama bolup bilmez. Şeýle ukybyň bardygy ýa-da ýokdugy JIÝK-de kesgitlenen tertipde anyklanylmalydyr.

## §4.Bilermeniň netijenamasy.

***Bilermeniň netijenamasy*** – bu deslapky derňewde we kazyýetde seljermäniň çözmekligine goýlan, ýörite bilimleri talap edýän soraglar boýunça bilermeniň hat üsti bilen beren habarydyr.

Subutnamalaryň çeşmesi bolan bilermeniň netijenamasy aşakdaky *aýratynlyklar* bilen häsiýetlendirilýär (JIÝK-niň 129-njy maddasy):

1. netijenama diňe anyklaýjynyň, sülçiniň ýa-da kazyýetiň tabşyrygy esasynda çykarylyp bilinýär (şol tabşyryk anyklaýjynyň, sülçiniň karary hem-de kazyýetiň kesgitnamasy bilen resmileşdirilýär);
2. netijenama bilimiň belli bir ugrundan (daktiloskopiýa, himiýa, lukmançylyk we ş.m.) baş çykarýan hünärmen tarapyndan düzülýär;.
3. netijenama geçirilen ýörite barlaglaryň (deňeşdirme, synag, tejribe we ş.m.) netijesinde çykarylýar;
4. JIÝK-niň 295-nji mad. görkezilen obýektleri barlamagyň netijesinde berilýär:
   - maddy subutnamalar;

- resminamalar;
- adamyň teni;
- adamyň psihikasynyň ýagdaýy;
- jesetler;
- haýwanlar
- bilermen barlagynyň nusgalary;
- jenaýat işiniň materiallarynda bar bolan seljermä degişli maglumatlar.

5. bilermen netijenamany öz adyndan çykarýar we onuň dogrulygyna şahsy jogapkärçilik çekýär (bilermeniň görnetin ýalan netije çykarandygy üçin JK-niň 201-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulan).

*Seljermeleriň* şu aşakdaky *görnüşlerini* tapawutlandyryp bolar:

1. bilimiň pudagy boýunça:
   - kazyýet-lukmançylyk ;
   - kazyýet-psihiatriýa;
   - kazyýet-himiýa;
   - kazyýet-ballistika;
   - kazyýet-trasologiýa we beýlekiler;
2. geçirilişiniň yzygiderliligi boýunça:
   - ilkinji;
   - goşmaça;
   - gaýtadan;

3. geçirilişiniň tertibi boýunça:
   - ýekelikde geçirilýän;
   - toparlaýyn (ýa-da komission);
   - toplumlaýyn (ýa-da kompleksleýin).

Iş boýunça birinji gezek geçirilýän seljerme *ilkinji* bolup durýar.

Ilkinji seljermäniň netijenamasy ýeterlik aýdyň ýa-da doly bolmasa, şeýle hem öň barlanan ýagdaýlar babatda täze soraglar ýüze çykan mahalynda *goşmaça* seljerme bellenilip bilner. Goşmaça seljermäniň geçirilmegi hut öňki ýa-da başga bilermene tabşyrylýar.

Seljermäniň netijenamasy esaslandyrylmadyk bolsa ýa-da onuň dogrulygynda şübhe dörän mahalynda, *gaýtadan* seljerme bellenilip bilner. Gaýtadan bellenen seljermäniň geçirilmegi başga bilermene ýa-da başga bilermenlere tabşyrylýar. Gaýtadan seljerme bellemek baradaky kararda sülçi öňki seljermäniň netijileri bilen ylalaşmazlygyň delillerini görkezmelidir. Öňki seljermäni geçiren bilermenler gaýtadan geçirilýän seljermä gatnaşmaga we öz düşündirişlerini aýtmaga haklydyr, emma olar bilermen barlagyna we netijenamanyň düzülmegine gatnaşmaýar (JIÝK-niň 302-nji maddasy).

Goşmaça we gaýtadan seljermeler bellenilende bilermenlere öňki netijenamalar berilmelidir.

Iş boýunça bir bilermen tarapyndan geçirilýän seljerme *ýekelikde geçirilýän* seljerme diýilýär.

Çylşyrymly bilermen barlaglary geçirmekde zerurlyk ýüze çykan mahalynda hem-de onuň geçirilmegi bir hünärdäki birnäçe bilermenlere tabşyrylýan bolsa, onda şol seljerme *toparlaýyn (komission)* bolup durýar. Toparlaýyn seljerme geçirilen mahalynda bilermenler netije bermezden öň özara maslahatlaşýarlar. Eger bilermenler goýlan soraglar boýunça bir netijä gelseler, onda şol netijä ähli bilermenler gol çekýär. Eger-de bilermenler dürli netilere

gelseler, onda her bir bilermen öz netijesini aýratynlykda düzýär. Toparlaýyn seljerme bellemek baradaky sülçiniň karary bilermen edarasynyň ýolbaşçysy üçin hökmanydyr. Bilermen edarasynyň ýolbaşçysy iberilen materiallar boýunça toparlaýyn seljermesini geçirmek hakyndaky çözgüdi özbaşdak kabul edip bilýär. Akyly düzüwlik baradaky meselesi boýunça kazyýet-psihiatriýa seljermesiniň geçirilmegi üçden az bolmadyk bilermenlere tabşyrylýar (JIÝK-niň 296-njy maddasy).

Bilermen barlagy bilimiň dürli pudaklarynyň esasynda geçirilmegini talap edýän bolsa hem-de onuň geçirilmegi dürli hünärdäki birnäçe bilermenlere tabşyrylýan bolsa, şol seljerme *toplumlaýyn (kompleksleýin)* bolup durýar. Toplumlaýyn seljermäniň netijenamasynda her bir bilermen hut özüniň geçiren barlaglaryny we alan netijelerini gorkezýär hem-de netijenamanyň özüne degişli bölegine gol çekýär. Her bir bilermeniň geçiren barlaglaryň esasynda, öz gezeginde, umumy netijenama düzülýär we bilermenler tarapyndan gol çekilýär (JIÝK-niň 297-nji maddasy.).

<u>Umumy düzgün boýunça</u>, seljerme ylymda, tehnikada, sungatda, senetde ýa-da beýleki çygyrlarda ýörite bilimler zerur bolan halatynda anyklaýjynyň, sülçiniň we kazyýetiň çözgüdi boýunça bellenilýär (JIÝK-niň 287-nji maddasy).

Emma <u>kanunda göz öňünde tutulan käbir halatlarda</u> *seljermäniň geçirilmegi hökmany* bolup durýar (JIÝK-niň 288-nji maddasy):

1) ölümiň sebäbini anyklamak üçin (kazyýet-lukmançylyk seljermesi geçirilýär);

2) saglyga ýetirilen zyýanyň häsiýetini we agyrlyk derejesini kesgitlemek üçin (kazyýet-lukmançylyk seljermesi geçirilýär);
3) iş üçin ähmiýeti bolan mahalynda güman edilýäniň, aýyplanýanyň we jebir çekeniň ýaşyny anyklamak üçin, eger olaryň ýaşy hakyndaky resminamalar ýok bolsa ýa-da şübhe döredýän bolsa (kazyýet-lukmançylyk seljermesi geçirilýär);
4) eger güman edilýäniň ýa-da aýyplanýanyň akylynyň ýerindedigi hakynda ýa-da jenaýat işi boýunça öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini özbaşdak goramaklygyň ukyby hakynda şübhe döreýän bolsa, olaryň psihiki ýa-da fiziki ýagdaýyny kesgitlemek üçin (kazyýet-psihiatriýa ýa-da kazyýet-lukmançylyk seljermesi geçirilýär);
5) eger şaýadyň ýa-da jebir çekeniň iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlara dogry akyl ýetirmek we şol ýagdaýlar barada dogry görkezme bermek ukyby hakynda şübhe döreýän bolsa, olaryň psihiki ýa-da fiziki ýagdaýyny kesgitlemek üçin (kazyýet-psihiatriýa ýa-da kazyýet-lukmançylyk seljermesi geçirilýär).

JIÝK-niň 129, 298-nji maddalarynda bilermeniň netijenamasynyň düzülişine ýörite talaplar bildirilýär. Ondan başga-da, 11.02.2005-nji ýyldaky Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň № 35 buýrugy bilen tassyklanylan "Türkmenistanyň IIM-niň ýanyndaky Kriminalistik barlaglar merkezinde ýerine ýetirilýän jenaýat seljermeleriniň we öwreniş barlaglarynyň geçirilişiniň Tertibinde" bilermeniň netijenamasynyň gurluşy has takyk

görkezilen.Ýagny, bilermeniň netijenamasy *üç bölekden* ybarat bolup durýar:

1) giriş;
2) barlag;
3) netije.

Giriş böleginde şu aşakdaky ýagdaýlar görkezilýär:

- netijenamanyň belgisi we düzülen senesi;
- bilermen edarasynyň ady;
- bilermeniň familiýasy, ady we atasynyň ady, onuň bilimi, hünäri, iş stažy, alymlyk derejesi we alymlyk ady, eýelýän wezipesi;
- bilermeniň hukuklarynyň we borçlarynyň düşündirilendigi hem-de jenaýat jogapkärçiligi barada duýdurylandygy hakyndaky dil haty;
- seljerme geçirilende gatnaşan adamlar;
- seljerme geçirmegiň iş ýörediş esaslary;
- jenaýat işiniň belgisi we wakanyň gysgaça beýany;
- seljermä iberilen obýektleriň sanawy we olaryň gysgaça suratlandyrmasy;
- seljermäniň çözgüdine goýlan soraglaryň sanawy.

Barlag böleginde aşakdakylar beýan edilýär:

- ulanylan ylmy serişdeler, usullar we materiallar (şol sanda bilermen tarapyndan peýdalanan jenaýat işiniň materiallary);
- geçirilen synag, deňeşdirme, tejribe barlaglary, olaryň maksady, mazmuny we
alnan netijeler;
- seljermä gatnaşan adamlaryň beren düşündirişleri;
- goýlan soraglar boýunça jogaplaryň esaslandyrylyşy;

- iş üçin ähmiýeti bolan we bilermeniň öz başlangyjy boýunça anyklanan ýagdaýlar.

Netije böleginde goýlan soraglara jogaplar berilýär. Jogaplar gysga, düşnükli, başgaça düşünmäge esas döretmeýän görnüşde beýan edilýär.

Şeýlelikde, bilermeniň beren netijelerine görä *netijenamanyň* birnäçe *görnüşleri* tapawutlandyrylýar:

1. çürt-kesik netije. Ol, öz gezeginde, iki görnüşe bölünýär:
   a) oňyn (položitel, mysal üçin, wakanyň bolan ýerinden tapylyp alnan adamyň el barmaklarynyň yzlary belli bir adam tarapyndan tarapyndan galdyrylanlygy baradaky daktiloskopiýa seljermesiniň netijesi);
   b) otrisatel (mysal üçin, güman edilip saklanan adamyň ýanyndan tapylyp alnan maddanyň neşe serişdesi bolup durmaýandygy baradaky himiýa seljermesiniň netijesi);
2. mümkingadar netije (mysal üçin, seljermä iberilen ýetginjegiň ýaşynyň takmynan 13-15 ýaş aralygynda bolup bilýändigi baradaky lukmançylyk seljermesiniň netijesi);
3. soraglary çözüp bolmaýandygy hakyndaky netije (mysal üçin, wakanyň bolan ýerinden tapylyp alnan aýakgap yzynyň deňeşdirip barlamak üçin ýaramly däldigi sebäpli, netije çykaryp bolmaýandygy baradaky trasologiýa seljermesiniň netijesi).

Bilermen netijenamanyň soňunda hem-de her bir sahypasyna gol çekýär. Bilermeniň goly möhür bilen berkidilýär. Netijenama fototablisalar, çyzgylar we beýleki şekillendiriş materiallary goşulýar.

JIÝK-niň 299-njy maddasynda görkezilşi ýaly, eger bilermen barlag geçirmänkä goýlan soraglara jogap berip bolmajakdygyna göz ýetirse, onda ol netijenama bermegiň mümkin däldigi hakynda habarnama düzýär. Habarnama aşakdaky halatlarda düzülýär:

- bilermeniň öňünde goýlan soraglar onuň ýörite biliminiň çäginden çykýan bolsa;
- bilermene berlen materiallar netije çykarmak üçin ýaramly däl ýa-da ýeterlikli däl bolsa hem-de olaryň üsti doldurylyp bilinmeýän bolsa;
- ylmyň we bilermen tejribesiniň ýagdaýy goýlan soraglar boýunça netije çykarmaga mümkinçilik bermeýän bolsa.

*Bilermeniň netijenamasyna baha berlende* şu aşakdaky ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr:

1. goýlan soraglara göni we aýdyň jogaplar berlipdirmi? Bilermeniň çaklamalarynyň we düşgürlikleriniň subut edijilik ähmiýeti ýokdur;
2. seljermäniň netijeleri takyk ylmy maglumatlara esaslandyrylypdyrmy? Ylmy usullara we serişdelere esaslandyrylmadyk netije dogry diýip hasap edilip bilinmez;
3. bilermeniň netijeleri işiň derňelen we seredilen wagtynda anyklanan beýleki hakykat ýüzündäki maglumatlar bilen ýalana çykarylmaýarmy, olara garşy gelmeýärmi? Şeýle gapma-garşylyklar bolan halatynda, olary aradan aýyrmak hem-de belli bir çözgüde gelmek üçin zerur bolan beýleki derňew hereketleri geçirilmelidir.

4. bilermeniň netijesi anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet üçin hökmany däldir, olaryň netije bilen ylalaşmazlyga-da hukugy bar. Emma şeýle ylalaşmazlyk, bilermeniň netijesini ýalana çykarýan beýleki subutnamalaryň jemi bilen, delillendirilen bolmalydyr.

## §5.Maddy subutnamalar.

***Maddy subutnamalar*** – bu jenaýat işiniň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan maddy dünýäniň obýektleridir.

JIÝK-niň 130-njі maddasynyň 1-nji böleginde hem-de 131-nji maddasynyň 5-nji böleginde. kesgitlenilşi ýaly, *maddy subutnamalar* hökmünde şu aşakdaky obýektler çykyş edýär.

**I. <u>Zatlar we resminamalar:</u>**

1. jenaýat etmekde *gural* bolup hyzmat eden zatlar we resminamalar. Mysal üçin: - öý ogurlykda ulanylan ýasama açar, adamyň tenine şikes ýetirmekde ulanylan pyçak, ogurlyk zatlary daşamakda ulanylan awtoulag, bikanun aw etmekde ulanylan tüpeň we ş.m.;
   - kezzapçylyk etmekde ulanylan hukuk goraýjy edaranyň işgäriniň ýa-da başga wezipeli adamyň güwänamasy, kontrabanda etmekde ulanylan bikanun ygtyýarnama, bikanun kredit almak üçin ulanylan galp kontrakt we ş.m.;
2. üstünde *jenaýatyň yzlary* saklanyp galan zatlar we resminamalar. Mysal üçin: - ganyň yzlary bar bolan jebir çekeniň egin-eşigi, neşe serişdesiniň ýokundysy

bar bolan pyçak, ot açýan ýaragyň yzlary bar bolan gapy we ş.m.;

- tekstine düzedişler girizilen hasap-faktura, fotosuraty çalşyrylan harby bilet, tekstinde bozup aýyrmagyň yzlary bar bolan ynanç haty we ş.m.;

3. jenaýatçylykly hereketleriň *obýekti* bolan zatlar we resminamalar. Mysal üçin: - ogurlanyp alnan mal, ýol hereketiniň düzgünleriniň bozulmagy netijesinde zeper ýetirilen awtoulag, ynanylan emlägi eýelemegiň netijesinde alnan harytlar, talaňçylykda alnan pul we ş.m.;

   - jübi ogurlygynda alnan pasport, kezzapçylyk ýoly bilen edinilen pensiýa güwänamasy, gorkuzyp alnan jaýyň orderi, okuw jaýyndan ogurlanan diplomyň blankasy we ş.m.;

4. *jenaýaty* we *günäkärleri ýüze çykarmak* üçin serişde bolup hyzmat edip biljek zatlar we resminamalar. Mysal üçin:

   - güman edilýäniň ýanyndan tapylyp alnan neşe serişdesi, aýyplanýanyň iş otagyndan tapylyp alnan para hökmünde berlen pul, jenaýatçynyň bikanun alyp gaçan awtomaşynynda galdyryp giden el ýaglygy, jenaýatçynyň saçynda galan ýörite reňkleýji serişdäniň galyndylary we ş.m.;

   - iýilen harytlaryň ýetmezçiliginiň üstüni ýaşyrmak üçin galp maglumatlar boýunça düzülen hasabat, hakykat ýüzünde ýok işgärleriň iş hakyny alandygy baradaky galp maglumatlar girizilen wedomost, jenaýatkäriň talaňçylyk eden wagty gaçyryp giden talyp kitapçasy,

öz-özüne kast edendigi hakynda öldürileniň adyndan jenaýatçynyň ýazan haty we ş.m.;

5. *aýyby ýalana çykarmak* ýa-da *günäkäriň jogapkärçiligini ýeňilleşdirmek* üçin serişde bolup hyzmat edip biljek zatlap we resminamalar. Mysal üçin:
   - jenaýatyň bolan ýerinden tapylyp alnan aýyplanýanyň aýakgabyna gabat gelmeýän yz, aýyplanýanyň alibisini tassyklaýan onuň jenaýatyň bolan ýerinde däl-de, başga ýerde bolandygyny görkezýän wideoýazgyly kasseta, tene şikes ýetirmek baradaky işi boýunça jebir çekeniň ýanyndan tapylyp alnan aýyplanýany masgaralaýan fotosuratlar; - -
   aýyplanýanyň alibisini tassyklaýan şypahananyň kwitansiýasy, aýyplanýanyň çagasynyň garşysyna zorlugyň ulanyljakdygyny görkezýän hatjagaz we ş.m.

**II. <u>Jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan pullar we beýleki gymmatlyklar:</u>**

1. jenaýatyň netijesinde edinilen pullara satyn alnan gymmatlyklar (mysal üçin, öýden ogurlanan pula satyn alnan haly, para hökmünde berlen walýuta satyn alnan awtomaşyn we ş.m.);
2. jenaýatyň netijesinde edinilen emlägi satmak arkaly gazanylan pullar we başga gymmatlyklar (mysal üçin, garakçylykda alnan altyn zynjyry satyp, gazanylan pul; yzygiderli ogurlanyp gelnen haryt-maddy gymmatlyklary satyp, gazanylan pullara alnan daça we ş.m.).

Maddy subutnamalary iş ýörediş taýdan *resmileşdirmegiň* tertibi. (Bu meselä $4^1$-nji temanyň subutnamalary berkitmek baradaky soragynda seredildi).

Maddy subutnamalary *saklamaklygyň* tertibi (JIÝK-niň 261, 262-nji maddalary):

1. 07.08.2008-nji ýyldaky Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň № 138 buýrugy bilen tassyklanylan "Türkmenistanyň içeri işler edaralary tarapyndan deslapky derňew döwründe alnan pullary, gymmatlyklary we beýleki emläkleri hasaba almaklygyň we saklamaklygyň tertibi hakyndaky" Düzgünnama laýyklykda *pullar; walýutalar; gymmatly kagyzlar; gymmat bahaly metaldan we daşdan ýasalan önümler; ordenler, medallar we olaryň resminamalary; köne döwrüň teňňeleri, medallary we ş.m.* alnandan soň bir gije-gündizden gijä galdyrylman polisiýa edarasynyň maliýe-ykdysadyýet bölümine saklamak üçin tabşyrylýar;
2. *uly göwrümli zatlar* (haly, telewizor we ş.m.) IIM-niň we PM-niň Maglumat merkeziniň ýanyndaky maddy subutnamalar saklanylýan otaga tabşyrylýar;
3. *ownuk zatlar* (kasseta, sagat we ş.m.) jenaýat işiniň ýanynda (seýfde) saklanylýar;
4. *resminamalar* jenaýat işiniň materiallaryna çatylýar ýa-da ýanyna goşulýar;
5. *ot açýan we sowuk ýaraglar, ok-däriler* IIM-niň we PM-niň Hojalyk bölüminiň ýarag saklanylýan ammaryna tabşyrylýar;
6. *partlaýjy maddalar, partladyjy enjamlar, güýçli täsir edýän we zäherli maddalar* degişli edaralaryň (harby bölümler we ş.m.) ammaryna tabşyrylýar;
7. *tiz zaýalanýan zatlar* (gök önümler, azyk harytlary we ş.m.) haýal edilmän degişli guramalara (iýmit, söwda

nokatlary we ş.m.) ulanmak ýa-da ýerlemek üçin tabşyrylýar;

8. *işçi we öý mallary* jebir çekene gaýtarylýar, olaryň bolmadyk ýagdaýynda daýhan birleşiklere, geňeşliklere tabşyrylýar;
9. 17.10.2002-nji ýyldaky Türkmenistanyň Prezidentiniň № 5939 Karary bilen tassyklanylan “Bikanun dolanyşykdan alnan neşe serişdelerini we psihotrop maddalary kabul etmegiň, saklamagyň hem-de ýok etmegiň tertibi hakyndaky” Instruksiýada talap edilişi ýaly, *neşe serişdeleri we psihotrop maddalary* IIM-niň ýanyndaky Kriminalistik barlaglar merkezinde (KBM) hem-de PM-niň Kriminalistik barlaglar bölümlerinde (KBB) saklanylýar;
10. 15.01.2003-nji ýyldaky Türkmenistanyň Prezidentiniň “Alnan, tussag edilen ýa-da muzdsuz alnan emlägi saklamagy tertipleşdirmek hakyndaky” № 6069 Kararynda görkezilişi ýaly, *ulag serişdeleri, kompýuter tehnikasy, reňkli metallar* Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň welaýat merkezlerindäki we Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen saklawhanalaryna tabşyrylýar;
11. *jebir çekene degişli zatlar*, iş boýunça zerurlyk aradan aýrylandan soň, oňa gaýtarylyp berilýär.

Ýokardaky 3-nji bentde görkezilen maddy subutnamalar jenaýat işi başga sülçä ýa-da başga edara geçirilende işiň materiallary bilen bilelikde iberilýär, galan maddy subutnamalar bolsa şol bir tabşyrylan ýerde saklanylýar,

Umumy düzgün boýunça maddy subutnamalar hakyndaky mesele kazyýetiň hököminde (ýa-da kesgitnamasynda) çözülýär. Eger-de jenaýat işi anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror tarapyndan ýatyrylan bolsa, onda bu mesele olaryň çykaran jenaýat işini ýatyrmak baradaky kararynda çözülýär.

Maddy subutnamalar höküm kanuny güýje girýänçä ýa-da işi ýatyrmak baradaky karary şikaýat etmegiň möhleti geçýänçä saklanylmalydyr.

JIÝK-niň 130-njy maddasyna laýyklykda *maddy subutnamalar hakyndaky mesele* şu aşakdaky tertipde çözülýär:

1. aýyplanýana degişli bolan jenaýatyň gurallary, olaryň gymmatlylygyna görä, ýok edilýär ýa-da muzdsuz alynýar (mysal üçin, ulanmaga ýaramsyz bolan pyçak ýok edilýär, muzdsuz alnan awtomaşyn Türkmenistanyň Goranmak toplumynyň edaralaryny we hukuk goraýjy edaralaryny maliýe taýdan goldamagyň gaznasyna geçirilýär);
2. jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan pullar we beýleki gymmatlyklar döwletiň haýryna geçirilýär (mysal üçin, pullar we gymmatly kagyzlar Türkmenistanyň Merkezi bankyna geçirilýär, öň hususy eýeçilikde duran jaý degişli häkimligiň garamagyna berilýär);
3. kanun tarapyndan dolanşygy gadagan edilen zatlar degişli edaralara geçirilýär ýa-da ýok edilýär (mysal üçin, ýaraglar, ok-däriler Türkmenistanyň Goranmak ministrligine geçirilýär, neşe serişdeleri bellenen tertipde ýok etmek üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň Edarasynyň merkezi saklawhanasyna tabşyrylýar);

4. hiç-hili gymmatlylygy bolmadyk we ulanylyp bilinmejek zatlar ýok edilýär ýa-da haýyşnama boýunça gyzyklanýan adamlara we edaralara berilýär (mysal üçin, neşe serişdelerini ulanmakda peýdalanylan gurallar ýok edilýär, ulanmaga ýaramly bolmadyk un maldarçylyk kärhanasyna berlip bilinýär);
5. galan zatlar olaryň eýelerine gaýtarylyp berilýär, şol zatlaryň eýeleri anyklanylmadyk halatynda, olar döwletiň haýryna geçirilýär (mysal üçin, ogurlyk haly jebir çekene gaýtarylyp berilýär, eýesiz mallar Türkmenistanyň Goranmak toplumynyň edaralaryny we hukuk goraýjy edaralaryny maliýe taýdan goldamagyň gaznasyna geçirilýär);
6. maddy subutnama bolup durýan resminamalar jenaýat işiniň saklanylmaly möhletiniň dowamynda onuň içinde galdyrylýar ýa-da gyzyklanýan edaralara we adamlara berilýär (mysal üçin, buhgalteriýa resminamalary özüne degişli edarasyna berilýär).

Muzdsuz alnan we eýesi bolmadyk maddy subutnamalar baradaky meseläniň çözülişi 23.08.2002-nji ýyldaky Türkmenistanyň Prezidentiniň “Muzdsuz alnan, eýesiz galan hökmünde we miras almak hukugy boýunça döwlete geçen emlägi, şeýle hem mirasdüşerleri ýok hökmünde gazna geçen emlägi we genji-hazynalary hasaba almagy, olara nyrh kesmegi, olary saklamagy hem-de ýerlemegi kämilleşdirmek hakyndaky” № 5879 Karary bilen has takyk kadalaşdyrylýar.

## §6.Derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalary.

***Derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalary*** – bu iş üçin ähmiýetli bolan hakykat ýüzündäki maglumatlary anyklamakda ýardam berýän, JIÝK-niň talaplaryna laýyklykda düzülen we resmileşdirilen, hat görnüşindäki habarlardyr (JIÝK-niň 131-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

Derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalaryna şu aşakdakylar degişlidir:

1) serediş geçirmegiň teswirnamasy;
2) adamyň tenine serediş geçirmegiň teswirnamasy;
3) güman edilýäni saklamagyň teswirnamasy;
4) tanamak üçin görkezmegiň teswirnamasy;
5) alyş geçirmegiň teswirnamasy;
6) döküş geçirmegiň teswirnamasy;
7) emlägi tussag etmegiň teswirnamasy;
8) görkezmeleri ýerinde barlamagyň teswirnamasy;
9) derňew eksperimentiniň teswirnamasy;
10) telefon we beýleki gepleşikleri diňlemegiň hem-de ses ýazgysyna geçirmegiň teswirnamasy;
11) deňeşdirip barlamak üçin nusgalary almagyň teswirnamasy.

Derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalary diýen subutnamalaryň çeşmesiniň aýratynlygy derňewi alyp barýan adamyň iş üçin ähmiýetli bolan belli bir ýagdaýlary, ýagdaýlary, obýektleri gös-göni özüniň özleşdirýändiginden we şol teswirnamalarda berkidýändiginden ybarat bolup durýar. Mysal üçin, sülçi güman ediýäniň şahsy döküşini geçiren mahaly onuň ýanynda jebir çekene degişli bolan goşar sagadynyň

bardygyna hut özi göz ýetirýär. Şu ýerde şahsy döküşi geçirmegiň teswirnamasy jebir çekenden ogurlanan sagadyň güman edilýäniň goşaryna dakylgy durandygy hakyndaky faktyň çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Şunuň bilen birlikde, gürrüňi edilýän teswirnamalaryň toparyna şu aşakdakylar degişli däldir, ýagny:

- sorag etmegiň teswirnamasy;
- ýüzleşdirme geçirmegiň teswirnamasy.

Şeýle bölünmeginiň sebäbi, bu teswirnamalarda sorag edýän adamyň gös-göni özi tarapyndan özleşdirilen hakykat ýüzündäki maglumatlar däl-de, sorag edilýän adamyň özleşdiren, ozal bolup geçen hadysalar we ýagdaýlar baradaky habarlary (görkezmeleri) beýan edilýär. Başgaça aýdanyňda, sorag etmegiň we ýüzleşdirme geçirmegiň teswirnamalary görkezmeleri berkitmegiň (ýazyp almagyň) usuly bolup durýar. Şonuň üçin hem olar "beýleki resminamalar" diýen subutnamalaryň çeşmesine degişli edilýär.

Jenaýat iş ýöredişinde, ýokardaky görkezilenlerden başga-da, kanunda göz öňünde tutulan käbir iş ýörediş hereketleriň hem teswirnamalary ýöredilýär. Mysal üçin:

- aýyplanýanyň seljermesiny bellemek baradaky karar bilen hem-de bilermeniň netijenamasy bilen tanyşmagynyň teswirnamalary;
- jebir çekeniň jenaýat işiniň materiallary bilen tanyşmagynyň teswirnamasy;
- serenjam mejlisiniň teswirnamasy;
- kazyýet mejlisiniň teswirnamasy we beýlekiler.

Derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalaryndan tapawutlylykda, şular ýaly teswirnamalar diňe jenaýat iş ýöredişiniň gatnaşyjylarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün etmäge gönükdirilen, şeýle hem sülçiniň, kazyýetiň amala aşyrýan işleriniň yzygiderliligini dessurlaýan iş ýörediş hereketleri berkitmek (beýan etmek) üçin hyzmat edýär. Şunuň bilen baglylykda şol teswirnamalar hem "beýleki resminamalar" diýen subutnamalaryň çeşmesine goşulýar.

Derňew ýa-da kazyýet hereketiniň teswirnamasy diýlende anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazyýet tarapyndan düzülen ýazmaça görnüşindäki nama düşünilýär. Şol bir wagtda hakykat ýüzündäki maglumatlar diňe bir teswirnamanyň kömegi bilen däl-de, eýsem fotografirlemek, ses ýazgy, wideoýazgy ulanmak, meýilnamalary, çyzgylary düzmek arkaly hem berkidilip bilinýär. Fotosuratlar, wideokassetalar, fonogrammalar, meýilnamalar we çyzgylar subutnamalaryň özbaşdak çeşmesi bolup durmaýar. Olar degişli teswirnama goşulýar hem-de subut edijilik ähmiýetini diňe teswirnama bilen bilelikde berip bilýändir. Şol goşulmalar diňe teswirnamanyň mazmunyny suratlandyrmak, aýdyňlaşdyrmak wezipesini ýerine ýetirýär.

***Beýleki resminamalar*** – subutnamalaryň aýratyn çeşmesi bolup, şu aşakdaky alamatlar bilen häsiýetlendirilýän hat görnüşindäki habarlardyr (JIÝK-niň 131-nji maddasynyň 2-nji bölegi):

- belli bir edaradan, kärhanadan, guramadan, wezipeli adamdan ýa-da raýatdan gelip çykmalydyr;

- iş üçin ähmiýeti bolan fakty ýa-da ýagdaýy beýan etmelidir we tassyklamalydyr.

Beýleki resminamalar birnäçe *aýratynlyklar* bilen tapawutlandyrylýar:

1. resminamalar jenaýat işi bilen baglylykda-da, onuň bilen bagly bolmadyk ýagdaýda-da düzülip bilinýär (mysal üçin, adwokatyň haýyşnamasy hem-de dogluş hakynda şahadatnama);
2. resminamalar anyklaýjynyň, sülçiniň, kazyýetiň talap etmegi boýunça alnyp bilinýär ýa-da edaralar we raýatlar tarapyndan hödürlenip bilinýär (mysal üçin, sülçiniň sorag haty esasynda berlen kepilnama hem-de raýatyň görkezen şahsy hatlary);
3. edaralardan we wezipeli adamlardan gelip çykýan resminamalar ýörite bellenen tertipde resmileşdirilen bolmalydyr (mysal üçin, degişli wezipeli adamyň goly, möhür, hasaba alyş belgisi we ş.m.), emma raýatlardan gelip çykýan resminamalara bu talap diňe kanunda görkezilen halatlarda bildirilýär (mysal üçin, wesýetnama notarial edarasynda kepillendirilen bolmalydyr);
4. resminamalar hem ýazmaça, hem beýleki görnüşde berkidilen maglumatlary özünde saklap bilýär (mysal üçin, elektron maglumatlar, fotosuratlar, ses we wideoýazgylar);
5. resminamalary işe goşmak üçin olara serediş geçirmek ýa-da şol barada ýörite karar çykarmak talap edilmeýär (mysal üçin, ugradyş haty arkaly alnan resminamalar gelýän hat-habarlar hökmünde hasaba alnyp, işe goşulýar).

Jenaýat iş ýöredişinde ulanylýan ýazmaça subutnamalar käbir şertlerde maddy subutnamalar, käbir şertlerde bolsa beýleki resminamalar hökmünde çykyş edýär. Eger resminamanyň diňe mazmuny subut edijilik ähmiýetini berýän bolsa, onda ol beýleki resminama bolup durýar. Eger-de resminama jenaýat etmekde gural bolup hyzmat eden bolsa, öz üstünde jenaýatyň yzlaryny saklaýan bolsa ýa-da JIÝK-niň 130-njy maddasynda görkezilen beýleki alamatlara laýyk gelýän bolsa, onda şol resminama maddy subutnama hökmünde çykyş edýär. Mysal üçin, rewiziýanyň namasy haryt-maddy gymmatlyklaryň ýetmezçiliginiň bardygyny ýüze çykarýan bolsa, onda ol beýleki resminama bolup durýar. Eger-de rewiziýanyň namasynda iýilen haryt-maddy gymmatlyklaryň ýetmezçiligini ýaşyrmak üçin hakykata laýyk gelmeýän, galp maglumatlar görkezilen bolsa ýa-da şol maksady bilen onuň tekstine düzedişler girizilen bolsa, onda ol maddy subutnama bolup durýar.

Beýleki resminamalary şertleýin şu aşakdaky *görnüşlere* bölüp bolar:

1) sorag etmegiň, ýüzleşdirme geçirmegiň, günäni boýun alyp gelmegiň we ş.m. teswirnamalary, şeýle hem olara goşulýan materiallar (hatlar, çyzgylar, sorag etmegiň ses ýazgysy we ş.m.);
2) belli bir fakty tassyklaýan resminamalar ýa-da güman edilýäniň, aýyplanýanyň we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylarynyň şahsyýetini häsiýetlendirýän resminamalar (pasport, kazyýet edilendigi barada kepilnama, häsiýetnama, saglyk ýagdaýy barada kepilnama we ş.m.);

3) gulluk we dolandyryş barlaglaryň netijesinde düzülen resminamalar (rewiziýanyň namasy, haryt-maddy gymmatlyklaryny hasapdan aýyrmagyň namasy, gulluk barlagynyň netijesi, kärdeşler arkalaşygynyň tehniki inspektorynyň netijesi we ş.m.);
4) jenaýat baradaky arza ýa-da habar boýunça jenaýat işini gozgamak tapgyrynda ýygnalan barlag materiallary (wakany gören adamyň düşündirişi, polisiýa işgäriniň dykgatnamasy, wezipeli adamyň habary we ş.m.);
5) aýyplanýanyň ýaşaýan, işleýän ýa-da okaýan ýeriniň jemgyýetçiligi tarapyndan hödürlenen haýyşnamalar we ýüzlenmeler (ýoldaşlyk kazyýetiniň mejlisiniň teswirnamasy, aýyplanýany zamunlyga almak barada jemgyýetçilik guramasynyň haýyşnamasy, ýaşaýjylaryň toparlaýyn ýüzlenmesi we ş.m.);
6) edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň hasap ediş resminamalary, gulluk hat-habarlary we beýleki görkezme beriş-ýerine ýetiriş resminamalary (hasap-faktura, töleg tabşyryknamasy, ynanç haty, sorag haty, zähmet şertnamasy, buýruk, görkezme we ş.m.);
7) aýyplanýanyň we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylarynyň şahsy hat alyşmagy (hat, telegramma, ýazgy we ş.m.);
8) jenaýat işi üçin ähmiýeti bolan pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy namalary ýa-da şolardan edilen göçürmeler (Ýaragly güýçleriň düzgünnamasy, Ýol hereketiniň kadalary, Buhgalteriýa hasabatynyň ýöredilşi we hasabat berilşi hakynda düzgünnama we ş.m.);
9) jenaýat işi üçin ähmiýeti bolan foto-, kinosuratlar, ses-, wideoýazgylar, elektron we beýleki maglumatlary özünde saklaýan materiallar.

## Bap VI. Ätiýaçsyzlandyryş çäreleri.

### §1. Ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň düşünjesi, görnüşleri we olary ulanmagyň esaslary.

**Jenaýat iş ýöredişinde ätiýaçsyzlandyryş çäreleri diýilip jenaýat iş ýörediş kanunda ýörite göz öňünde tutulan serişdelerine düşünilýär, olaryň ulanylmagy aýyplanýana (güman edilýäne) belli bir derejede ruhy taýdan täsir edýär ýa-da anyklaýyşdan, deslapky derňewden we eminlikden gizlenmek, iş boýunça hakykatyň anyklanmagyna päsgel bermek, jenaýatçylykly hereketlerini dowam etmek, hökümiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek mümkinçiliklerden mahrum etmek maksady bilen onuň şahsy azatlygyny çäklendirýär.**

Jenaýatyň üstüni açylmagyny we jenaýat jogapkärçiligine çekilýän adama adalatly jeza berilmegini üpjün etmek bilen birlikde ätiýaçsyzlandyryş çäreleriň öz-özleri edilen jenaýat üçin jeza bolup durýan däldir.

JIÝK-niň 146-njy maddasynda- Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän azatlykda gezip ýörse, derňewden we kazyýetden gizlener ýa-da jenaýat işi boýunça hakykatyň anyklanmagyna päsgel berer ýa-da jenaýatçylykly işler bilen meşgullanar diýip çak etmäge ýeterlik esaslar bar bolan mahalynda jenaýatlaryň agyrlygyny we howplulygyny nazara alyp, şeýle hem hökümiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän JIÝK-de göz öňünde tutulan ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň birini ulanmaga haklydyr" – diýilip görkezilýär.

Şol ýa-da başga görnüşdäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan mahaly raýatlaryň şahsy azatlyklary çäklendirilýär, olar her bir aýratyn ýagdaýlarda esasly we

jikme-jik kanuny berjaý etmek bilen ulanylýar. JIÝK-niň 148-nji maddasynda talap edilişi ýaly, ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmagyň zerurlygy hakyndaky hem-de şol çäreleriň garaz birini seçip almak hakyndaky mesele çözülen mahalynda anyklaýyş geçirýän adam, sülçi, prokuror we eminlik JIÝK-niň 146-njy maddasynda görkezilen ýagdaýlardan başga-da, edilen jenaýatyň agyrlygyny, güman edilýäniň ýa-da aýyplanýanyň şahsyýetini, onuň ýaşyny, kärini, saglyk ýagdaýyny, maşgala ýagdaýyny we başga ýagdaýlary nazarda tutýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 16-njy maddasynda şeýle diýilýär: "Adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da onuň hukuklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur. Beýle ýagdaýa diňe Konstitusiýa we kanuna laýyk gelýän mahalynda ýol berilýär".

Kanun prokuroryň üstüne hiç bir raýat bikanun we esassyz öz hukuklaryndan çäklendirilmez ýaly berk gözegçilik etmelidir diýen wezipäni ýükleýär.

Ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almaklyk degişli edaranyň, wezipeli adamyň borjy däl-de, bu onuň hukugy bolup durýandygyny bellemek zerurdyr.

JIÝK-niň 147-nji maddasynda ***ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň şu görnüşleri*** bellenip geçilýär:

1) hiç ýere gitmezlik hakynda dil haty; (JIÝK-niň 150-nji maddasy)

2) şahsy zamunlyk; (JIÝK-niň 151-nji maddasy)

3)guramanyň zamunlygy; (JIÝK-niň 152-nji maddasy)

4)girew; (JIÝK-niň 153-nji maddasy)

5)tussag etmek; (JIÝK-niň 154-nji maddasy)

Kämillik ýaşyna ýetmedikler barada ätiýaçsyzlandyryş çäreleri hökmünde olary ata-eneleriniň, ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň ýa-da howandarlarynyň seretmegine bermek, çagalar edaralarynda terbiýelenýän kämillik ýaşyna ýetmedikler barada bolsa, şol edaralaryň ýolbaşçylygynyň gözegçiligine bermek hem ulanylyp biliner. (JIÝK-niň 155-nji maddasy)

Kanun harby gullukçylar barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde olaryň gulluk edýän harby bölümleriniň serkerdeleriniň olara gözegçilik etmegi ulanylyp bilner. (JIÝK-niň 156-njy maddasy)

38-nji çyzgy




Ätiýaçsyzlandyryş çäresi diňe aýyplanýanyň, ýagny sülçiniň karary bilen aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilen adamyň garşysyna ulanylýar.

Bu umumy düzgünden daşary çykýan ýekeje ýagdaý bar. Ýagny, JIÝK-niň 149-njy maddasyna laýyklykda aýratyn halatlarda ätiýaçsyzlandyryş çäresi jenaýat etmekde güman edilýän adam barada oňa aýyp bildirilmänkä hem ulanylyp biliner. Şunuň ýaly ýagdýada aýyp ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan pursadyndan başlap, eger güman edilýän tutulyp saklanan bolsa, soň hem tussag edilen bolsa, onda tutulyp saklanylan pursadyndan başlap on gije-gündizden gijä goýulman bildirilmelidir. Eger-de şol möhletde aýyp bildirilmese, onda ätiýaçsyzlandyryş çäresi haýal etmän ýatyrylýar.

Ätiýaçsyzlandyryş çärelerini seçip almagyň esaslary hem-de ätiýaçsyzlandyryş çäreler seçilip alynanda nazarda tutulýan ýagdaýlar şu aşakdaky çyzgyda hem görkezilen.

39-njy çyzgy



## §2.Aýratyn ätiýaçsyzlandyryş çärelerini ulanmagyň iş ýörediş tertibi we resmileşdirilişi.

### Hiç ýere gitmezlik hakynda dil haty.

JIÝK-niň 150-nji maddasyna laýyklykda hiç ýere gitmezlik hakyndaky dil haty güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň ýaşaýan ýerinden ýa-da wagtlaýyn bolýan ýerinden hiç ýere anyklaýjydan, sülçiden, prokurordan, kazyýetden birugsat gitmejekdigi, işiň derňelmegine we kazyýetde seljerilmegine päsgel bermejekdigi, jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy boýunça bellenen möhletde geljekdigi barada ondan ýazmaça borçnama almakdan ybaratdyr. Şu ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak üçin anyklaýjy, sülçi, prokuror karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

Güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň gitmegine gadagan edilen ýaşaýan ýeri ýa-da wagtlaýyn bolýan ýeri onuň mümkinçiliklerini we bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen şol ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip alan edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

Eger-de hiç ýere gitmezlik hakyndaky dil haty alynan aýyplanýanda şol ýerden gitmekde zerurlyk dörese (şahsy we gulluk ýagdaýlar boýunça), onda ol gitmek üçin rugsat sorap jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara haýyş bilen ýüz tutmaly we diňe şeýle rugsat alanyndan soň gidip bilýär.

Güman edilýänden, aýyplanýandan ýa-da kazyýetde işi seredilýänden hiç ýere gitmezlik hakynda dil haty

alynan mahalynda oňa ýaşamak üçin bellenilen ýerinden gitmezlik we çagyrylanda gelmek hakyndaky borjuny bozan ýagdaýynda, şeýle hem iş boýunça hakykaty ýüze çykarmakda päsgel berjek bolan ýagdaýynda onuň garşysyna has berk ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanyljakdygy barada düşündirilýär.

## Şahsy zamunlyk.

Şahsy zamunlyk ynamdar adamlaryň güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň özüni bolmaly tertibe laýyk alyp barjakdygyna we anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň çagyrmagy boýunça geljekdigine özleriniň zamun bolýandyklaryna ýazmaça borçnama almaklaryndan ybaratdyr.

Zamun bolýan adamlaryň sany ikiden az bolmaly däldir.

Zamun hökmünde aýyplanýanyň garyndaşlary, goňşylary, dostlary ýa-da oňa özüniň abraýy bilen ýeterlikli täsir edip bilýän tanyşlary çykyş edip bilýärler.

Şahsy zamunlyk hakynda dil haty alnan mahalynda, şu ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylmagyna sebäp bolan işiň düýp manysy we güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän derňewden we kazyýetden boýun gaçyran halatynda çekilmeli jogapkärçilik zamun bolýan adama mälim edilmelidir.

JIÝK-niň 205-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän derňewden we kazyýetden boýun gaçyran

halatynda zamun bolanlar dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilnerler.

Şu ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak üçin anyklaýjy, sülçi, prokuror karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar, zamun bolýanlardan bolsa borçnama alynýar.

Kanun çykaryjy ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde şahsy zamunlygy ulanmak bilen zamun bolan adamyň aýyplanýana ahlak taýdan täsir etmegini göz öňünde tutýar. Şonuň bilen ynama eýe bolan adamlaryň zamun bolup bilýändigi barada kanunda görkezilendigi düşündirilýär. Şahsy zamun bolan adamlar bilen aýyplanýan şahsy ýa-da gulluk gatnaşyklary boýunça bagly bolandygy sebäpli aýyplanýan öz hereketleri bilen zamun bolan adamlary erbet netijelere sezewar etmejekdigi çak edilýär.

## Guramanyň zamunlygy.

Guramanyň zamunlygy güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň özüni oňat alyp barjakdygyna we anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň çagyrmagy boýunça geljekdigine guramanyň zamun bolýandygy hakynda ýazmaça borçnama bermekden ybaratdyr.

Şol ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylmagyna sebäp bolan işiň düýp mazmuny zamun bolýan gurama mälim edilmelidir.

Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän derňewden we kazyýetden boýun gaçyran halatynda zamun bolan gurama şu Kodeksiň 205-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde we Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk

bozulmalary hakyndaky kodeksi esasynda dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilner.

Zamunlyk baradaky mesele guramasynyň ýa-da zähmetkeşler toparynyň agzalarynyň umumy ýygnagy, şeýle hem işi alyp barýan adamlar we edara tarapyndan çözülýär. Şol ýygnaga sülçi hem gatnaşyp, çykyş edip bilýär.

Guramasynyň zamun bolmagy üç sany resminama bilen resmileşdirilýär:

1. jemgyýetçilik guramasynyň zamunlygy baradaky çözgüdi beýan edýän zähmetkeşler toparynyň umumy ýygnagynyň teswirnamasy;
2. hut şol ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip almak barada anyklaýjynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň karary, kazyýetiň bolsa kesgitnamasy;
3. zamun bolýan guramanyň adyndan çykyş etmäge ygtyýary bolan jemgyýetçilik guramanyň wekili tarapyndan gol çekilýän borçnama alynýar.

Güman edilýäne, aýyplanýana, kazyýetde işi seredilýäne guramanyň zamunlygy görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň seçilip alynmagy yglan edilýär we zamunlygy öz üstüne alan gurama habar berilýär. Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän zamunlygy bozan ýagdaýynda onuň garşysyna has berk çäre ulanylyp biliner.

**Girew.**

Girew goýmak, munuň özi güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň jenaýat işi boýunça önümçiligi alyp barýan wezipeli adamyň

çagyrmagy boýunça gelmegini üpjün etmek üçin degişli derňew edarasynyň ýa-da kazyýetiň eldegrilmesiz hasabyna wagtlaýyn goýulýan pul ýa-da başga gymmatlyklary almak arkaly ulanylýan ätiýaçsyzlandyryş çäresidir. Girew goýmak ulanylan mahalynda onuň ulanylýan adamynyň şahsyýeti, edilen jenaýatyň agyrlygy we häsiýeti nazara alynýar.

Anyklaýjy, sülçi ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde girewi prokuroryň razylygy bilen saýlap alyp bilýär.

Girew güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň özi ýa-da başga adamlar, şeýle hem döwlet eýeçiligindäkilerden başga edara görnüşindäki taraplar tarapyndan goýulyp bilner. Girewiň kabul edilendigi hakynda teswirnama düzülýär we onuň göçürilen nusgasy girew goýuja gowşurylýar.

JIÝK-niň 153-nji maddasyna laýyklykda girewiň möçberi girew goýmak ulanylýan adamyň we edilen jenaýatyň ýagdaýlary nazara alnyp, ýöne iň pes zähmet hakynyň elli essesinden az bolmadyk mukdarda kesgitlenilýär.

Girew goýujy girew goýmak ulanylýan adamyň etmişiniň düýp manysyny bilmäge haklydyr. Jenaýat işi deslapky derňewiň dowamynda ýatyrlan halatynda sülçiniň ýa-da anyklaýyş edarasynyň karary bilen girew goýuja goýulan girew gaýtarylýar. Kazy ýa-da kazyýet hem aklaw hökümini ýa-da jenaýat işini ýatyrmak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykaranda goýulan girewi girew goýuja gaýdyp bermek baradaky meseläni çözýär. Girew goýmak ulanylan adam barada aýyplaw hökümi çykarylan halatynda goýulan girewiň ýigrimiden bir bölegi döwletiň haýryna geçirilýär,

galany girew goýuja gaýtarylyp berilýär. Girew goýmak ulanylan adam ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň bu görnüşiniň şertlerini bozan mahalynda, ol barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylýar we goýlan girew kazyýetiň kesgitnamasy bilen tutuşlygyna döwletiň haýryna geçirilip bilner.

## Tussag etmek.

Tussag etmek has berk ätiýaçsyzlandyryş çäresi bolup durýar. Tussag astyna alynan aýyplanýan (güman edilýän), kazyýetde işi seredilýän jemgyýetden aýry saklanýar we ol öz jenaýatçylykly hereketlerini dowam etdirmek, hakykaty ýüze çykarmakda päsgel bermek, derňewden we kazyýetden gizlenmek, hökümiň ýerine ýetirilmeginden boýun gaçyrmak mümkinçiliklerinden mahrum edýän kadaly ýagdaýda gorag astynda saklanýar.

Ätiýaçsyzlandyryş çärelerini ulanmak bilen amala aşyrylýan maksatlar has netijeli tussag astyna almak bilen üpjün edilýär. Emma bu ätiýaçsyzlandyryş çäresi raýatlaryň şahsy azatlygyny düýpleýin çäklendirmegi bilen baglanyşykly bolandygy sebäpli onuň ulanylmagyna diňe hakykatdan hem zerur bolan halatlarda ýol berilýär. Tussag astyna almagyň esassyz ulanylmagy – kanunçylygyň düýpleýin bozulmagy bolup durýandyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 16-njy maddasy raýatlaryň şahsyýetiniň eldegrilmesizligini üpjün edýär hem-de kazyýetiň kesgitnamasy ýa-da prokuroryň sanksiýai bolmasa hiç bir adam tussag edilip bilinmejekdiginiň wajyp iş ýörediş kepillendirmesi bolup durýar. Şonuň üçin sülçiniň tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçip

almak baradaky karary prokuror tarapyndan tassyklanmaga degişli bolup durýar we diňe onuň sanksiýa bermegi esasynda güýje girýär hem-de ýerine ýetirilýär, prokuroryň sanksiýai bolmasa karar güýçsiz diýilip hasaplanýandyr.

Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek kanun boýunça iki ýyldan köp bolan möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany bellemek göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça prokuroryň sanksiýa bermegi bilen ulanylýar. Aýratyn halatlarda bu ätiýaçsyzlandyryş çäresi kanun boýunça iki ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany bellemek göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça hem ulanylyp bilner.

JIÝK-niň 154-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi kämillik ýaşyna ýetmedikler barada diňe aýratyn halatlarda edilen jenaýatyň agyrlygy sebäpli, JIÝK-niň 146-njy we 148-nji maddalarynda görkezilen esaslar bar bolan mahalynda ulanylyp biliner.

Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek kämillik ýaşyna ýetmedikler barada ulanylmaly bolsa, diňe aýratyn halatlarda, edilen jenaýatyň agyrlygy sebäpli, JIÝK-niň 146-njy maddasynda görkezilen esaslar bar bolan mahalynda we 148-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar nazara alnyp ulanylyp bilner. Kanun tarapyndan käbir subýektleri tussag astyna almaklygyň aýratyn tertibi bellenilýär, olaryň her biri aşakda aýratynlykda görkezilendir:

1) “Kazyýet hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň 57-nji maddasynda görkezilişi ýaly,

Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmazdan kazy babatda jenaýat işi gozgalyp bilinmez we ol tussag edilip bilinmez. Kazyýetiň oturdaşy babatda bu kepillikleriň ol kazyýetde oturdaşyň borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda güýji bardyr;

2) “Mejlis hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 46-njy maddasynyň talaplaryna görä, Mejlisiň razylygy bolmazdan Mejlisiň deputaty tussag edilip bilinmez;
3) “Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji maddasynda kesgitlenilişi ýaly, Ministrler Kabinetiniň agzalary Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmasa, tussag astyna alynyp ýa-da başga ýagdaýda azatlykdan mahrum edilip bilinmez;
4) “Häkimler hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň 18-nji maddasyna laýyklykda häkim Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmasa, tussag edilip ýa-da başga bir ýol bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez;
5) “Geňeşler hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň 16-17-nji maddalarynda görkezilen tertibine görä, Geňeşiň agzasy tussag ediljek bolnanda Geňeş bilen deslapdan ylalaşylmalydyr.

Diňe kanun tarapyndan bellenilen birnäçe şertler bar bolan mahalynda tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmaga ýöl berilýär, ýagny:

-güman edilýäniň ýa-da aýyplanýanyň Türkmenistanyň çäklerinde belli bir ýaşaýan ýeri ýok

bolsa;

-eger onuň şahsyýeti anyklanmadyk bolsa;

-ozal özi barada saýlanylyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresini bozan mahalynda;

-eger jenaýat yzarlaýyş edaralaryndan ýa-da kazyýetden gizlenýän bolsa ýa-da gizlenmäge meýliniň bardygy hakynda anyk maglumatlar bar bolsa.

Bu ätiýaçsyzlandyryş çäresi ortaça agyr, agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmekde aýyplanýan adam barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek diňe edilen jenaýatyň agyrlygy we howplulygy esasynda ulanylyp bilner.

Tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak baradaky meselä garalanda güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň garşysyna bar bolan paş ediji subutnamalaryň agyrlygy, onuň meşgullanýan käri, ýaşy, saglyk ýagdaýy, maşgala ýagdaýy göz öňünde tutulmalydyr. Işiň ýagdaýlary boýunça beýleki maglumatlar hem ähmiýetli bolup biler.

Tussag astyna almak ätiýaçsyzlandyryş çäresi anyklaýjy, sülçi, prokuror tarapyndan karar we kazyýet tarapyndan kesgitnama çykarylyp resmileşdirilýär.

Tussag etmäge sanksiýa bermek hukugy Türkmenistanyň Baş prokuroryna, welaýat prokuroryna, welaýat hukukly şäher prokuroryna, etrap, şäher prokurorlaryna, harby, ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň prokurorlaryna we olaryň orunbasarlaryna degişlidir.Tussag etmäge sanksiýa bermek hakyndaky meseläni çözende prokuror tussag etmek üçin esas bar bolan ähli materiallar bilen kemsiz tanyşmaga we tussag

edilýäni görmäge, zerur halatlarda bolsa güman edilýänden ýa-da aýyplanýandan, ähli halatlarda bolsa kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýänden ýa-da aýyplanýandan hut özi sorag etmäge borçludyr.

JIÝK-niň 158-nji maddasyna laýyklykda jenaýat işleri boýunça jenaýatlar derňelýän mahalynda tussaglykda saklamak iki aýdan artyk dowam edip bilmez.

Ätiýaçsyzlandyryş çäresini üýtgetmäge ýa-da ýatyrmaga esaslar ýok bolsa görkezilen möhlet welaýat prokurory, welaýat hukukly şäher prokurory ýa-da olaryň orunbasarlary tarapyndan - tussag edilen gününden başlap alty aýa çenli uzaldylyp bilner. Jenaýat işiniň diňe iňňän çylşyrymly bolmagy sebäpli Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň orunbasarlary tarapyndan - tussag edilen gününden başlap bir ýyla çenli uzaldylyp bilner.

Tussaglykda saklamagyň möhletini bir ýyldan artyk müddete uzaltmaga iňňän aýratyn halatlarda, diňe agyr we aýratyn agyr jenaýaty etmekde aýyplanýan adamlar barada ýol berilýär. Şeýle uzaltmak Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan bir ýyl alty aýa çenli möhlete amala aşyrylyp bilner. Möhleti mundan artyk uzaltmaga ýol berilmeýär we tussaglykda saklanýan aýyplanýan haýal etmän boşadylmaga degişlidir.

Iş boýunça aýyplanýany tussaglykda saklamagyň möhleti geçen bolsa, kazyýetiň hem şol işi täzeden derňemek üçin gaýtaran mahalynda, işiň ýagdaýlary boýunça tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi üýtgedilip bilinmejek bolsa, tussaglykda saklamagyň möhletini uzaltmak derňew babatynda gözegçiligi amala aşyrýan prokuror tarapyndan işiň özüne gowşan

pursadyndan başlap bir aý çäklerinde amala aşyrylýar. Görkezilen möhleti mundan beýläk uzaltmak, işiň kazyýete iberilmeginden öň aýyplanýanyň tussaglykda bolan wagtyny nazara almak bilen, JIÝK-niň 158-nji maddasynda bellenilen tertipde hem çäklerde geçirilýär.

JIÝK-niň 365-nji maddasyna laýyklykda Kazyýet-kazyýet seljerişiň dowamynda kazyýetde işi seredilýän barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap almaga, üýtgetmäge we ýatyrmaga haklydyr.

Işiň kazyýete gelen gününden höküm çykarylýança kazyýetde işi seredilýän barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde ulanylan tussag etmegiň möhleti alty aýdan artyk bolup bilmez.Agyr jenaýatlar hakyndaky işler boýunça işiň kazyýete gelen gününden höküm çykarylýança 6-aý möhlet geçenden soň kazyýet özüniň kesgitnamasy bilen tussaglykda saklamagyň möhletini on iki aýa çenli uzaldyp bilýär.

Tussag etmegiň görkezilen iki möhletleri geçenden soň kazyýet, kazyýetde işi seredilýäniň tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresini hiç ýere gitmezlik hakyndaky dil haty bilen çalşyrmalydyr ýa-da ol kazyýetde işi seredilýäniň başlangyjy boýunça ätiýaçsyzlandyryş çäresini girew goýmak bilen çalşyrmalydyr.Emma bu çäklendirmeler aýratyn agyr jenaýatlar hakyndaky işlere degişli däldir.

Garşysyna tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan adamlary saklamagyň tertibi “Deslapdan tussag astyna almak hakyndaky” Düzgünnamasy boýunça kesgitlenýär.

40-njy çyzgy




Deslapdan tussag astyna saklamagyň ýeri derňew tusssaghanasy bolup durýar. Aýratyn ýagdaýlarda ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak tertipde tussag astyna alynan adamlar zyndanda, ýörite tussag edilenleri saklamak üçin enjamlaşdyrylan jaýlarda, şeýle hem harby gullukçylar üçin niýetlenen gabawhanalarda saklanylyp biliner.

Garşysyna tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan adamlar güman edilýän hökmünde saklananlaryň saklanylýan ýere 3 gije-gündizlik

möhlet bilen ýerleşdirilip bilinýär. Bu ýagdaýlarda olary saklamagyň tertibi “Jenaýat etmekde güman edilýän adamlary gysga wagtlaýyn saklamagyň tertibi hakyndaky” Düzgünnamasynyň esasynda kesgitlenýär.

Eger derňew tussaghanasynyň uzaklykda ýerleşýändigi ýa-da bolmaly tertipdäki ýolllaryň ýokdugy sebäpli tussag astyna alynan adamlary şol tussaghanalara äkitmek mümkin bolmasa, olar saklanan adamlar üçin ýörite enjamlaşdyrylan jaýlarda 30 gije-gündize çenli saklanylyp bilinýär.

Bu ýagdaýda, şeýle hem tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan adamlar zyndanda saklanan ýagdaýynda, olary saklamagyň tertibi “Deslapdan tussag astyna almak hakyndaky” Düzgünnamasynyň 4-nji maddasy esasynda kesgitlenýär.

Deslapdan tussag edilen ýerlerdäki tertibiň esasy talaby tussag astyna alynan adamlary üzňelikde saklamak, olara yzygider gözegçilik etmek we kanunda görkezilen tertipde aýratyn saklamak bolup durýar.

## Kämillik ýaşyna ýetmedik adamy seretmäge bermek.

JIÝK-niň 155-nji maddasyna laýyklykda bu ätiýaçsyzlandyryş çäresi kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäni, aýyplanýany ýa-da işi kazyýetde seredilýäni ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň ýa-da howandarlarynyň, çagalar edaralarynyň ýolbaşçylygynyň seretmegine bermek sülçiniň we kazyýetiň çagyrmagy

boýunça kämillik ýaşyna ýetmedigiň gelmegini hem-de onuň özüni oňat alyp barmagyny üpjün etmek hakynda şol görkezilen adamlaryň haýsydyr biriniň öz üstüne ýazmaça görnüşde borçnama almagyndan ybaratdyr. Kämillik ýaşyna ýetmedigi ata-enesiniň ýa-da başga adamlaryň seretmegine bermek olaryň diňe ýazmaça haýyşy esasynda mümkindir.Seretmäge kabul edilendigi hakynda dil haty alynýan wagtynda, borçnama alýan adam şu ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň saýlanylyp alynmagyna sebäp bolan işiň düýp manysyny bilmäge haklydyr. Borçnama alýan adam öz üstüne alan borçlaryny bozan mahalynda, dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilner, bu hakda seretmäge kabul edilendigi hakynda dil haty alynýan wagtynda oňa duýdurylýar.

## Harby bölümiň serkerdeleriniň gözegçiligi.

JIÝK-niň 156-njy maddasyna laýyklykda harby gullukçy bolup durýan güman edilýäni, aýyplanýany ýa-da kazyýetde işi seredilýäni harby bölümiň serkerdeleriniň gözegçiligine bermek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň özüni oňat alyp barmagyny we anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazyýetiň çagyrmagy boýunça gelmegini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň tertipnamalarynda göz öňünde tutulan çäreleri görmekden ybaratdyr.

Garşysyna ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan harby gullukçy gulluk edýän bölüminden boşadylmaýar, ol

golaýdaky serkerdeleriň we nobatçy birlikleriniň gözegçiligi astynda bolýar.

Şu ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylmagyna sebäp bolan işiň düýp manysy harby bölümiň serkerdelerine habar berilýär. Harby bölümiň serkerdesi gözegçiligiň bellenendigi hakynda şol ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap alan anyklaýjyny, sülçini, prokurory ýa-da kazyýeti ýazmaça görnüşde gaýragoýmazdan habarly edýär.

## §3.Ätiýaçsyzlandyryş çärelerini üýtgetmek we ýatyrmak.

JIÝK-niň 162-nji maddasyna laýyklykda anyklaýjynyň, sülçiniň öň aýyplanýanyň garşysyna ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmaga ýa-da her bir jenaýat işi boýunça belli bir ýagdaýlara görä üýtgetmäge hukuklary bardyr, başgaça aýdylanda, ätiýaçsyzlandyryş çäresi onuň şondan beýläk zerurlygy bolmadyk halatlarynda ýatyrylýar ýa-da işiň ýagdaýlary talap eden mahalynda, ol has berk ýa-da has ýeňil çäre bilen çalşyrylýar.

Ätiýaçsyzlandyryş çäresi seçilip alynanda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň üýtgemegi ony ýatyrmak ýa-da üýtgetmek üçin uly ähmiýetli bolup durýar: aýybyň üýtgemegi; aýyplanýanyň öz eden etmişine garaýşynyň üýtgemegi; onuň saglyk ýagdaýynyň, maşgala ýagdaýynyň üýtgemegi we ş. m.

Tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi aýybyň üýtgemegi bilen başga bir ýeňilleşdiriş tarapa üýtgedilip biliner. Eger-de täze aýyplama boýunça jenaýat

üçin azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany belläp bolmaýan bolsa, onda aýyplanýan hökmany tertipde boşadylmaga degişlidir. Eger-de garşysyna hiç ýere gitmezlik hakyndaky dil haty ýa-da başga bir azatlykdan mahrum etmek bilen baglanşykly bolmadyk ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan aýyplanýan çagyryş boýunça gelmese, şaýatlara ýa-da jebir çekene täsir etmeklige synanyşsa ýa-da özüniň jenaýatçylykly hereketini dowam etdirse, onuň garşysyna tussag astyna almak görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylyp biliner.

JIÝK-niň 162-nji maddasyna laýyklykda prokuroryň ýazmaça görkezmesi boýunça saýlanyp alnan ýa-da onuň sanksiýa beren ätiýaçsyzlandyryş çäresini anyklaýjynyň, sülçiniň ýatyrmagyna ýa-da üýtgetmegine diňe prokuroryň razylygy bilen ýol berilýär.

JIÝK-niň 363-nji maddasynda görkezilen tertipde kazyýetiň jenaýat işini gozgan ýa-da işi goşmaça derňew geçirmeklige iberen mahalynda seçip alan ätiýaçsyzlandyryş çäresi gelejekde işiň derňelişine baglylykda prokuror tarapyndan, şeýle hem ätiýaçsyzlandyryş çäresi baradaky sorag boýunça kazýetiň çözgüdi bilen bagly bolmadyk anyklaýyş we deslapky derňew edaralary tarapyndan ýatyrylyp ýa-da üýtgedilip biliner.

Kazyýet tarapyndan aklaýyş hökümiň çykarylmagy bilen öň aýyplanýanyň garşysyna seçilip alynan ätiýaçsyzlandyryş çäresi kazyýet mejlisinde ýatyrylýar we bu barada aklaýyş höküminiň mazmunynda görkezilýär (JIÝK-niň 426-njy maddasynyň 3-nji bölegi).

Aýyplanýan barada ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäresi, Ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmak ýa-da üýtgetmek anyklaýjynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň delillendirilen karary bilen, iş kazyýete berlenden soňra bolsa – kazynyň ýa-da kazyýetiň delillendirilen karary ýa-da kesgitnamasy bilen geçirilýär.

Şol kararda (kesgitnamada) ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmaklyga ýa-da üýtgetmeklige sebäp bolan anyk ýagdaýlar görkezilmelidir.

Ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmak ýa-da üýtgetmek baradaky soragyň çözgüdi aýratyn iş ýörediş resminama görnüşinde beýan edilip biliner ýa-da jenaýat işi ýatyrmak baradaky karara (kesgitnama, işi goşmaça derňewe ibermek baradaky kesgitnama ýa-da hököme) goşulyp biliner.

Anyklaýyş we derňew edarasy tarapyndan ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň dogry we esasly seçilip alynmagyna umumy gözegçilik etmek prokuroryň üstüne ýüklenýär.

JIÝK-niň 163-nji maddasy hem şu soraga degişlidir-prokuror anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmagynyň kanunylygyna hem-de esaslandyrylandygyna gözegçiligi amala aşyrýar. Prokuror güman edilýän ýa-da aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap almagy, saýlanyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmagy ýa-da üýtgetmegi şol edaralara ýazmaça teklip etmäge haklydyr. Anyklaýyş we deslapky derňew edaralary üçin prokuroryň ýazmaça görkezmeleri hökmanydyr.

# EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat. 26.09.2008 ýyl.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr” Aşgabat 2007ý.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy, 1-nji tom; Aşgabat 2007ý.
4. Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmasy.
5. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007 ý.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat 2007ý.
7. Täze galkynyş eýýamy. Aşgabat 2007ý.
8. Политика Президента Туркменистана Г. Бердимухамедова по новому возрождению страны.
9. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat. 2010 ýyl.
10. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat. 2009 ýyl.
11. Türkmenistanyň Düzediş-zähmet kodeksi. Aşgabat. 30.06.1971 ý. 2008-nji ýyla çenli üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
12. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat. 19.12.2000 ý. 2008-nji ýyla çenli üýtgeşme-goşmaçalar bilen.

13. Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakynda kodeks. Aşgabat. 17.12.1984 ý. 2008-nji ýyla çenli üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
14. “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 15.08.2009 ý. 01.01.2010 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
15. “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 15.08.2009 ý.
16. “Operatiw-agtaryş işleri hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 23.09.1994 ý. 14.06.2003 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
17. „Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 07.07.2001 ý. 30.12.2002 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
18. „Türkmenistanyň Polisiýasy hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 07.07.2001 ý. 14.06.2003 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
19. „Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 25.03.2002ý.
20. „Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 09.10.2004 ý.
21. Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanuny. 2010 ý.
22. “Hukuk kömegini bermek işine döwlet tarapyndan ygtyýarlandyrmak hakyndaky” Düzgünnama.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.09.2003 ýyldaky Karary bilen tassyklanan.
23. „Türkmenistanyň Neşe serişdelerine garşy göreş gullugy“ hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 18.01.2008 ýyldaky Karary bilen tassyklanan.
24. “Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy hakynda” Türkmenistanyň kanuny Aşgabat. 23.10.2008 ý.
25. К.Ф.Гуценко. Уголовный процесс. Москва 1990 г. Семенов В.М.
26. Правоохранительные органы в СССР. Москва 1990 г.
27. Е.Е. Глазунова. Правовые системы мира. Харьков. 1998г.
28. Большой Энциклопедический толковый словарь. Москва. 2000г.
29. Комментарий к Уголовно-процессуальному кодексу РФ. Москва. 2007г.
30. Большая электронная энциклопедия «Кирилла и Мефодия» Москва. 2007г.
31. Большая электронная юридическая библиотека. Москва. 2007 г.
32. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna Ylmy düşündirişler. Aşagabat 2009 ý.
33. B.T. Taganow, E.M. Kiçikakaýew, H.Ỳ. Ỳazgeldiýew. “Jenaýat iş ýöredişi” . Türkmenistanyň Polisiýa akademiýasy. Aşgabat. 2002 ý.

## M A Z M U N Y


Giriş 9

Bap I. Jenaýat iş ýöredişiň düşünjesi, düýp esasy we wezipeleri.

§1. Jenaýat iş ýöredişiň düýp mazmuny, düşünjesi, wezipeleri we tapgyrlary 11

§2. Jenaýat iş ýörediş hukugynyň düşünjesi we onuň çeşmeleri 19

§3. Jenaýat iş ýörediş – ylym we okuw dersi hökmünde 26

§4. Esasy jenaýat iş ýörediş düşünjeler 31

Bap II. Jenaýat iş ýöredişiň ýörelgeleri

§1. Jenaýat iş ýöredişiniň ýörelegeleri barada düşünje we onuň ulgamy 38

§2. Jenaýat iş ýöredişiniň konstitusion ýörelgeleri 41

§3. Jenaýat iş ýöredişiň ýörite ýörelgeleri 81

Bap III. Jenaýat iş ýöredişiň gatnaşyjylary

§1. Jenaýat iş ýöredişiň gatnaşyjylary barada düşünje we olaryň toparlara bölünişi 92

§2.Jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edaralar we wezipeli adamlar 97

§3.Jenaýat iş ýöredişinde öz hukuklaryny we bähbitlerini goraýan şahslar, olaryň adwokatlary we wekilleri 135

§4.Jenaýat iş ýöredişiň amala aşyrylmagyna ýardam berýän beýleki gatnaşyjylar 167

Bap IV. Jenaýat iş ýöredişinde subutnamalar
§1. Jenaýat iş ýöredişinde subut etmeklik (düşünjesi, maksady, predmeti we çäkleri)_______ 183
§2.Subutnamalaryň düşünjesi we olaryň toparlara bölünişi_______________________________________194
§3. Subut etmekligiň iş ýöretmesi________________206

Bap V. Jenaýat iş ýöredişinde subutnamalaryň çeşmeleri
§1. Subutnamalaryň çeşmeleriniň düşünjesi we olaryň görnüşleri____________________________________214
§2. Şaýadyň we jebir çekeniň görkezmeleri______216
§3. Güman edilýäniň we aýyplanýanyň görkezmeleri_221
§4.Bilermeniň netijenamasy______________________226
§5.Maddy subutnamalar________________________234
§6.Derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalary_241

Bap VI. Ätiýaçsyzlandyryş çäreleri.
§1. Ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň düşünjesi, görnüşleri we olary ulanmagyň esaslary______________________ 247
§2.Aýratyn ätiýaçsyzlandyryş çärelerini ulanmagyň iş ýörediş tertibi we resmileşdirilişi______________ 251
§3.Ätiýaçsyzlandyryş çärelerini üýtgetmek we ýatyrmak_________________________________ 265

Edebiýat ________________________________ 268